TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MEKIR HATYN
# (Aýal mekirlikleri)

**Çapa taýýarlan:**
**G. Guzuçyýewa.**

AŞGABAT «MIRAS» 2007

# GARAWULBAŞYNYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Habarlary rowaýat edijiler, eserleri beýan edijiler we döwür gürrüňlerini habar berijiler şeýle rowaýat edipdirler:

Irki döwürlerde Müsür şäherinde[1] bir garawulbaşy[2] bardy. Ol ençeme wagtlap garawulbaşy bolup, aýallaryň mekirligi hakynda köp zat öwrenipdi. Günlerde bir gün ol Müsür şäherine aýlanyp ýörkä, yssydan ýorulyp, dynç almak üçin bir kölegeli ýer gözlemäge başlady. Birdenkä, onuň gözi bir kölegeli ýerde, daşdan sypa[3] ýasalyp goýlandygyny gördi. Ol şol wagt daşdan ýasalan bu sypanyň ýanyna baryp, ony oturmaga oňaýly gördi we şol daş sypanyň üstüne çykyp, biraz dynç aldy. Garawulbaşy bu ýerde otyrka, gaflat ukusyna gark bolup, uka galyp boldy. Ol süýji ukuda ýatyrdy. Şol wagt onuň üstüne bir zat gütläp düşdi. Garawulbaşy şolbada ukudan oýanyp, bakyp görse, bir agzy bagly haltajyk ýatyr. Ol haltajygy açyp gördi. Görse, içinde birnäçe altyn pullar bar eken. Garawulbaşy şolbada ony sanap gördi, görse, ýüz altyn pul ekeni. Garawulbaşy muňa haýran galyp: «Geň zat, bu pullary meniň üstüme kim zyňdyka?» diýip, ol tarapyna, bu tarapyna göz gezdirdi. Emma hiç kimi görmedi. Ol geň galyp, ýerinden turup, haltajykdaky pullary eline alyp, ýoluna tarap gitdi.

Garawulbaşy gije ýatyp, ertesi ir bilen ýene-de şäheri aýlanmaga başlady. Ol aýlaň-çaýlaň edip, köp gezdi. Yssy ony halys basmarlady. Onsoň ýene-de daş sypanyň üstüne geçip oturdy. Örän ýadawdy, şolbada ýene-de ol uka gitdi. Ukuda ýatyrka, ýene-de üstüne bir zat gütläp düşdi. Ol şolbada oýandy, görse, ýene-de bir haltajyk ýatyr. Içini açyp sanap görse ýüz altyn pul bar. Garawulbaşy ýene-de daş-töweregine nazar aýlady, emma hiç kimse gözüne ilmedi. Haýran galyp, ýerinden galkyp turup, öýüne gitdi. Öýüne gelip pikir edip: «Geň zat, bu altyn pullary meniň üstüme atan adam kim bolup biler?! Onuň niýeti we maksady nämekä?! Gowusy men

[1] Bu ýerde Müsüriň bir şäherinde, Müsür ülkesinde diýen manyda gelýär.

[2] Asyl nusgada, asgasbaşy – bu söz garawullaryň başy, ýagny tertip-düzgüne gözegçilik edýän esgerleriň başy diýen manyda gelýär.

indiki baranymda uklaman, daş-töweregime gözegçilik edeýin. Eger, ýene-de meniň üstüme altyn pullary atsa, men onuň kimdigini görüp, niýetiniň nämediginden habar alaýyn» diýip, agşam ýatyp, daňdan ýerinden turup, daşary çykdy hem-de Müsür şäherine aýlanmaga başlady.

Wagt guşluk bolanda ýene-de yssydan basylyp, şol öňki daş sypanyň üstüne çykyp oturdy. Emma: «Gurt garnyny doýran ýerine dokuz gezek dolanar» diýen nakyl örän meşhurdy. Ony bu gezek hem birazrak dynç alandan soň, ýene-de gaflat ukusy basmarlady. Emma ol uky alyp gaçsa-da uklaman, uklanlyga salyp, ymyzganan şekilinde ýatyp, göz astyndan synlamaga başlady. Birdenkä, görse, bir ýerden bir näzik el peýda boldy. Elinde ýene-de bir haltajyk bardy. Ol ony getirip, garawulbaşynyň üstüne atyp, elini çekjek bolanda, garawulbaşy ol eliň bileginden tutup, gaýym gysdy. Emma eli göýä pamyga degen ýaly boldy. Seretse, ol näzeniniň barmagynda almaz ýüzükler, golunda bolsa göwher bilezikler bar. Garawulbaşy şondan soň ol aýalyň ýüzüne nazar aýlady. Görse, ol bu zamananyň şeýle bir ajap gözelidir, döwür perizadydyr, mahbubasydyr. Göýäki Haktagala ony gözellik galybyna guýup ýaradan ýalydy. Ol şeýle owadan jemiledi. Ony gören kişi şolbada özüniň başyny pida etmek resmine girerdi. Onuň gaşlary ýaýa ogşardy, alny on dördi gijäniň dolan aýyna meňzärdi. Ol şeýle bir owadan we näzikdi, duranja bir perizadyň bardy. Ol şeýle görk-görmegi bilen özüne zyp-zynat berip, gözelliklere we nepis parçalara gark bolupdy. Bu näzenini beýle sypatda gören, eger jyn hem bolsa, eger, ynsan hem bolsa, demi tutulyp, haýran galjagy ikuçsyzdy.

Garawulbaşy bu näzenin zenany beýle şekilde gören badyna, bolanja ähli akylyny hem ýitirip, perişan boldy. Neneňsi perişan bolmasyn, çünki ol birnäçe wagtdan bäri Müsür şäherinde garawulbaşy bolup, birnäçe näzeninler we gözeller bilen sözleşip, söhbetdeş bolup görüpdi. Emma gözellikde we görmegeýlikde munuň ýaly owadan näzenini entek görmändi. Garawulbaşy akylyny başyna jemläp, ol perisypat näzenine garap:

— Eý, janymyň janany! Haýsy bagyň güli sen, haýsy bossanyň sünbüli sen, haýsy bakjanyň bilbili sen, ne hally-ýagdaýly kişi sen, özüň nireden bolarsyň?! Aramyzda hiç-hili tanyşlygymyz bolmasa-da, seniň birnäçe gezek maňa yhsanyň

ýetdi. Men seni hiç hili tanamok hem bilemok. Sen bolsa maňa birnäçe ýüz altyn pullary peşgeş berdiň. Bu altyn pullary maňa peşgeş bermekden siziň arzuwyňyz we niýetiňiz nämedip?! Aýdyň eşideli, belki mümkingadar elimizden geldigiçe tagalla etsek kömegimiz deger — diýdi.

Şol wagt ol näzenin hatyn yzyna garap:

— Men bir biçäre naçar hatyndyryn. Tötänden bir gün bir hammamda kazy ependiniň gyzyny görüp, onuň yşkyna mübtela boldum. Ol gyzyň yşkynyň haly perişany bolup müň jan-u dil bilen köňlümi onuň duzagyna düşürdim. Onuň muhabbeti köňlümde ýer eýledi. Ol gyzyň hem maňa bolan meýli-muhabbeti hetden zyýada boldy. Men ol gyzy söýüp, aramyzda äht we peýmanlar etdik. Köp wagtlardan bäri men ol näzenini gören däldirin. Kazynyň öýüne bolsa hiç bir sebäpsiz barmak we girmek mümkin däldir. Ol gyzyň yşgy we muhabbeti meni däli-diwana etdi. Bir bahana tapyp, men onuň öýüne girip, ol näzenini görüp, onuň bilen biraz söhbet etsem, köňlüm rahatlanyp, yşkym bir mukdar köşeşerdi — diýdi.

Garawulbaşy ol näzeniniň bu sözlerini eşidende:

— Eý janymyň janany! Bu işden myradyň we maksadyň nämedip? Seniň onuň bilen duşuşmagyň üçin men näme çäre görmeli? Men näme iş edenimde seniň köňlüň dilegi ýerine düşer — diýip sorady.

Ol näzenin:

— Senden dilegim, bu işimde maňa ýardamçy bolgun. Meni kazynyň öýüne girmäge we onuň bilen duşuşmaga şert döretgin — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Men bende kim, seni kazynyň öýüne eltmek kim — diýip, jogap berdi.

Onda ol näzenin ýene-de:

— Seniň meni ol ýere eltip bilmejekdigiňi men hem bilýärin. Ýöne, sen bir hile bilen meni ol ýere eltip bilmersiňmi? — diýip sorady.

Onda garawulbaşy:

— Sen nähili hile tapasyň gelse tapgyn, seni ol ýere eltmäge we saňa ýardamçy bolmaga men taýýar — diýdi?

Şol wagt ol näzenin ýene-de:

— Men bu gije altyndan monjuklarymy dakynyp, gymmatbaha lybaslarymy geýinip, özümi bezäp-besläp, baryp kazynyň öýüniň öňünde oturaýyn. Şol wagtlar sen hem goşunbaşy bilen şol ýere gel we meni gören badyňa: «Sen kimsiň, nähili we neneňsi kişisiň? Näme üçin bu ýerde ýekelikde otyrsyň?» diýip, menden soragyn. Men şonda: «Bu gün men bir işim çykyp galadan şähere geldim. Bu ýerde işimi tamam edip bolýançam eýýäm garaňky düşüpdir. Men gijä galdym. Gala barýançam eýýäm galanyň garawullary onuň gapysyny ýapyp berkläpdirler. Onsoň men bialaç yzyma dönüp, şähere gelmeli boldum. Bu ýerde öýüne barar ýaly we gije öýünde ýatar ýaly tanyşdyr, garyndaşym ýokdur. Şonuň üçin men ondan-mundan soraşdyrdym». Olar: «Bu mähelle kazy ependiniň mähellesidir. Ol ynamdar adamdyr, goragçydyr, emindir» diýdiler. Şonuň üçin hem men şu ýere gelip saklandym. Daňdan turup, öýüme giderin. Ine, şu wagt hem meniň gelip duruşym. Ynha-da siz geldiňiz. Ýagdaýym şeýledip diýerin. Siz hem meniň üstümdäki lybaslary göreniňizden soň goşunbaşa garap: «Bu hatyn kişini bu görk-görmegi we bular ýaly göwherden monjuklary bilen beýle ýerde, köçede goýup gitmek bolmaz. Çünki ähtimal bir ogry haramzada gelip, bu biçäräni soýar, belki-de ähtimal şunça baýlygy üçin ony heläk eder. Soňra soltan tarapyndan başymyz agyrdylyp, ejir çekeris. Şonuň üçin bu hatynyň ýanyna bir kişini bekçi goýalyň. Daňdana çenli bu ýerde oňa gözegçilik etsin. Ýa-da özüňiz bir zady ygtyýar ediň. Belki, muny bir ynamdar kişiniň öýünde goýarys, çünki daňdana sag-salamat ýetsin. Ýöne bu mähelle kazynyň mähellesidir. Bu hatyn bolar-bolmaz öýe gonmaz. Kazy ependiniň öýi her tarapdan goraglydyr. Onuň öýünden elin ýer ýokdur. Bu biçäräni kazy ependiniň öýünde amanat goýgun» diýip, goşunbaşa aýdarsyň. Şonda kazy ependiniň gyzy bilen duşuşyp, myradym hasyl bolar. Meniň bu işi etmekden maksadym şudur —diýdi.

Garawulbaşy ol näzeninden bu sözleri eşidip:

— Eý, janym, bu iş sähelçejik işdir. Sen şonuň üçinem maňa munça altyn pullary berýärmiň — diýip sorady.

Hatyn:

— Hawa — diýip, jogap berdi.

Soňra bularyň ikisi şu söz esasynda dil düwüşip, öýli-öýüne gaýtdylar. Agşam düşende tagam, nahar-şor iýip, ýassy namazy wagty geçenden soň, goşunbaşy bilen garawulbaşy ikisi bilelikde çykyp, Müsür şäherini aýlanmaga başladylar. Ahyrynda olar kazynyň mähellesine gelip, ýaňky näzeniniň duran ýerine golaý geldiler. Şol wagt bularyň burnuna müşk anbaryň mylaýym we hoşboý ysy urdy. Olar:

— Ajab-a, bu ýakymly we gözel ys nireden gelýär — diýip, töwerek-daşyna nazar aýlap başladylar.

Şol wagt garşydan hyýal ýaly bir zat gözlerine ildi. Goşunbaşy ony görüp:

— Seret, garşymyzda görünýän şol gara zat nämekä? — diýip sorady.

Garawulbaşy öňräge gidip, seretse, ol bir gözel näzenindir, özem ajaýyp, hünjüler we owadan nepis lybaslara gark bolup bezelip bir çüňkde säginip dur. Garawulbaşy nätanyş bolan bolup, ol näzeniniň, ýanyna tarap baryp:

— Eý hatyn! Sen hatyn kişisiň. Sen beýle görk-görmegiň we beýle dürdir göwherler we owadan lybaslaryň bilen gijelikde bu ýerde näme üçin dursuň — diýip sorady.

Onda ol näzenin hem gündiz garawulbaşa aýdan zatlary ýaly görnüşde öz ahwalatyny aýdyp berdi. Garawulbaşy yzyna garap goşunbaşa:

— Eý, berader, bu gözel naçar altyndyr göwherlere we gymmat bahaly lybaslara gark bolup bezenipdir. Öýi bolsa galadamyşyn. Bu gün ol bir iş bilen şähere gelipdir. Işini bitirjek bolup hem gijä galypdyr. Ol barýança bolsa eýýäm galanyň derwezeleri beklenipdir — diýdi.

Goşunbaşy garjal (çal) sakgally, garawulbaşy bolsa, gara sakgally kişidi. Garawulbaşy goşunbaşa garap ýene-de:

— Eý, eziz doganym! Şeýdip bu zenan kişi daşarda galypdyr. Onuň bu gije öýüne barar ýaly giň şäherde gören-bilen dosty, ýa-da tanşy-bilşi hem ýokmuş. Şonuň üçin ol: «Bu mähelle kazynyň mähellesidir eminiň mähellesi bolsa ynamdar ýerdir» diýip, gelip, bu ýerde durmyşyn. Onuň ýanyna bir kişini garawul goýaly. Goý, ol daňa çenli bu zenany saklasyn. Bolmasa, ähtimal, bir haramzada gelip, bu naçara kast edip, onuň baýlygyny alar, ýa-da hut baýlygy üçin ony öldürip gider. Soňra Müsüriň

soltany muny bilip, belki bize gazap edip azap berer. Onsoň iki arada biz azap göreris. Bolmasa-da, muny bir elin we ynamdar bir öýe amanat goýaly. Goý, ol bu gije şonda ýatsyn. Daňdan bolsa turup, öýüne gider — diýdi.

Goşunbaşy bu sözleri eşidip, biraz diňşirgenip durdy-da, garawulbaşa garap:

— Eý, garawulbaşy! Özüň soradyň, özüň maslahat berdiň. Belki-de, seniň özüň bu näzenini öýüňe äkidersiň. Goý, ol bu gije bir gijelik seniň öýüňde amanat dursun. Daňdan turup öýüne gider — diýdi.

Muny eşiden garawulbaşynyň huşy başyndan uçdy. Şol wagt goşunbaşa garap:

— Alla görkezmäwersin! Meniň öýümde munuň kibi amanat kişini saklap bolmaz. Gowusy, bu aýalyň amanat goýuljak ýeri kazynyň öýi bolsun. Çünki, kazy hemme taraplaýyn emindir. Oňa hiç bir tarapdan zyýan we erbetlik etmez. Şeýle-de ol kazynyň öýüniň öňünde otyr eken. Şonuň üçin, goý, ol kazynyň öýünde amanat goýulsyn. Çünki, meniň öýümde bolsa onuň üstündäki gymmatbahaly lybaslaryna we göwherlerine bir zat bolsa, biz töhmet ýeri bolarys — diýdi.

Onsoň, goşunbaşy hem garawulbaşynyň jogabyny ýerlikli we mynasyp hasaplap, kazy ependiniň gapysyny kakdylar. Şol demde kazynyň hyzmatkäri gelip, gapyny açdy. Bular ýaňky hatyny hyzmatkäre amanat tabşyryp yzlaryna gaýtdylar. Hyzmatkär hem ol aýaly içeri salyp, gapyny ýapdy. Şondan soňam goşunbaşy bilen garawulbaşy ýene-de biraz şäheri aýlanyp, ahyrynda öýlerine gidip ýatdylar.

Ol gije edil duşman ömri kibi geçip, daň atdy. Güneş öz nury bilen bütin älem-jahany nurlandyrdy. Garawulbaşy ir säher bilen ýerinden turup, goşunbaşynyň öýüne geldi. Şol wagt, görse, kazy ependi hem goşunbaşynyň öýüne gelipdir. Ol perýat-pygan edip:

— Agşam bir haramzada hatyny meniň öýüme amanat goýup gidipsiňiz. Öýümde bir sandyk bardy. Onuň içinde bolsa ýetimleriň malyndan alty müň fulury[4] ýygşyryp goýupdym. Ol hatyn bu gije meniň ýygşyryp goýan sandygymy açyp, onuň içindäki bar pullary alyp gaçyp gidipdir. Elbetde, siziň ol zatlary tapyp bermegiňiz zerurdyr. Eger siz meniň şol zatlarymy tapyp bermeseňiz, onda men soltanyň ýanyna baryp siziň üstüňizden arz-şikaýat etmeli bolaryn — diýdi.

[4] Fulury – pul birligi, dinar.

Goşunbaşy kazy ependä hiç zat diýmedi. Kazy garawulbaşynyň ýüzüne garap:

— Elbetde, ol aýalyň ogurlan puly ýagny ýetimleriň maly yzyna gaýtarylyp berilmelidir — diýdi.

Şol wagt garawulbaşynyň dem-nepesi tutulyp, asyl söz sözlemäge hem gurbaty çatman, gam-gussa derýasyna gark bolup, näme etjegini bilmän durdy. Kazy bolsa, ýene-de sözüni tekrar edip, garawulbaşa ýüzlendi. Ol:

— Eý garawulbaşy! Bu iş özge kişiniň işi däldir, megerem seniň işiňdir? Tiz bol, derrew sen ol aýaly tap. Ýogsam, işiň kyn bolar — diýdi.

Garawulbaşy kazynyň sözüne garşylyk görkezmäge hiç hili delil tapmady. Ol biraz saklanyp ahyrynda:

— Eý, kazy ependi! Garaşylmadyk ýagdaýda munuň ýaly erbet iş ýüze çykdy. Elbetde, munuň ýaly işler bola-bola gelýändir. Sen maňa birküç gün möhlet ber. Eger, ol ogry tapylaýsa has gowy bolar, eger tapylmasa, hem onda bize öwezini dolmak lazym bolar. Men ýene-de gaýtalap aýdýaryn, sen bize üç gün möhlet berseň biz ýa-ha ogryny taparys, ýa-da tapyp bilmesek onda ýazgytdyr, öwezini tölemeli bolarys — diýdi.

Kazy hem garawulbaşa üç gün möhlet berdi. Garawulbaşy bolsa goşunbaşynyň ýanyndan çykyp oý-pikire batyp, öýüne geldi. Öýünde hem oturyp karar tapmady. Ol ýene-de Müsür şäheriniň içine aýlanyp başlady Ol şäheri elek elän ýaly edip köçeme-köçe, mähelle-mähelle, bazarma-bazar, öýme-öý, gapyma-gapy aýlanyp, ol aýaly gözlemäge başlady. Gussadan we gaýgy-gamdan ýaňa Müsür şäheri başyna zyndan görnüp, dünýäni özüne zyndan hasaplady. Tutuş iki günläp, ol mekir hatyny gözläp entedi. Emma ondan nam-nyşan tapmady. Asla onuň neneňsi aýaldygyndan hem habar tapyp bilmedi. Ol bu wagt ony görse-de tanap biljek däldi.

Üçünji gün hem gelip ýetdi. Garawulbaşy ýene-de şäheri aýlanyp ýörkä öz-özüne käýinip we gargynyp: «Menden akmak we nadan adam ýokdur. Men ony tapyp bilmerin, eger tapyp biläýen ýagdaýymda hem ony tanap bilmerin. Çünki, men onuň ýüzüni ýagşy syn etmändirin. Şonuň üçin men tanamaýan bir kişimi gözleýärin. Meniň işim neneňsi agyr ýagdaýa düşdi. Ony her kimden sorasam hem hiç kim bilenok. Men beýle nadan bolup, bir aýalyň mekir hilelerine aldanyp başymy beýle

gora sokdum» diýip, sabyr-takatyny elden berip, köçäniň ugry bilen bir tarapa ugrady. Emma nirä barýanyny özi hem bilmeýärdi. Öýle wagty ýakynlaşanda garawulbaşy bu pikirlere gark bolup, gam-gussa batyp, bir köçäniň gyrasyndan girip, ýüwrüp-ýortup barýardy. Birdenkä, onuň ýoly üç günden bäri gözläp ýören haramzadasynyň öýüniň üstünden düşdi. Ol hatyn hem penjiräniň öňünde oturyp, köçä tarap bakyp oturan ekeni. Tötänden bu hatyn penjireden ol garawulbaşyny gördi. Görse, ol gam-gussaly halda pikir derýasyna gark bolup, töwerek-daşyna garaman çaltlyk bilen geçip barýardy. Ol hatyn onuň geçip gitjekdigini bilip: «Hünärlilik we aýýarlyk şudur, gowusy men özümiň şu ýerdedigimi garawulbaşa bildireýin. Eger, menden ötri oňa bir sütem ýetse, men ony ol sütemden gutaryp, halas edeýin» diýip oýlandy. Garawulbaşy ol aýalyň oturan penjiresiniň barabaryna gelip, deňinden geçip barýardy. Birdenkä, ýaňky aýal ýokardan gaty sesi bilen «kah-kah» edip güldi. Garawulbaşy aýal gülküsini eşidip: «Bu gülýän kimkä?» diýip, başyny galdyryp, ýokary penjirä tarap nazar aýlady. Şolbada onuň gözi ol aýala düşdi. Ol aýal garawulbaşa garap: «Ýokary çyk» diýip, yşarat etdi. Garawulbaşy öz-özüne: «Ajap, bu aýal kim bolup biler?! Meni ýokary çagyrmakdan munuň maksady nämekä?! Elbetde, munda bir syr we hikmet bardyr. Göreliň, zamana ýene-de meniň başyma nähili oýunlary salarka?!» diýip, şolbada gapydan içeri girdi. Görse, bir uly we beýik jaý, ýokarda bolsa bir näzenin hatyn merdiwanyň başynda özüne tarap seredip otyr. Ol näzenin garawulbaşa garap: «Ýokary geç» diýip, ýene-de yşarat etdi. Garawulbaşy hem şolbada merdiwana aýak basyp, ýokary çykdy. Ol näzenin hem şol wagt garawulbaşynyň elini eline alyp, ýokary, töre geçirdi. Hal-ahwal sorady. Emma garawulbaşy ol hatyny asla tanamady, onuň özüni näme üçin çagyrandygyny hem aňmady. Onsoň ol aýala garap:

— Eý, näzenin gözel gelin! Eý, janymyň janany, siz meniň günämi ötüň?! Men sizi nirede gördümkäm?! Asla tanap bilmedim. Men size nirede duşanymy bilip bilemok. Emma men seni bir ýerde gördümmikäm diýýärin. Ýöne, anyk ýadyma düşenok. Sen kimsiň we meni näme üçin çagyrdyň?! — diýip sorady.

Ol hatyn hem oňa garap:

— Eý, garawulbaşy, men şol kazynyň öýüne amanat goýup gaýdan hatynyňdyryn — diýdi.

Muny eşiden garawulbaşy ilkibada aljyrap hiç zat diýmedi. Biraz wagtdan soň özüni rastlap:

— Eý, hatyn, sen ajap iş etdiň. Sen meniň başyma nähili oýunlar saldyň we meni nähili heläkçiliklere duçar etdiň?! Seniň eden işleriň sebäpli men heläkçiligiň gorpuna düşdüm. Sen meni öldürilmäge hakly bolan işe iterdiň — diýdi.

Onda ol hatyn:

— Sen Müsür ýaly uly ýurduň, uly şäheriň garawulbaşysy bolup, şeýle batyrlygyň, şeýle edermenligiň we şeýle gaýduwsyzlygyň bilen ýene-de şujagaz iş üçin gam-gussa batyp otyrmyň?! Iki günden bäri bu ýerlerden ylgaşlap, gam-gussa batyp ýöreniňi men gördüm. Emma näçe gözleseň hem men seniň eliňe düşmedim, gözüňe ilmedim. Onsoň bu gün özüm senden habar aldym. Kazy saňa üç gün möhlet beren eken. Eger sen meni gözläp tarmasaň, onda, sen ol pullaryň öwezini dolmaly ekeniň. Saňa gaharym geldi. Ýöne soňundan saňa köňlüm gidip, meýil we muhabbet eýledim. Sen näme üçin gaýgy-alada galýarsyň. Bu iş sähelçejik işdir we ýeňildir. Men seni bu işiň çäresini görmek üçin we seni halas etmek üçin çagyrdym — diýdi.

Şol wagt garawulbaşy:

— Biz muňa neneňsi çäre göreris. Ertir üç gündür, möhlet tamam bolup barýar. Ol meni goşunbaşynyň öýüne eltip, aman bermän ol puluň öwezini töletdirer. Indi bu işi sen etdiň, ýene çäresini hem sen tapgyl. Meni kazynyň elinden halas etgil. Basymrak aýt. Munuň çäresi nämedip?! — diýip sorady.

Şol wagt ol hatyn:

— Bu işiň çäresi aňsatdyr. Sen bu barada hiç-hili gam-gussa çekmegil — diýip, ýerinden turdy.

Soňra ol ýene-de:

— Kalbyňa gussa getirme. Kazy seni öldürip bilmez. Emma sen kazyny öldürip bilersiň — diýip, derrew garawulbaşynyň elini-eline alyp bir otaga girdi.

Ol ýerde bir-iki sandyk lagl-göwherler we başga-da gymmatbaha harytlar bardy. Hatyn olaryň hemmesini garawulbaşa görkezdi. Garawulbaşy bu zatlary görüp

haýran galdy. Ondan soň bu hatyn ýene bir sandygy açdy. Onuň içinden bolsa altyndan doly bolan bir haltajygy çykaryp, garawulbaşynyň öňüne oklady. Garawulbaşy:

— Bu nämedip?! – diýip sorady. Ol hatyn:

— Men kazynyň gyzyna aşyk däldirin. Men şu altyna aşykdyryn. Ine, bu altynly haltajyk bolsa, meniň kazynyň sandygyndan alan alty müň altynymdyr. Isleseň sen ony al, islemeseň, ýene-de meniň ýanymda goý. Emma bilip goý, mende mal-baýlyk köpdür, näçe iýseň-de, neneňsi harç etseň-de tükenmez. Meniň niýetim seni halallyga kabul etmek. Seniň hem meni nikaňa salyp, halallyga kabul etmegiňdir. Eger, men seni halallyga niýet etmesedim, sen meni nireden tapardyň?! Eger, ömrüň müň ýyl bolsa-da meni tapyp bilmezdiň?! Men hakykatdan hem seni isländigim üçin öýüň öňünden geçip barýarkaň seni çagyryp aldym. Emma, sen şonda hem meni tanamadyň. Soňra saňa haltajyk bilen altyn puly-da görkezdim we seni bu syrdan habarly etdim — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Eý, hatyn! Meniň bu lagyldyr göwherlere islegdir meýlim ýok. Öz malyň özüňe nesip etsin. Meni bir sapar bela okuna duçar etdiň, indi munuň ýaly işe sokma. Sen indi bir ugur ýol bilen meni bu beladan halas et. Oňa garşy çäräň ýa-da ugur ýoluň bar bolsa, ony görmäge çalyş — diýdi.

Onda ol hatyn:

— Men onuň alajyny eýýäm edip goýdum — diýdi.

Şol wagt garawulbaşy:

— Eý hatyn, sen meni halas etmek üçin nähili çäre gördüň?! Hany aýt. Eýýäm ertir üç gün tamam bolýar. Kazy bolsa ertir meniň işimi görüp, meni soltana ýamanlar, ölüme höküm etdirer — diýdi.

Ol ýene-de gyssanyp:

— Hany sen aýt! Sen meniň işime nähili çäre gördüň?! Men-ä bilmedim?! – diýdi.

Onda ol hatyn garawulbaşa garap:

— Bu bir ýönekeýje işdir. Ertir dañ atan badyna kazy goşunbaşynyň öýüne gelip, seniň bilen dawalaşyp, başlar. Ýöne sen hergiz hiç zat diýip sözleme. Goý, kazy saňa hernäme sözlese sözläbersin. Sen gürlemän dur. Asla jogap berme. Haçanda goşunbaşy saňa: «Sen näme üçin gürlemeýärsiň we kazynyň soraglaryna jogap bermeýärsiň?!» diýende sen: «Men niçik jogap bereýin. Kazy uly kişidir. Oňa herkes ýardam eder. Oňa ölüm ýokdur. Men bir ejiz biçäre kişidirin. Ýardam we pursat bolsa, men hem gürlejek. Kazynyň sözi bilen meniň sözüm hiç wagt deň gelmez» diýgin. Sen şeýle diýeňde kazy bilen goşunbaşy saňa garap: «Gürle, sen bu işlere neneňsi jogar berjek» diýerler. Sen şol wagt: «Eger kazynyň sözi bilen meniň sözüm bara-bar boljak bolsa sözläýin. Siz sözle diýdiňiz, indi men sözläýin, diňläň. Geçen gijede kazy ependiniň öýüne bir aýaly amanat goýdum. Onuň üstünde müň altyndan zyýada bezegi bardy. ol aýal kazynyň öýünden çykmady. Nam-nyşany hem tapylman, zym-zyýat ýitip gitdi. Hiç-hili habar-hatyr bolmady. Häzir hem kazy ependi: «Ýetimleriň malyndan alty müň altyn gitdi» diýip, gelip dawa tutup dur. Bu örän täsin işdir, ol aýal munuň öýüne hyýanatlyk etmek bilen ýitip gitdi. Belki, kazy ependiniň öýüniň içerisi barlanylyp görülse oňat bolar. Ähtimal, ol ýerden ol aýalyň bir nyşanasy tapylar. Eger meniň sözüm dogry bolsa, şol mahal onuň kimdigi belli bolar» diýersiň. Kazy senden bu sözleri eşiden badyna «Aýalynyň talagyndan» ant içip: «Elbetde, gel öýümi barlap gör» diýer. Şonda sen: «Men ýalňyz barmaryn. Naýyp[5] bilen goşunbaşy hem bile ýörsünler. Şonda men hem bararyn» diýersiň. Ondan soňra ol öýüň içerisini tutuşlygyna barlarsyň. Hiç zat tarmarsyň. Onsoň ahy-nala edip, ýalbaryp, ötünçler sorarsyň. Soňra howlugyp daşary çykjak wagtyň gapynyň iç ýüzünde bir garaňkyja ýer bardyr. Ol ýerde suw geçmesi gömülgidir. Ol ýere dykgat bilen nazar sal. Ýerden ujy çykyp duran bir bölek biz mata görersiň. Onsoň: «Dörüň, şu ýerde bir zat görünýär» diýip, goşunbaşy bilen naýyby hem-de şol ýerde bar bolan ähli halaýygy çagyryp, şolaryň ýanynda şol ýeri birazajyk gazarsyň. Ol ýerden bukja bilen içi-daşy gara-gana bulaşan birazajyk ojuk-bujuk esbap çykar, ädigim, başbagym, geýim-gejimim dolulygyna şonuň içindedip. Şolar tapylandan soň

[5] Naýyp – orunbasar.

kazy erendä näme etseň rowadyr. Şondan soň seniň sözüň ondan rüstem çykar. Şeýdip sen aňsatlyk bilen ondan üstün çykarsyň — diýdi.

Garawulbaşy ol aýaldan bu sözleri eşidip, onuň tapan çäresine haýran bolup aňkaryp galdy. Onsoň ol ýerden gitmek isledi. Şol wagt ol hatyn ýene-de:

— Eger gitjek bolsaň, bu altynly haltajygy hem alyp git — diýdi.

Garawulbaşy:

— Seniň maňa kömek etmek meýliň bar. Şonuň üçin goý ol baýlyk ýene-de sende dursun. Kazy bilen işimizi bir tarap edinimden soň, eger ajaldan aman bolsam, men ýene-de yzyma gaýdyp gelerin. Ondan soň bolsa seni nikama alaryn — diýdi.

Şeýle diýip, garawulbaşy ýene-de akmaklyk etdi. Ol aýal bolsa ýene-de mekirlik edip:

— Haý, garawulbaşy! Şundan soňra sen meniňki men seniňki. Meniň ähli maly-baýlygym hem tutuşlygyna seniňkidir — diýip, garawulbaşynyň akylyny-da ogurlady.

Ol aýalyň garawulbaşynyň beýle derejede akmaklygyna haýran galyp mejbury ýagdaýda oňa rehimi gelip:

— Eger gitjek bolsaň meniň gaşymdan boş gitme — diýip, getirip öňünde iki ýüz altyn dinary goýdy, hem-de:

— Belki saňa gerek bolar, goý ýanyňda dursun. Eger, saňa ýene-de akja-pul gerek bolsa, meniň gaşyma gelersiň. Näçe gerek bolsa, şonça altyn hem bererin — diýdi.

Garawulbaşy ol altynlary kisesine salyp, şady-horram bolup, ol hatyn bilen hoşlaşyp, öýüne gaýdyp geldi. Garaňky gatlyşyp gije mazaly düşüpdi. Ol ýatyp rahat dynç aldy.

Daň atyp, gün nury bilen älem-jahany nurlandyrdy. Garawulbaşy ýerinden turdy-da, egin-eşiklerini geýip, ir säher bilen goşunbaşynyň öýüne tarap gaýtdy. Ol goşunbaşynyň öýüne gelip görse, eýýäm kazy ependi gelipdir hem-de goşunbaşynyň ýanynda arkaýyn ornaşypdyr. Kazy garawulbaşyny gören badyna goşunbaşa garap:

— Meniň garşydaşym gelýär. Gelsin, göreli bakaly ol meniň mal-baýlygymy nädipdir?! Hany habaryny bersin — diýip, garawulbaşa ýüzlendi.

Garawulbaşy ýaňky hüşgär hatynyň öwredişi ýaly, asla hiç zat diýip, hiç-hili jogap bermedi. Kazy garawulbaşynyň özüne jogap bermeýändigi üçin gazaba münüp:

— Gör indi bu iti, ol asyl jogap hem berenok. Men sözleýän ol bolsa asla gürlänok. Baryp ahwalymy soltana arzy-hal ederin. Maňa nähili zulum edendigini soltan hem görsün — diýen badyna goşunbaşy garawulbaşa garap:

— Näme üçin jogap bermeýärsiň? Kazy ependi jogap isleýär — diýdi.

Şol wagt garawulbaşy söze girip:

— Meniň jogap bermezligimiň sebäbi şudur. Meniň sözüm bilen kazy ependiniň sözi deň däldir. Men gam-gussa egbarladym we takatym tamam boldy. Ol soltanyň kazysy, men bolsa bir pes we garyp kişidirin. Her kişi kazynyň ýardamçysydyr. Eger meniň sözüm hem diňlenjek bolsa, men hem gürlärin. Ine şonda hakykat ýüze çykar — diýdi.

Kazy ýene-de gazaba münüp:

— Eý, asly betbagt bende, munda hakykatyň ýüze çykmasy niçik bolar?! — diýdi.

Garawulbaşy:

— Üç gün boldy, kazy ependiniň öýüne gijelikde bir aýaly amanat goýdum. Onuň üstünde müň altyndan zyýada bezegi bardy. Üç günden bäri ol aýaldan nam-nyşan tapylmady. Sen bu aýalyň baýlygy üçin oňa hyýanat edip, ony ýok etdiň. Eger kazy ependiniň öýüni barlap görseler, belki ol aýaldan bir nyşana tapylar — diýdi.

Kazy garawulbaşydan bu sözi eşiden badyna göýä bir gazan gyzgyn suw başyndan aýagyna çenli eňterilen ýaly boldy. Kazy gazap atyna atlanyp, hatyny talakdan ant içdi hem-de:

— Eger sen ýalan sözlemeýän bolsaň, goý şu zatlar meniň başymdan insin — diýdi. Garawulbaşy:

— Men aýtdym-a «Alla görkezmäwersin» diýip, men ýalan sözlemerin. Goý, kazynyň öýüni barlasynlar. Ol aýaldan bir nyşana tapylmasa meniň sözlerimiň ýalan çykdygy bolar. Şonda öwez tölegini hem tölemeli bolaryn. Bolmasa-da, bu sözümiň hakykat boldugy bolar — diýdi. Kazy ependi:

— Gel, bar-da sen meniň öýümi agtar — diýdi. Onda garawulbaşy:

— Men ýalňyz baryp, seniň öýüňi barlamaryn. Goý, goşunbaşy, naýyp we başga-da birküç adam bolup bilelikde baryp agtarsynlar. Şonda men hem baryp, bilelikde gözlärin — diýen badyna kazy goşunbaşa:

— Ýörüň öýümi barlaň — diýdi. Onsoň goşunbaşy naýyby hem-de şol ýerde näçe adam bar bolsa, baryny ýanyna alyp, baryp kazynyň öýüniň içerisine girdiler we öýi başdan-aýak barladylar. Emma asla ne ol aýaldan, ne-de oňa degişli zatlardan hiç bir nyşan we yz-sor tarmadylar. Garawulbaşy bu ýagdaýy görüp örän utanja galdy. Kazydan ötünç sorap zary-girýan bolup, ahy-nala etdi. Kazy ependi pursat tapyp, garawulbaşa garap:

— Eý, masgara gördüňmi! Seniň sözüň ýalan çykdy, dogry çykmady — diýip, masgaralaýjy sözler aýdyp ony dili bilen duzlady. Şondan soň naýyp, goşunbaşy we beýleki adamlar içeriden daşary çykyp, howlynyň garysyndan daşary çykmak islediler. Şol wagt garawulbaşy aýalyň salgy beren garaňkyja ýerine dykgat bilen nazar salyp, üns bilen seredip başlady. Birdenkä bir biziň ujy gözüne ildi. Ony gören garawulbaşy şol wagt goşunbaşa we beýleki adamlara garap, gaty ses bilen:

— Geliň, şu ýerde bir zat görünýär. Seredeliň, näme zatka —diýdi. Goşunbaşy bilen beýleki adamlar ýetip geldiler. Kazy ependi:

— Bu ýer suw geçelgelerdir — diýdi. Garawulbaşy biziň görnen ýerini gazdy. Onuň gazan ýerinden bir bukja çykdy. Garawulbaşy hemmäniň gözüniň öňünde ol bukjany açdy. Görseler, içinde aýal lybaslary bar ekeni.

Ählisi bolsa gan bilen bulaşyp gyp-gyzyl bolan eken. Ol bukjanyň içinde nagyşly çadyrasy, içki eşikleri, baş atgyjsy we beýleki zatlar bar eken. Garawulbaşy şolbada pursat tapyp gygyryp, perýat edip:

— Eý, möwlana! Naýybyň we adamlaryň gözüniň alnynda sözümiň ýalandygy ýa-da dogrydygy aýan boldy. «Sen hüküm eýesi soltanyň kazysynyň Emin adamsydyryn» diýip, şeýle baýlygy almak üçin men bir biçäre aýaly amanat goýamda, ol amanata hyýanat edipsiň. Maly we baýlygyny almak üçin ol aýaly heläklärsiň. Soňra bolsa malyny iýir, lak-luk atyrsyň. Bu iş uly işdir. Meniň bu işi soltana arz etmegim gerekdir. Elbetde, duýulmajak iş bolmaz, naýza goltuga sygmaz diýlenidir. Bu iş soňra soltan tarapyndan duýulanda, men ortadan aýrylaryn — diýip,

biraz haýbatly sözleri isledigiçe atyp, isledigiçe gürledi. Bu çäre sebäpli kazy nämä uçrandygyny aňyp, jyňkyny çykaryp bilmän, haýran bolup, agaç kimin doňup galdy. Şeýdip ol halk içinde ryswa boldy. Bilen-ä biler, bilmedigem dogry diýip hasaplar. Şol wagt goşunbaşy:

— Bu neneňsi işdir. Beýle zady hiç kim görenem däldir, eşidenem — diýip, köp-köp gürrüň etdiler. Soňra naýyp we beýleki adamlar daşary çykyp, her biri her hili sözler aýdyşdylar. Kazy biçäre goşunbaşy bilen garawulbaşa köp ahy-nalalar edip ýalbardy. Haýyş edip olardan ötünç sorady. Bu işi patyşa arz etmezlikleri üçin olara köp baýlyk, mal we pul berdi. Şeýle hem:

— Merhemet ediň, bu syry hiç kişä aýan etmäň — diýip, kazy biçäre ýene-de sözüni tekrarlap ötünçler diledi. Goşunbaşy bilen garawulbaşy dymmaklyga razy boldular. Soňra çykyp gitdiler.

Garawulbaşy ol aýalyň öwreden hilesi bilen kazynyň elinden halas boldy. Biçäre kazy hem munça mukdar malyndan el ýuwdy hem-de il arasynda ryswa boldy. Goşunbaşy bilen garawulbaşy öýlerine gelip oturdylar.

Aradan üç-dört gün geçdi. Garawulbaşy ýerinden turup, ol aýaly özüne nikalap almak üçin onuň ýanyna ugrady. Öýünden daşary çykyp niredesiň şol aýalyň öýi diýip, ýola düşdi. Ol aýalyň öýüniň gapysyna gelip görse gapy gulply dur. Daş-töweregindäki goňşularyndan:

— Bu öýüň eýesi bolan ol aýal nirä gitdi? — diýip sorady. Olar:

— Ol öýüň içinde hiç kim ýaşamaýar. Ol öý boşdur. Geçen günlerde bu öýe bir aýal gelip, gymmatbahaly harytlar getiripdi. Ol birküç gün bu öýde bolup oturdy. Emma üç gün mundan ozal ol hem bu öýden çykyp gitdi. Emma soňra dolanyp gelmedi. Onuň neneňsi we nähili aýaldygyny biz bilmedik — diýip, habar berdiler.

Muny eşiden garawulbaşy şol wagt özüniň diýseň akmakdygyny bilip galdy we köp öküňçler etdi. Ol aýalyň özüne al salyp, aldandygyny bildi. Garawulbaşy şondan soň ol aýaly ençeme wagtlap gözledi, sorag-ideg etdi. Emma hiç bir nam-nyşan tarmady. Onsoň garawulbaşy melul bolup, gam-gussa batyp, öýüne geldi. Ol aýalyň özüne salan ol hilelerine we özüniň akmaklygyna içi ýanyp haýran boldy. Bu hekaýat bolsa olardan ýadygär galdy.

Indi bolsa bu ajaýyp hekaýaty diňläň!

## IKI OÝNAŞLY HATYNYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Döwrüň we döwürleriň yzygiderli habarlaryny rowaýat edip aýdyjylar, gürrüňlerini beýan edijiler we hekaýatlary aýdyjylar şeýle rowaýat edipdirler:

Gadymy zamanda Nyşapur şäherinde bir aýalyň iki oýnaşy bar eken. Ol aýal oýnaşynyň ikisine-de: «Ärim öldügi, saňa bararyn» diýer eken. Bu wakadan birnäçe wagt geçenden soň ahyry oýnaşlarynyň biri: «Munuň äri haçan öljek? Men gowusy birnäçe wagtlap bu şäherden gidip, daş-töweregi seýran edeýin. Soňra ýene gelerin» diýip, şäherden çykyp gidipdir. Emma ol aýalyň şäherde galan oýnaşy örän galjaň, kel we betnyşan ýigit eken.

Ol aradan köp wagt geçmänkä, ýagny ilkinji oýnaşy entek gaýdyp gelmänkä, ol aýalyň äri ýogalypdyr. Şeýdip, ol aýal şäherde galan oýnaşyna barmaly bolupdyr. Emma bu oýnaşy ol aýal bilen elmydama ätiýaçly çemeleşipdir. Ol bir ýere gitse, aýalynyň daşyndan gapysyny gulplar gider eken. Eger, ol aýal hammama gitse hem ony öňüne salyp, hammama bile gider eken. Ol aýal ýuwnup çykýança hammamyň gapysyny saklap durar eken. Ýuwnup, daşary çykandan soň bolsa, ýene-de öňüne düşürip öýüne alyp gelerdi.

Bu wakadan birnäçe wagt geçenden soňra, günlerde bir gün onuň gezmäge giden beýleki oýnaşy hem ýetip geldi. Ol bu hatyny görmek isledi, emma görüp bilmedi. Ol ýigit bu hatyny bir gezek görüp, onuň bilen aýşy-eşret sürmek üçin örän tagalla baryny etdi. Emma onuň niýeti hiç-hili başa barmady we ol hatyny görüp bilmedi. Ol her gün diýen ýaly ol aýalyň öýüniň daş-töweregini aýlanyp garawullar görerdi. Onuň aýlanyp ýören ýerinde bir kempiriň öýi bardy. Ol garry kempir bu ýigidiň şu töwereklerde birki gün bäri aýlanyp gezip ýörendigini gördi. Bir gün ol kempir bu ýigide garap:

— Eý, oglum! Görýän welin sen birki gün bäri bu töwereklerde aýlanyp ýörsüň. Näme birini gözleýärmiň? Ýa-da bu ýerlerde bir söýgüli aýalyň zat barmy? Menden gizleme dogryjaňy aýt — diýdi.

Şol wagt ol ýigit:

— Eý, ene jan, sen meniň göwnümdäkini bildiň. Men pylan kimsäniň aýalyny söýýärin. Meniň bu şäherden çykyp gidenime birnäçe wagt boldy. Häzir geldim. Emma ol aýaly hiç-hili görüp bilmedim — diýdi.

Onda ol garry kempir:

— Eý oglum, ol aýalyň äri öldi. Ol häzir bir kel adama durmuşa çykdy. Ol bolsa ony bek saklaýar — diýdi.

Onda ol ýigit:

— Eý enejan, indi meniň halym neneňsi bolar. Men ony görmesem ölerin. Iň bolmanda men ony birje gezek görüp, görüşip bilsem hem armanym ýokdur. Onuň yşgy meni ýakyp-ýandyryp barýar. Men onuň derdinden ölüp barýaryn — diýip, zar-zar aglap kempiriň jigerini para-para etdi. Onsoň ol garry kempir:

— Eý oglum, onuň üçin sen hiç-hili gam-gussa çekip aglamagyl. Men seni onuň bilen aňsatja tapyşdyraryn. Sen biraz pursatdan soň meniň ýanyma gel — diýdi.

Şondan soň ol kempir degenegini (hasasyny) tyrkyldadyp, ol hatynyň öýüne tarap ýola düşdi. Biraz wagtdan soň gelip ol keliň ýagny ol hatynyň adamsynyň öýüniň gapysyny kakdy. Şol wagt ol keliň özi gelip gapyny açdy. Garry kempir içeri girip salam berdi. Ol ýigit aleýik alyp, ýene-de öýüne girip gitdi. Ol garry kempir hem onuň yzy biltn içeri girip onuň garşysynda oturdy-da:

— Eý oglum, bu öýde häzir siz ýaşaýarsyňyzmy? — diýip sorady. Ol kel ýigit bolsa:

— Hawa, biz ýaşaýarys — diýip, jogap berdi.

Onda kempir:

— Owal bu öýde meniň bir tanyş gelnim ýaşaýardy. Men gelip-gidip elmydama onuň bilen ýagşy gatnaşykda bolardym — diýdi.

Ol ýigit:

— Eý enejan, sen ýene-de gelip-gidip durgun, biziň bilen hem ýagşy hem-de dostlukly gatnaşykda bolgun — diýdi. Onda kempir:

— Aýalyň häzir içerdemidir. Ol kiçijikliginden meniň elimde ulalyp ösdi — diýip, zarp bilen gapyny açyp içeri girdi we keli daşarda galdyryp gapyny ýapdy. Kempir ol aýalyň ýanyna girip oňa:

— Eý gyzym, seni bir ýigit söýýärmişin. Ol birnäçe wagt mundan öň şäherden çykyp giden ekeni. Häzir bolsa ol ýene-de gaýdyp şähere gelipdir. Ol seniň yşky-derdiňden däli-diwana bolupdyr. Seni soraglap, idegläp, seniň derdiňden gözleriniň ýaşy sil bolup akýar. Sen bir nowjuwan gelinsiň. Onuň gözlerniň ýaşy saňa haýyr-gowulyk etmez. Seniň bilen iň bolmanda ýekeje gezek duşuşsa hem onuň derdi ýeňlärdi. Şonuň üçin iň bolmanda ýekeje gezek bir seniň bilen duşuşmaga oňa ygtyýar et — diýdi. Garry kempir bu sözleri aýdan badyna ýaňky hatyn:

— Eý, enejan, häzir onuň bilen duşuşmaga mende hiç-hili mümkinçilik ýokdur. Çünki ärim bir pursat hem meniň ýanymdan aýrylmaýar. Eger bir ýere gitmekçi bolsa hem giden wagty meniň daşymdan gapyny gulplar gidýär. Haçan gaýdyp gelen wagty hem ýene-de özi açýar. Onuň bilen duşuşmaga meniň elimden hiç zat gelmeýär. Mende hiç-hili çäre alaç ýokdur — diýdi. Bu sözleri eşidip kempir ýene-de:

— Eý, gelin, eger seniň onuň bilen tapyşmaga islegiň bar bolsa, men ony seniň bilen aňsatja sataşdyryp bilerin — diýdi. Şol wagt keliň aýaly:

— Eý, enejan, maňa diňe senden medet bardyr. Meniň derdime başga derman etjek kişi ýokdur. Diňe sen meniň bu derdime çäre tapyp onuň bilen sataşdyryp bilersiň — diýdi.

Onda kempir:

— Eý gyzym, ol ýigit bilen tapyşmagyň çäresini men tapyp goýdum. Ol şeýledip. Häzir men gelip-gidenimden soň, bir sagat ýaly wagt geçenden soňra ahy-perýat we ahy-nala edip: «Haý kömek ediň, waý ýetişiň, waý bilim, waý ýanym, maňa kömek beriň, medet beriň, waý ýüregim, waý öldüm» diýip, zarynlap gygyryp başla. Şol wagt adamyň içeri girip: «Haý, keýwany, näme boldy» diýer welin sen: «Kömek et, waý öldüm, waý gitdim. Öňem käte-käte şeýle bolýardy. Öň şeýle bolan wagtlarynda ýaňky garry kempir gelip maňa em ederdi welin, men gowulaşardym

hem-de bu derdim der bolardy. Ol garry hatyn meniň eneligimdir. Eli örän sebäphon[6] hatyndyr. Eger ol kempiri gidip getirmeseň men bu dertden gutulmaryn» diýersiň — diýdi.

Soňra kempir turup keliň ýanyna baryp oňa:

— Eý oglum, sizi Hudaýa tabşyrdym — diýip, çykyp gitdi.

Aradan üç-dört sagat geçip geçmänkä keliň aýaly uly goh-galmagal turuzyp perýat-pygan edip başlady. Ol hem gygyrýardy, hem aglaýardy Şol aralykda bolsa:

— Eý, Alla! Medet berewer — diýip, gözlerini petredip, agzyny körürjikledip, perýat çekip gygyrýardy.

Şol wagt keliň akyly başyndan uçdy. Eli-aýagy saňňyldap, buz ýaly boldy. Biraz wagtdan soňra ol aýal gözlerini açyp, ärine garap:

— Waý, men ölüp barýaryn. Meniň halym neneňsi bolar – diýip ärine ýüzlendi.

Şol wagt adamsy:

— Eý, meniň serwi boýlym! Eý, meniň güler ýüzlim, seniň bu derdiňe näme alaç etse bolarka — diýdi.

Şol bada ýene-de ol mekir hatyn:

— Ah ependim! Meniň bu derdim ýylda bir ýa-da birki ýyldan bir gezek gaýtalanýar. Munuň emini şol garry kempir gowy bilýär. Sen git-de şol kempiri alyp gel. Eger, şol garry kempir gelse, meniň derdim ýeňleşer — diýip, ahy-nala edip başlady.

Biçäre ýigit aýalyny beýle halda görüp gorkup, derrew gapysyny gulplap, ylgap ol kempiriň öýüne geldi. Gelip, ol kempiriň gapysyny kakdy. Kempir içerden:

— Geň zat, bu mahal meniň gapymy kakýan kimkä? — diýip, gapyny açdy.

Görse, garynyň öňünde hälki goňşusynyň kel äri dur. Ony gören kempir:

— Hoş geldiň oglum. Näme habaryň bar? — diýip sorady.

Biçäre ýigit:

— Haý, enejan, medet edip dadymyza ýetişeweri. Aýalymyň haly harapdyr. Ol ölüp barýar. Eger sen ýetişmeseň, ol öler — diýdi.

---

[6] Sebäphon – eli ýeňil, eli ýakymly, kömek beriji, ýardam beriji.

Şol wagt kempir:

— Eý, oglum! Walla, men baryp bilmerin, işim kön, elim ýetmez —diýdi.

Emma ol garry kempir eýýäm ol aýalyň beýleki oýnaşyny hem bir sandyga salyp, agzyny gulplar goýupdy. Ol sandyk hem şol ýerdedi. Kel ýene-de:

— Haý, enejan, merhemet et, kerem eýle. Eger, sen ýetişmeseň aýalym öler — diýip, zaryn-zaryn aglap ýalbarmaga başlady.

Onda kempir:

— Haý oglum! Men niçik baraýyn. Bir ogullygym bardy. Ol maňa bu gün bir sandygy amanat goýup gitdi. Içinde näme bardygyny bolsa bilemok. Özüň bilýäň, öýüm harap, gapym bolsa gowy gulplanmaýar. Men häzir bu sandygy bu ýerde, şu durşuna ýalňyz goýup gitsem, ähtimal, bir haramzada ogry gelip, öýüň bir ýerinden böwsüp, içeri girip, sandygy alyp gider. Soňra men ol ýigide näme jogap bererin — diýdi.

Garry kempir şeýle diýip jogap beren badyna kel goňşusy şolbada sandygyň ýanyna gelip, ony göterip gördi. Görse, göterip biljek.

Onsoň, ol:

— Eý, enejan! Sen kömek et, men bu sandygy hem göterip, seniň bilen bile öýe elteýin. Sen maňa merhemet we kerem eýle. Meniň bilen ýör, gideli. Çünki, aýalymyň haly örän harapdyr, derdi-elemi diýseň ýokarydyr. Ol ölüp barýar — diýdi.

Garry kempir:

— Gel, onda sen sandygy arkaňa göter, ýör gideli. Seniň bilen hem ene-ogul bolduk. Hatynyň hem kiçijikliginden meniň elimde ulaldy. Her wagt bu derdi tutan wagtynda men baryp oňa alaç-em ederdim. Emma häzir seniň aýdyşyňa görä onuň derdi agyr bolup, örän ýaramaýana meňzeýär. Çünki, onuň bu derdi örän ýaramazdyr. Bu derdi gozgap başlanda, onuň gözlerine hiç uky gelmez. Oturyp-turup bilmez — diýdi.

Onda ol ýigit:

— Haý enejan, edil aýdyşyň ýalydyr, hatda ondan hem beterdir — diýip, sandygyň orta bilinden bir urgan baglap, arkasyna alyp garry kempiriň yzyna düşüp ýöredi. Kel yzynda, kempir bolsa öňünde, şeýdip ýola düşdüler. Öýe gelenlerinden

soň biçäre kel sandygy ýerde goýup, gapysynyň kildini açdy. Soňra ýene-de sandygy göterip, ony öýüň içinde, aýalynyň ýatan ýerine getirip goýdy. Emma ol aýal äriniň hem-de kempiriň gelendigini eşiden badyna bular gelmezden öň ojak başyna bir düşek oklaşdyrypdy. Ol şonuň üstüne tarap süýşüp, ýorgan-düşege girip häzir bolup ýatdy. Şeýdip oýnaşynyň gelerine garaşýardy. Olar gelen badyna bolsa ahy-nala edip:

— Wah ýüregim, waý bilim, waý ýanym, haý öldüm, waý gitdim, medet beriň, kömek ediň, tiz bolawer ene — diýip, gygyryp ugrady.

Kempir hem gollaryny çyzgap, ol aýalyň ýüreginiň üstünden eli bilen basyp durup:

— Haý gyzym, bu dert seni ýene-de tutdumy?! Wah, bu gezek öňküden hem beter tutupdyr. Eý, oglum muňa bir gurruk guýudan suw hem-de bir könelişen ýehudynyň gabryndan birazrak toprak getirmek gerek. Tiz bolawer, bar — diýdi.

Biçäre kel iki etegini biline çalyp, bulary daşyndan gulplar, eňip gitdi. Äri giden badyna ol aýal hem düşeginden çaltlyk bilen turup, dim-dik bolup oturdy (sagaldy, turdy). Asla agyrysy galmady. Derrew gapyny mäkäm baglap, oýnaşyny sandykdan çykaryp, biri-birlerine çyrmaşyp aýşy-eşrete meşgul boldular. Kel äri gelen badyna bolsa ol aýal oýnaşyny ýene sandyga salyp, gapagyny mäkäm ýapyp gulplady. Soňra bolsa ýene-de ýerine geçip, ahy-perýat edip başlady. Kel derrew gidip suwdur — topragy getirip berdi. Kempir derrew ýerinden turup, suw bilen topragy biri-birine garyp hiç bir esassyz, ol aýalyň biline, göwsüne çaldy. Biraz wagtdan soň bolsa süpürip üstüne-de birki ýorgan örtüp ýatyryp goýdy. Soňra bolsa kele garap:

— Eger başga işiň bar bolsa, işiňi ediber, bu hatyn biraz rahatlanyp ýatyp derlesin — diýdi.

Adamsy iş ýerine baryp rahat işlemäge başlady. Ol öz işi bilen gümra bolup gezerdi. Ol aýal bolsa oýnaşy bilen «Älem etmek» islän wagtynda biçäre adamsyna: «Bar bir ýerden pylan zady getir» diýip, ony aldap bir ýerlere ugradardy. Ol bolsa gapyny daşyndan gulplar, giderdi. Aýaly bolsa, oýnaşyny sandykdan çykaryp, ýene-de «Älem ederdiler». Adamsy gapa gelen badyna bolsa oýnaşyny tiz sandyga salyp gulplardy. Gepiň gysgasy, şeýle görnüşde bir hepde geçdi. Bir hepdeläp olar öz

isleglerine laýyklykda zowky-sapa sürdüler. Bir hepdeden soňra bolsa ol aýal gowulaşdy we sap-sagat boldy. Bu ýagdaýy gören kempir bu hatynyň ärine garap:

— Eý oglum! Bir hepdeläp, men öýüme-de barmadym. Belki amanat sandygyň eýesi gelendir, belki meni gözläp tapyp bilýän däldir. Indi merhemet we kerem edip, bu sandygy ýene meniň öýüme eltip ber — diýdi.

Ol hem:

— Bolýar, enejan, başym üstüne — diýip, sandygy arkasyna alyp, öýüniň gapysyny gulplap ugrady.

Kempir öňünde, arkasy sandykly biçäre kel bolsa yzynda tirkeşip ýöräp ugradylar. Agşam wagtydy. Kel biçäre arkasyndaky sandyk agyr bolansoň ýegşerilip zordan ýöräp barýardy. Ahyry, büzülip-ýazylyp, sandygy arkasyndan aýyryp, bir beýigräk ýerde goýup, biraz dynç almak üçin eglendi. Kempiriň bolsa, keliň eglenendiginden habary ýokdy. Ol öňden ýol ýasap barýardy. Kel saklanyp: «Haçan gitsemem men onuň öýüni bilýärin-ä, goý gidibersin, men bir demimi dürsäýin» diýip, oňa kän bir ähmiýet hem bermedi. Biraz wagt eglenenden soňra kel ýene-de sandygy arkasyna alyp, ýöräp ugrady. Emma, gijäniň düşmegi bilen ýoluny ýitirip, başga bir ýola düşdi. Görse, öňki ýoluny ýitirip, azaşypdyr. Onsoň yzyna aýlandy. Gije bolsa gowy düşüp, älem ýüzi garaňkydy. Göz bolsa bir ädim uzaklykdakyny hem görüp bilmeýärdi. Onsoň ol kel ýigit öz öýüne gitmäge hem ýol tapman töwekgelek (çen-çak) bilen gidip barýardy. Birden ýoly garawulbaşynyň öýüniň töweregine düşüp, bir bölek garawullara gabat geldi. Garawullar görseler, bir kişi arkasyndaky sandygyň agramyna ýegşerilip iki gat eplenip, bükülip gelýär. Garawullar ony gören batlaryna biri-birlerine garap: «Bu ogrudyr, ýeke özi hem däldir. Onuň ýoldaşlary-da bardyr. Olar bir öýe girip öýi talandyrlar. Bu sandygyň içindäki ähli zatlar gymmat bahaly parçalar bolsa gerek. Elbetde munuň bir ýatak jaýy bardyr. Bu ogrynyň ýoldaşlary bilen ýatýan ýeri nirede bolup biler?! Belli boldy. Munuň ýoldaşlary bu sandygy munuň arkasyna ýükläp, şol ýatak jaýyna getirtjekdirler. Soňra olaryň hersi bir tarapdan şol bellenilen ýere barjakdyrlar. Öz-ä geň zat, kimiň, neneňsi kişiniň, öýüni ýapdylarka?! Beýik (baý) öý bolsa gerek» diýişir, derrew onuň öňüni kesip:

— Eý ýigit, dur şu ýerde, bu gijäniň içinde arkaňa sandyk ýükläp ýegşerilip nirä barýarsyň? Haýsy kişiniň öýüni talaňa saldyň?! Ýygnanyşmaly öýüňiz nirede ýerleşýär?! Tiz bol, görkez. Bu sandygyň içi giň görünýär, içinde nämeler bar?! Bol, tizräk aýt — diýip, biçäre keliň ýakasyndan ýaryşyp, sakladylar.

Biçäre keliň jany bokurdagyna gelip, näme jogap berjegini bilmän, dili içine giden ýaly boldy. Ýene-de tiz özüni ele alyp, akylyny başynda jemledi. Eýsem-de bolsa öz içinden: «Bulara bir hili jogap berip, başymy sag-aman gutarmak gerek» diýip oýlandy-da, daşyndan olara garap:

— Men hokgabazdyryn. Bu gün galanyň eteginde oýun görkezdim. Bu sandykdaky zatlar hokgabaz serişdeleridir — diýdi.

Şol wagt olar:

— Şu wagtlar hem bir hokgabaz oýny bolarmy? Şu wagta çenli näme işlediň. Beýle wagt ýalňyz ýeke özüň nirä barýarsyň?! — diýip, ony aljyratdylar.

Onda kel:

— Oýundan soňra şägirdimi käbir esbaplarym bilen öýe gönderdim we ýene-de gelmegini talap edip garaşdym. Emma ol gelmedi. Agşam hem düşüp daş-töwerek garaňkyrady. Görsem, gelýän-gidýän ýok. Onsoň bialaç sandygy arkama alyp ýola düşdüm. Ýolda barýarkam, men mysapyr bende, ýolumy ýalňyşdym. Myhman öýümiň golaýyna ýakynlaşýandyryn öýdüp, çen-çak bilen gidip barýarkam, ynha-da, size sataşdym — diýdi.

Onda ol garawullar:

— Sen galat aýdýarsyň, haramy ogry bolmaly sen. Ýagşy adama meňzemeýärsiň. Seniň entek ýoldaşlaryň hem bardyr. Siz bu sandygy öý ýaryp ogurlapsyňyz — diýdiler.

Soňra ýene bir garawul:

— Muny garawulbaşynyň ýanyna elteliň. Elbetde, muny garawulbaşynyň özi dogry sözleder — diýdi.

Soňra keli alyp garawulbaşynyň ýanyna getirdiler. Garawulbaşy olardan:

— Bu ýigit kimdir? — diýip sorady.

Garawullar:

— Biz bilmedik. Muňa biz pylan ýerde gabat geldik. Arkasyna bir sandyk ýükläp ýegşerilip barýar eken. Biz: «Bu näme» diýip sorap görsek ol: «Men bir hokgabazdyryn. Bu gün galanyň eteginde oýun görkezdim. Gijä galdym, onsoň ýolumy ýitirip, barjak öýümiň ýoluny tapyp bilmedim» diýýär. Bu diýýän zatlarynyň dogrudygyny ýa-da ýalňyşdygyny biz bilemizok — diýdiler.

Garawulbaşynyň hem bir görkli we söýgüli aýaly bardy. Ol ony örän gowy görerdi. Ol hatyn her wagt garawulbaşa garap: «Sendenem bir ajap garawulbaşy bolarmy. Sen maňa bir gözbagçy ýa-da hokgabaz oýnuny hem görkezip bileňok» diýip igenerdi. Şonuň üçin bu habary eşiden garawulbaşynyň şol bada aýalynyň şol sözleri ýadyna düşdi. Ol ýaňky kele garap:

— Dogryňy aýdýarmyň ýa-da aldaýarmyň?! Hakykatdan hem sen hokgabazmyň? — diýip sorady.

Ol:

— Howa, men ussat hokgabazdyryn. Bu zamanlarda bu şähere meniň ýaly hokgabaz gelen hem däldir — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Onuň ýaly bolsa ýörüň meniň öýüme gideliň. Göter sandygyňy, ýör öýe. Bize biraz hokgabazlyk edip ber. Daň atansoň öýüňe gidersiň — diýip, turup, keli öňüne salyp, dogry öýüne alyp geldi we gapyny kakdy.

Garawulbaşynyň aýalynyň hem bir oýnaşy bardy. Ol her gije gelip, ol aýal bilen zowky-sapa sürüp giderdi. Garawulbaşy diňe juma gijesi öýünde ýatardy. Gaýry gijeler bolsa, garawulhanada ýatardy. Aýaly bolsa daňa çenli oýnaşy bilen aýşy-eşretde döwran sürerdi. Ol bu günem ýumşak düşekde oýnaşy bilen çyplak ýagdaýda çyrmaşyp ýatyrdy. Birdenkä gijäniň ýarynda gapy kakyldy. Kenizler derrew gapa tarap topuldylar we gapyny açdylar. Görseler gelen ependileri – hojaýynlary garawulbaşy eken. Kenizleriň biri şolbada böküp içeri girip garawulbaşynyň aýalyna habar berip:

— Eý, bibim, ependi geldi — diýdi.

Ol hatyn bu habary eşidip näme etjegini bilmän aljyrap başlady. Emma ol ýerde bir uly güp[7] bardy. Aljyran hatyn ol oýnaşyny çyplaklygyna şol güpüň içine saldy. Onýança-da garawulbaşy gapydan içeri girdi.

Kel hem arkasyna sandygy alyp, howludan içeri girip ugrady. Öýüň penjiresinden ýaňky aýalyň bolýan otagynyň içi gowy görünýärdi. Şol wagt hem sandykly kel içeri girip barýarka, gözi penjireden içeri düşdi. Görse, garawulbaşynyň aýaly öz oýnaşyny çyplak ýagdaýda güpüň içine salyp dur eken. Muny gören kel hem öz ýanyndan mes bolup: «Göreliň bakalyň durmuş näme görkezer» diýip, gapyny açman şol ýerde biraz saklandy. Garawulbaşy içeri, aýalynyň ýanyna bardy. Şol wagt aýaly:

— Heý, ependim, seniň hiç wagt beýle mahalda öýe gelmek häsiýetiň ýokdy-la. Şemal bu gün haýsy tarapdan öwüsdi, sen nädip bu gije öýe geldiň — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Eý, meniň çoh söýgülim! Heran-haçan öýe gelsem maňa igenip: «Garawulbaşy bolduň meniň başyma, sendenem bir garawulbaşy bolarmy, sen maňa bir oýunçy ýa-da hokgabaz hem getirip bereňok» diýerdiň. Şu wagt bir ussat hokgabaz elime düşdi. Şony seniň ýanyňa getirdim, goý oýnasyn seret we tomaşa et — diýdi.

Soňra garawulbaşy kele garap:

— Eý, ussat hokgabaz, bol indi, oýnuňa başla. Bize gowy edip bir oýun-tomaşa görkez — diýdi.

Onda ol kel:

— Eý ependim! Bu gije şägirdim bu ýerde ýokdur. Şeýle-de depregim we beýleki esbarlarym hem ýeterlik däldir. Sandygym hem gulply. Açary şägirdimdedir. Emma bu sandyk bilen bu zatlarym bu ýerde, siziň ýanyňyzda dursun. Men öýüme gideýin. Daň bilen şägirdimi we beýleki gerek bolan zatlarymy alyp geleýin. Ondan soň gowy edip, oýun goýup, size oýun-tomaşa görkezerin — diýdi.

Onda garawulbaşy gaharlanyp, ýerinden turup, eline palta alyp:

[7] Güp – küýze şekilli içine suw salynýan uly gap.

— Eý, hokgabaz bol şu wagt oýun-tomaşa görkez. Ýogsam sandygy paralaryn, ol para-para bolar — diýdi. Şol wagt sandygyň içindäki adam: «Haý-haý medet ber, men bir ajap ahwala uçradym. Eger bu wagt ol adam palta bilen bu sandygy urup para-para etse, sandyk depämde kül-uşak bolar we men ýalaňaçlygyma meýdana çykyp, bogazymy olaryň ellerine bererin. Onsoň garawulbaşy: «Eý, ýigit bu sandygyň içinde sen näme iş edýärsiň» diýip sorasa, men näme jogap bererin» diýip, toba edip Alladan ýalkaw diläp nalamaga başlady. Onuň ýüregi aýlanýan tüweleý dek bolup «güp-güp» edip urmaga başlady.

Şol wagt ýaňky kel:

— Haý, begim! Merhemet we kerem eýlegin. Bu sandygy döwme. Men bir derwüş-ýoksul kişidirin. Munuň ýaly zady satyn almaga meniň güýjüm ýetmez — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Eý, hokgabaz! Ýa bu sandygy aç-da oýna, ýa-da men ony döwüp kül-uşak ederin — diýip, haýbat atyp başlady.

Kel görse, hiç bir mekirlik bilen onuň ünsüni sowmak mümkin däl, onsoň garawulbaşa garap:

— Eý, ependim, eger sen meniň sandygymy döwseň meniň elimden gaýry bir iş gelmez, onsoň men hem seniň şu güp-güpüňi uşadaryn — diýdi.

Garawulbaşynyň aýaly keliň bu sözüni eşidenden, keliň öz oýnaşyny güpüň içine salyp goýanyny görendigini anyk bildi. Onsoň ol: «Elbetde ärim sandygy döwse, bu adam hem güpi döwer. Onsoň oýnaşym hem çyrlaňlygyna meýdana çykar, onsoň meniň syrym paş bolar» diýip, oýlandy.Şonuň üçin ol derrew:

— Haý, ependim! Bu biçäräniň sandygyny uşadyp, oňa jebir berme. Maňa bu wagt gijäniň ýarymynda hokgabazyň oýun-tomaşasy gerek däl. Ol biçäräni öz ugruna goýber, goý ol öz öýüne gitsin. Daňdan şägirdini we beýleki ýetmez gurallaryny alyp gelsin. Ondan soň goý ol öz göwnündäki ýaly oýnasyn, biz bolsa tomaşa ederis — diýip, garawulbaşa ýalbardy.

Emma hatynynyň bu sözleri garawulbaşa asla täsir etmedi. Ol eli paltaly durşuna:

— Eý, hokgabaz! Sen häziriň özünde ol sandygyňy aç-da oýna, ýogsa-da men şu palta bilen sandygyňy döwerin — diýip dyzady.

Soňra bolsa aýalyna tarap öwrülip:

— Eý, hatyn! Sen soňra maňa: «Hokgabaz getirdiň-de ony oýnadyp bilmediň» diýip, gyjalat berersiň, goý, onuň üçin şu wagt oýnasyn — diýdi.

Elbetde, bu aýalyň oýun-tomaşa etmek janyna hoş ýakjakdy, emma güpüň içinde oturan oýnaşy güpden daşary çykaýsa, bar syry şol wagt paş boljakdy. Şonuň üçin ol hatyn:

— Men şu wagt hokgabazam, onuň oýnunam islämok — diýip, garawulbaşa ýalbaryp başlady.

Emma garawulbaşy oňa gulak salmady. Şonuň üçin ol hatyn ýene-de ärine garap:

— Tobalar bolsun, asyl aýtmadygym bolsun. Men asla hokgabaz islämok — diýip, ýene-de ärine ýalbaryp başlady.

Garaz, olar şeýdip özara jedele giren wagtlarynda ýaňky kel usullyk bilen sandygyň ýanyna baryp, onuň gulpuna elini ýetirdi. Görse, gulpuň ilgençegi çüýräp giden eken. Onuň eli degen badyna ol döwlüp ýarysy eline geldi. Ony gören kel: «Içine bir gezek seredip göreýin-le. Bu sandygyň içinde näme barka?» diýip, sandygyň gapagyny az-kem galdyryp seretdi. Görse, içinde bir çyplak ýigit burulyp, iki eplenip ýatyr. Ony gören badyna ýaňky kel sandygyň gapagyny ýapyp, öz-özüne: «Gördüňmi, aýallarda wepa ýokdur» diýenleri çyn eken. «Sagynan göze çöp düşer» diýenleri dogry eken. Men aýalymy neneňsi sygynardym — goraglardym. Öz gözümden gysganardym. Gapyny mydama daşyndan gulplar giderdim. Hammama gitse, bile giderdim. Ahyrynda bolsa, oýnaşyny öz elim bilen göterip öýüme eltipdirin. Garawulbaşy hem edil meniň uçran derdime uçrapdyr. «Heý-wah, men özüm-özüme erbetlik edipdirin. Asla hiç zatdan habarym bolmandyr — diýip, özüni bu ýerden halas etmegiň pikirine gitdi. Onsoň garawulbaşa garap:

— Eý, ependi, gaharlanyp gazap atyna münme. Şägirt oglan sandygy gulplamandyr. Ine gulpy açyldy. Indi siz ümsümje boluň-da öz ýeriňizde oturyň. Size bir ajaýyp syr we oýun-tomaşa görkezeýin welin, beýle oýny hiç bir zamanda hiç bir

hokgabaz oýnanam däldir, görkezenem däldir. Munuň ýaly oýna tomaşa etdiren hem däldir. Men hem ömrümde hiç kimiň öýünde beýle hokgabazlyk oýnan däldirin. Hiç kim hem beýle ajaýyp syry gören däldir — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Meniň hem islegim şeýle — diýip, elindäki paltany ýerde goýup, aýaly bilen geçip oturdy hem-de «Bu kel neneňsi syr we neneňsi ajaýyp hokgabazlyk görkezerkä» diýip, garaşyp başlady. Garawulbaşynyň aýalynyň az-kem jany ýerine geldi, ýüregi düşüşdi. Şol wagt kel:

— Meniň garbalyp-elegim ýokdur. Maňa bir legenjik getirip beriň, şony kakaýyn — diýdi.

Garawulbaşy buýrdy welin, kenizler şol wagt bir legenjik getirip berdiler. Kel ol legeni eline alyp:

— Indi serediň, men şu sandykdan bir adam, şol duran güpden hem bir adam çykararyn. Goý, ikisi garşyma-garşy gelip, siziň öňüňizde oýnasynlar. Men legenjigi kakaryn, olar çykarlar — diýdi-de, legenjigi eline alyp kakyp başlady we:

— Serediň-ä, serediň, şimdi çykar ajaýyp, imdi çykar ajaýyp, şimdi çykar täsinlik, imdi çykar täsinlik, ajaýyba – ajaýyp, täsinlig-ä täsinlik — diýip, legenjigi kakyp sandygyň ýanyna gelip durdy-da, elini bir gezek çarpdy.

Soňra egilip assajykdan sandygyň içinde ýatan ýigide: «Syrtyňa depdigim gedi, seni bu sandygyň içine kim saldy? Eger gutulmak islegiň bar bolsa sandykdan çyk. Diňle, güpüň içinde hem bir nejis bar, ony hem çykararyn. Men legenjigi kakyp başlaryn welin, siz biri-biriňize garşyma-garşy durup, oýnaň. Oýnap ýörüşiňize hem gapy tarapa ýakynlaşyň. Soňra hem gapydan daşary çykyp ardyňyza öňüňize bakman gaçyň-da gutulyň. Ýogsam walla, garawulbaşy sizi şeýle bir urar welin, diriligiňiz zym-zyýat bolar. Häzir ýat, emma men aýdan wagtym çykarsyň — diýip, elindäki legenjigi çalyp barşyna gürüň ýanyna geldi. Soňra bir gezek elini çarryp, egilip, güpdäki ýatana garap:

— Syrtyňa depdigim gedi, güpe giren wagtyň seni gördüm. Eger, gutulmak islegiň bar bolsa: «Eý güpdäki kişi, gel, çyk» diýen wagtym güpden çykarsyň hem-de sandykdan çykan adam bilen garşyma-garşy durup oýnarsyň. Soňra hem lap-lap edip,

gapydan daşary çykyp halas bolarsyň. Ýogsam garawulbaşynyň elinden gutulyp bilmersiň — diýip aýtdy.

Soňra ýene-de:

— Sagynyp gorkmagyn. Men çykyň diýen badyma çykyň — diýip, mäkäm tabşyrdy.

Emma garawulbaşynyň aýaly oturan ýerinden gozganjyrap başlady, meňzi üýtgedi. Garawulbaşy aýalynyň meňziniň üýtgändigini görüp:

— Eý, janymyň janany! Ýüzüň beýle üýtgärdir-le. Onuň beýle üýtgemeginiň sebäbi nämedip? — diýip sorady.

Onda aýaly:

— Men gorkýaryn häzir bu sandyk bilen güpden neneňsi adamlar çykarka? — diýende, garawulbaşy:

— Eý, meniň janymyň janany, gorkma! Ol hokgabaz gözbagçydyr. Onuň sandygyndan we güpden çykarjak bolýan adamsy hakyky adam däldir. Hyýalda görkezýändir. Sagynyp gorkma. Gaty gowy oýun-tomaşa görkezse gerek. Seret tomaşa eýle — diýeninden soň aýalynyň biraz ýüregi düşüşdi, jany aram tapdy. Ol aýal oturan ýerinden: «Eger oýnaşym güpden çykan wagty, birdenkä, garawulbaşy ýagny ärim duýaýsa men näme jogap bererkäm» diýip oýlandy. Soňra bolsa «Hoş indi seredeýin, iş nirä baryp ýeterkä» diýip, arkaýyn oturdy.

Emma garawulbaşynyň özi hem hokgabaz sandygy hem-de güpi jadylandyr diýip çaklaýardy. Kel hokgabaz güpüň ýanyndan yzyna gaýdyp gelip, legenjigini kakyp ortarada durdy. Soňra garawulbaşa garap:

– Eý, ependi, buýruň, kenizler öýüň gapysyny açsynlar. Sandyga we güpe bolan jadylygymy tamam etdim. Ýöne bu görkezjek sungatym beýik sungatdyr. Gapylaryňyzyň açyk durmagy gerek. Sebäbi meniň işim kän bir oňuna bolman birden siziň gaşyňyzda utançly bolaýmagym mümkin. Meniň eden işim birden halanylman durmasyn. Çünki meniň bu etjek bolýan işimi hiç bir zamanda hiç bir hokgabaz görkezen däldir — diýende, garawulbaşy kenizlere emr etdi.

Kenizler ähli gapylary açdylar. Hokgabaz elindäki legenjigini kakan bolup:

— Şindi çykar ajaýyp, ajaýyb-a ajaýyp, indi çykar täsinlik, täsinlig-ä, täsinlik — diýip, sandygyň gapagyny açan badyna onuň içinden eneden dogandakysy ýaly çyp-ýalaňňaç bir adam çykyp, böküp-böküp tans edip oýnamaga başlady. Ony gören garawulbaşy aýalyna garap:

— Gaty ussat hokgabaz eken. Ajap, güpden hem birini çykaryp, garşyma-garşy oýnadarmyka — diýeninde aýaly:

— Sandykdan çykardy, güpden hem çykarsa gerek. Eger güpden hem bir adam çykaraýsa, ajaýyp oýun-tomaşa bolar — diýdi.

Kel hem eline depini alyp, orta geldi. Soňra güpüň ýanyna gelip:

— Haý, şindi çykar ajaýyp, ajaýyp hem täsinlik. Haý, indi çykar täsinlik, täsinlik hem ajaýyp. Hany güpden hem bir ajaýyplyk çyksyn — diýdi.

Garawulbaşynyň aýalynyň güpe salyp goýan oýnaşy bir gassap ýigitdi. Ol ýigit kel sözüni soňlan badyna eneden dogma çyp-ýalaňaç bolup güpden çykyp, sandykdan çykan kişi bilen garşyma-garşy durup lap-lap edip oýnamaga başladylar. Garawulbaşy aýalyna garap:

— Sagyn, gorkma meniň janjagazym. Bular hakyky adam däldirler, hyýalydyrlar — diýdi.

Güpden çykan gassap ýigit bilen sandykdan çykan ýigit garşyma-garşy durup oýnamaga başladylar. Oýnap ýörkäler kel olara garap: «gapy tarapa gidiň» diýip, yşarat etdi. Iki aýalyň oýnaşlary hem ortada oýnap ýörkäler keliň yşaratyny görüp, pursaty elden bermän, syçraşyp, lap-lap edip, gapa tarap ugradylar. Ondan hem gapy açyk bolansoň daşary çykyp gaçdylar. Kel olaryň halas bolanyny görenden soň öz-özüne: «Hile bilen olary halas etmek ökde hünär däldir. Ökde hünär özüňi hem halas etmekdir. Ýogsa, olaryň iýjek kötegini sen iýersiň» diýip oýlandy.

Garawulbaşy hokgabazyň bu eden işine haýran bolup, öz-özüne: «Kör hokgabaz gördüm, emma munuň ýaly ökde hokgabazy we onuň eden sungatyny ömrümde gören däldirin. Ol özüniň sandygyndan bir adam, meniň güpümden bir adam çykardy. Bu hünär örän ýokary hünärdir. Bu sungat beýik sungatdyr. Beýle zady hiç kim görenem däldir, eşidenem däldir» diýip, bolup geçen zatlardan hiç zat aňlaman, hakykatdan hem gözbagçylykdyr diýip hasaplap çuň pikire gitdi. Kel hem

garawulbaşynyň özüniň eden hilesine we sungatyna akyl ýetirip bilmän haýran galyp durandygyny aňlady. Onsoň:

— Eý, ependi, güpden ýa-da sandykdan adam çykarmak bu bir uly hünärem däldir, üýtgeşik sungatam däldir. Hünär ine şudur, häzir gidip, daşardan olaryň birini maýmyn edip, beýleki birini bolsa pişik edip getirip, garşyňyzda oýnatmakdyr. Ine, şonda hakyky hünäri görersiňiz. Hakyky syr hem şu syr bolar. Bu etjek bolýan sungatyma has hem haýran galarsyňyz — diýeninde garawulbaşy:

— Hawa, hany göreliň, eger ussat hokgabaz şu aýdan işini hem görkezse, onda bu görkezen sungaty üçin ol uly sowgat-serpaýa mynasyp bolar — diýende aýaly:

— Walla ependim, bu hokgabaz örän ussat eken. Ol bu sungat boýunça örän kämil hokgabaz eken. Görülmedik tomaşalar görkezýär. Eger ol ýaňky aýdýan sungatyny hem görkezse, onda onuň örän hünärmendigi has hem belli bolar. Onda ol sowgat-serpaýa hem haklydyr — diýdi.

Ol aýalyň bu sözlerden islegi garawulbaşyny höweslendirip, bir ýol bilen keli daşary çykaryp gaçyrmak, şeýdibem öz syryny paş etmezlikdi. Garawulbaşy:

— Hany göreýin sen ýene näme iş başararsyň — diýdi.

Kel öz köňlünde: «Bir daşary çykyp bilsem, oýun tomaşany şonda görersiň» diýip, syýlaryny çyzňar, garawulbaşa garap:

— Aga, ependi, iki adamyň birini maýmyn, beýlekisini hem pişik etsem bolýarmy, ýada birini eşek edeýinmi — diýdi.

Onda garawulbaşy:

— Eşegiň maýmyn bilen mynasybeti ýokdur. Gowusy pişik et — diýdi.

Onda kel:

— Onuň ýaly bolsa siz indi tomaşa ediň, görüň neneňsi edip hünär görkezerin, siz hem haýrana galyp maňa pisindiňiz oturar — diýdi.

Onda garawulbaşy ýene-de:

— Bol, hany göreli — diýip, ony gyssady.

Kel eline legenjigini alyp, syçrap ýerinden turup, legenjigi kakyp gapydan daşary çykdy-da, eglenmezden merdiwandan aşak düşüp, howlynyň gapysyndan

çykyp, gaçyp gitdi. Soňra öýüne gelip, gapysyny açyp, içeri girdi-de şol dem aýalyna talak berip, öz işine meşgul boldy.

Garawulbaşy ençe wagtlap garaşdy, emma görse hiç-hili gelýän-gidýän ýok. Aýaly bolsa, keliň gaçyp gidendigini bildi. Emma syr bermän, kele köňlünden doga-dilegler etdi. Garawulbaşy bolsa durup-durup, hokgabazyň gaçyp gidendigini bildi. Emma, ol bu bolup geçen zatlardan hiç bir zat aňlamady.

Eý, jan jigerlerim! Meniň bu kyssadan maksat-myradym ybrat-sapak bermekdir. Hiç wagt aýallaryň üstünde kökenek bolmaň hem-de aşa boş hem goýmaň. Çünki, olar egri gapyrgadan[8] hasyl bolandyrlar. Olary aşa dogurlaýyn diýseň hem döwler, boş goýsaň-da egreler.

Ýöne, Haktagalanyň özi ýaramazlaryň hakyndan çykýandyr. Şeýdip, ýaramazlar beýle aşa başa çykmazlar. Ýaramazlary-da Haktagala dogry ýola salsyn we olary gönülesin. Biz Hudaýtagaladan diňe şony diläliň.

## GUÝUMÇY USSANYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Gadymy döwürlerde Basra şäherinde bir ussat guýumçy (zergär) adam bardy. Ol tikinçilik sungatyndan-da örän ussatlyk bilen baş çykaryp bilýärdi. Ol öz döwrüniň iň kämilidi. Bir gün ol dükanynda ýagny zergärçilik ussahanasynda öz işi bilen meşgul bolup otyrka, birden seredip görse, garşysyndan köňülleri talaýjy bir näzenin zenan göni munuň dükanyna tarap ýöräp gelýär eken. Ol zenan gelip dükanyň öňünde durdy-da iki gulagyny açyp:

— Eý, ussa guýumçy (zergär), şu gulaklaryma mynasyp, gowy ysyrgaň barmy? — diýip sorady. Guýumçy hem:

— Howa, bardyr — diýip, yzyna bakyp sandygyny açyp, içinden bir mynasyp ysyrga çykaryp, näzenin zenana tarap öwrülse, görse ol aýal eýýäm gidip galypdyr, asla ondan sudur hem galmandyr. Muny gören guýumçynyň jany başyna syçrap, tiz

[8] Egri gapyrga – Bar bolan rowaýatlara görä How ene Adam atanyň çep gapyrgasyndan ýaradylypdyr. Şonuň üçin aýallara egri gapyrgadan ýaradylan diýipdirler.

dükanyndan daşary çykyp: «Ajap, şu tarapa gitdimikä» diýip, öňe-yza ýöräp, biraz gözledi. Emma tapmady. Onsoň yzyna gaýdyp gelip dükanynda oturdy. Emma hiç iş etmäge eli barmady. Hiç hili zat bilen hem köňli aram tapmady. Onsoň dükanyny ýapyp, aýlanmaga gitdi. Agşam düşýänçä gezip, aýlaň-çaýlaň etdi. Agşam düşenden soň bolsa gezelençden yzyna gaýdyp, gam-gussa batyp öýüne geldi. Onuň aýaly örän duýujydy. Ol äriniň melullygyndan bir zat aňyp:

— Haý, ependim, näme üçin gam-gussa batypsyň? — diýdi. Emma äri aýalyna hiç-hili jogap bermän «Haçan daň atarka» diýip, düşegine girip ýatdy. Emma gözlerine hiç hili uky gelmän, daşaryny gözläp ýatdy. Daň atyp, gün Kap dagynyň depesinden baş göterende älem öz nury bilen bütin älemi münewwer etdi. Guýumçy öýünden çykyp, segredim bilen (ylgyr) dükanyna baryp, işigi açyp, işine meşgul boldy. Emma gözlerini ýola dikip: «Ol näzenin bu gün hem gelermikä» diýip, çap tarapa bakýardy. Birden görse, şol düýnki näzenin garşydan görnüp, dogry dükana tarap gelýär. Ol ýene-de guýumçynyň dükanynyň öňüne gelip, durdy-da, boýnuny açyp:

— Ussa guýumçy, şu boýnuma mynasyp göwher bezegli altyn zynjyryň barmydyr — diýdi. Guýumçy:

— Howa, bardyr soltanym — diýip, ony sandykdan çykaryp yzyna bakyp seretse, ol näzenin ýene-de gaýyp bolupdyr.

Onsoň tiz dükandan çykyp: «Haýsy tarapa gitdikä» diýip, eýlesine-beýlesine garady. Emma hiç hili nam-nyşan tapmady. Dükanyna gelse-de işe-güýje eli barmady. Onsoň ýene-de dükanyny gulplar aýlanmaga gitdi. Agşama çenli gezip, aýlaň-çaýlaň etdi. Agşam düşenden soň gezelençden gaýdyp öýüne geldi. Gelip ýene-de gam-gussa batyp otyrdy. Ol ne gürleýärdi, ne-de gülýärdi. Aýaly görse, ýene-de äriniň ýüzi gülmez bolup, gam-gussa batypdyr. Onsoň aýaly:

— Eý, ependim, indi iki agşamdan bäri öýe gamgyn halda gelýärsiň. Seniň derdiň nämedip? Ýa-da bir kişiniň yşgyna düşdüňmi ýa-da iki günden bäri söwdaň oňmadymy, näme derdiň, gussaň bolsa, maňa aýt, menem bilip, iki bolup gama bataly. Eger, bir kimsä aşyk bolan bolsaň, şoňa görä bir çäre edeýin. Eger borjuň-bergiň bar bolsa, ony bermelimi ýa-da çaltlandyrmalymy şoňa görä iş edeýin. Eger,

söwdaň oňmadyk bolsa, oňa näme üçin gamgyn bolýarsyň? Bu gün oňmasa erte oňar — diýdi.

Emma guýumçy ýene-de aýalyna hiç zat diýmedi. Derrew düşege geçip süýnüp ýatdy. Emma gözleri diňe daňy gözledi. Daň atan badyna bolsa ýerinden turup, dükanyna gelip, işigini açyp işine meşgul boldy. Emma ýene-de eli işe barmady. Köňlünde: «Geň zat, apaty-döwran ýene gelermi, bu dili-weýrany abat kylarmy» diýip, oýlanyp otyrka birden şol näzenin garşydan peýda boldy. Ol näzenin ýene-de dogry guýumçynyň dükanynyň öňüne gelip, hynaly topuklaryny guýumçynyň öňünde goýup:

— Ussa guýumçy meniň şu topuklaryma-injiklerime mynasyp halkalaryň (halka, aýaga dakylýan bilezik) barmy? — diýip sorady.

Ussa:

— Bardyr meniň eýjejigim — diýip, sandygyndan halkany çykaryp, dönüp yzyna garasa, ýaňky näzenin ýene-de zym-zyýat bolupdyr.

Ussa derrew dükanyndan çykyp, öňe-yza, aşak-ýokary ylgap segräp gözlese-de ol näzeninden nam-nyşan tapmady. Ýene dükanyna gelse-de eli işe barman, köňli karar tapman dükanyny gulplamaga başlady. Gulplap durka görse oturan ýerinde bir biz parçasy bagly ýatyr. Ussa: «Bu nämekä» diýip, eline alyp görse içinde bir zat bar. Açyp görse, içinde bugdaý, arpa, merjimek[9], nohut, baklajan, atyň tezegi, sygryň tezegi we düýäniň gumalagy bar bolup, olaryň ählisini bir ýere goşup, esgä dolapdyr. Guýumçy zergär öz-özüne: «Munuň nireden we kimden düşendigini kim bilýär» diýip, ol bizi ýene-de daňyp, meýdana oklap goýberdi. Soňra dükanyny ýapyp, aýlanmaga gitdi. Agşama çenli aýlaň-çaýlaň edip, agşam düşende ýene-de gam-gussa batyp, ýadaw halda, ýüz-gözüni eňşedip, öýüne geldi. Aýaly bu gezek hem ärini beýle gamgyn ýagdaýda görüp: «Ependim näme boldy? Seniň hal-ahwalyň neneňsidir. Üç gijeden bäri meniň bişirýän aşym iýilmez bolup, itlere dökülýär. Elbetde, indi tiz ahwalyňy maňa aýdarsyň ýa-da meni boşadarsyň — diýdi.

Guýumçy-zergär aýalyny örän gowy görýärdi. Oňa örän muhabbeti bardy. Onsoň ol bialaç bolup:

---

9

— Haý, keýwany, diňle, üç günden bäri meniň dükanyma bir aýal gelýär. Ol ilkinji gelen güni iki gulagyny açyp görkezip: «Eý, ussa, şu gulaklaryma mynasyp gowy gulaksyrgaň barmy» diýip sorady. Men hem: «Howa, bardyr» diýip, syrgany sandykdan çykaryp, yzyma garasam, ol eýýäm gidipdir. Derrew çykyp yzyndan seretsem nirä we haýsy tarapa gidendigini bilip bilmedim. Onsoň dükanyma geldim. Emma elim işe barmady. Dükany ýaryp, aýlanmaga başladym. Agşama çenli gezim edip aýlandym. Agşam öýe geldim. Ertesi gün, ýagny düýn daňdan turup, ýene dükana gitdim. Baryp işime meşgul bolup başladym. Şol wagt ýene-de ol zenan garşymdan peýda boldy. Gelşine-de dükanymyň ýanyna gelip, bir gezek boýnuny açyp görkezip: «Eý ussa, boýnuma mynasyp altyn zynjyryň barmy» diýip sorady. Men: «Bardyr mähribanym» diýip, sandykdan zynjyry çykaryp, yzyma seretsem ol ýene-de giden ekeni. Men ýene-de derrew dükandan çykyp yzyndan seretsem ýene-de zym-zyýat bolan ekeni. Yzyma gaýdyp dükanyma girip, işlejek bolsam, elim işe barmady. Onsoň ýene-de aýlanmaga gitdim. Agşama çenli aýlandym, agşam düşende bolsa öýe geldim. Ýatsam-da gözüme uky gelmedi. Daň atandan soň ýagny şu gün hem irden turup dükana bardym. Geçip işlemäge başladym. Hyýalymda: «Geň zat, bu gün hem gelermikä» diýip, gözlerim ýoldady. Birden garşymdan ýene-de şol näzenin peýda boldy-da göni dükanyň öňüne geldi. Gelen badyna-da hynaly topuklaryny galdyryp, dükanyň tekjesiniň üstünde goýup: «Eý, ussa, meniň şu topuklaryma mynasyp halkalaryň barmy» diýip sorady. Men hem: ««Bardyr ependim» diýip, sandygy açyp halkany çykaryp yzyma baksam, ýaňky zenan ýene-de gaýyp bolupdyr. Duran ýerinde ýeller öwüsýär. Ýene-de ylgap, daşary çykyp oýana-buýana, aşaga-ýokary seretdim. Edil ýer ýuwudan ýalydy. Hiç hili nam-nyşan tapmadym. Yzyma dolanyp dükanyma gaýdyp, geldim. Emma ýene-de elim işe barmady. Sabyr-kararym galman derrew dükanymy ýapyp aýlanmaga gitdim. Ine-de, agşam düşende öýe geldim. Bilmedim, meniň ýagdaýym nähili bolar?!

Guýumçy-zergär şeýle diýip, biygtyýar aglady. Onda aýaly:

— Be, janym, bu gün üç gündür, bir näzenin gelip gidip, ilkinji gün saňa gulaklaryny synladypdyr, ikinji gün boýnuny syn etdiripdir, üçünji gün bolsa

topuklaryny görkezipdir, şeýdibem köňlüňi tutuşlygyna eliňden alypdyr. Şu üç günüň içinde, heý, bir zat taşlanyp ýa-da bir üm-yşaratyny aňlamadyňmy? — diýdi.

Onda guýumçy-zergär:

— Ýok duýmadym. Emma şu gün yzyndan ylgap, tapmanymdan soň, ýene dükanyma gelip seretsem, oturan ýerimde bir bölek biz bar ekeni. Men «Geň zat, kimden gaçyp galdyka» diýip, meýdana zyňmak üçin elime alyp görsem, ujunda bir düwün bar. «Bu nämekä» diýip, çözüp gördüm. Görsem, içinde bugdaý, arpa, baklajan, nohut, merjimek, atyň tezegi, sygryň tezegi we düýäniň gumalagy bar eken. Olaryň ählisini bir ýere jemläp düwüpdir. Onuň kimden gaçyp galanyny kim bilýär. Onsoň ony meýdana zyňdym. Gaýry hiç bir zat görmedim — diýdi.

Onda aýaly:

— Ol saňa örän oňat üm-yşarat edipdir. Emma sen aňmansyň — diýdi.

Guýumçy-zergär muny eşidip, şolbada aýalynyň öňüne, ýagny aýagyna ýykylyp aglap ýalbardy. Aýalyň ýüregi äriniň bu halyna dözmedi. Ol:

— Eý, dertment bende, ol aýal saňa üm-yşarat (syr) bilen: «Biziň öýümiz ot (bede, saman) bazaryndadyr» diýipdir — diýdi.

Onda guýumçy-zergär:

— Eý, hatyn, sen muny nädip bildiň — diýip sorady.

Aýaly ýene-de:

— Şol tapyp alan biz böleginiň içine düwlen bugdaý, arpa, merjimek, nohut, baklajan, at gumalagy, düýe gumalagy, sygyr gumalagy, bularyň bary ot bazarynda jem bolýandyr. Gaýry ýerde jem bolmaz.

Indi ertir ir bilen turup, geýnip guşanyp, soňra seýran edip, ot bazaryna baryp dur. Ol aýal nirede bolsa-da seni görer hem-de, elbetde, saňa bir üm we yşarat eder. Şondan soňra meniň ýanyma gel-de nähili yşarat eden bolsa, maňa aýt. Onuň üm-yşaratyna görä, men saňa maslahat bereýin. Onsoň baryp, tanyşarsyň diýende, guýumçy-zergär aýalynyň jogabyny makul görüp, biraz köňli şat boldy.

Gepiň keltesi, nahar edindiler, soňra aýaly düşek ýazdy, ikisi-de ýatdylar.

Daň atan badyna guýumçy-zergär ýerinden turup, donuny geýip, sellesini başyna orap, gözlerine sürme çekip, aýalbazlaryň adaty ýaly bilini çekip guşady. Soňra

öýünden çykyp ýap-ýap edip, ot bazaryna tarap ugrady. Ol ot bazaryna baryp bir çüňkde durup, çar tarapyna garanjaklap başlady. Birdenkä, görse, garşysynda bir çertekden özüni synlap durlar ekeni. Şol tarapa gözi düşen badyna ol zenan özüni çertegiň penjiresinden biraz görkezdi. Şondan soň özüniň ýüz-gözüni görýän kiçijik aýnasyny başdaňysyndan çykaryp alyp, ilki onuň ýüz görülýän tarapyny guýumça görkezip, soňra ony beýleki görülmeýän tarapyna dönderip aýnanyň ters ýüzüni görkezdi hem-de ony başdaňysyna sokup, içeri girip gitdi. Guýumçy zergär: «Ol zenan ýene-de çykyp, maňa bir üm-yşarat eder, onsoň men hem şol üm-yşaraty aňlap aýalyma aýdaýyn» diýip, uzak wagtlap garaşdy. Emma ol aýal asla çykmady. Guýumçy gam-gussa batyp, öýüne gelende aýaly:

— Eý, ependim, sen ýene näme üçin gam-gussa batyrsyň? Ýa-da ony tapmadyňmy? — diýip sorady.

Guýumçy:

— Tapdym, emma meni görenden başdaňysyndan bir aýna çykaryp, ilki maňa onuň ýüz tarapyny görkezdi, soňra tersine öwrüp, arkasyny görkezdi-de ýene-de başdaňysyna salyp içeri girip gitdi. Men hem: «Ýene-de gelip, maňa bir üm-yşarat eder. Onsoň men hem ony saňa aýdyp bererin, şoňa görä hem bir maslahat ederis» diýip, kör garaşdym. Emma, ol çykyp hiç hili üm-yşarat etmedi —diýdi.

Onda aýaly:

— Ol saňa örän oňat üm-yşarat edipdir. Emma, sen ony duýmansyň — diýdi.

Guýumçy:

— Ol nähili üm-yşarat edipdir? — diýip sorady.

Aýaly:

— Ol aýal başdaňysyndan aýna çykaryp, onuň ýüz tarapyny görkezende saňa:

— Häzir gündiz, sen gije gel — diýipdir.

Ol aýal eglenmän şol bada içeri girmek bilen saňa: «Sen-de bu ýerde eglenme tiz git» diýipdir — diýdi.

Aýalyndan beýle söz eşiden guýumçy-zergär örän şatlanyp, köňli dükana barmak islemän: «Agşam haçan bolarka?» diýip, gözlerini agşama dikip oturdy. Agşam düşende nahar iýdiler. Aýaly:

— Tur, häzir saňa ol aýal garaşýandyr — diýdi.

Guýumçy ussa begenip, ýerinden turup, donuny egnine atyp ugrajak bolan mahaly aýaly:

— Saňa bir sözüm bar, diňle, ol gözleýän aýalyň örän meşhur mekir aýala meňzeýär. Ol aýal senden öň birnäçe kişini getirip, olar bilen gürleşen bolmagy ähtimal. Olar seni gören kişi bolup, derrew ele salsalar gerek. Diňle, eger başyňa şolar ýaly bir iş düşse derrew näme etseň et-de, meni habardar et. Gije eken, gündiz eken diýme. Maňa habar ýetip. Men baryp seni halas ederin. Emma, iberen adamyňa berk tabşyr, hiç wagt gelip, gapyny kakmasyn. Goý, ol adam eline üç sany daş alsyn. Birini jaýyň üstüne zyňsyn, birini gapa ursun. Eger seni zyndana eltip, zyndandaky guýynyň içine oklap, sarap taşlasalar, şol daşlaryň birini penjireden içeri zyňsyn — diýip, ärini gapa çenli ugratdy.

Aýal ärini ugradandan soň gapyny ýapyp içeri girdi-de işine meşgul boldy. Guýumçy-zergär gapydan daşary çykyp gapyny daşyndan mäkämledi. Ondan soň bolsa ol hatynyň ýanyna tarap ugrady. Guýumçy hatyny tapyp, onuň öýüne baryp, onuň bilen aýşy-eşrete meşgul bolup oturdy. Şol wagt hem gapy kakylyp garawullar içeri girdiler we olaryň ikisini hem bilelikde tutup, zyndana tarap alyp gitdiler. Getirip zyndana salmak üçin zyndanbana tabşyrdylar. Her kim öýlerine gidenden soň, guýumçynyň ýadyna aýalynyň aýdan sözleri düşdi. Onsoň ol zyndançyny ýanyna çagyrdy. Zyndançy gelip:

— Eý, ýigit näme üçin çagyrdyň. Menden näme istärsiň? — diýip sorady.

Guýumçy:

— Merhemet et. Men seniň eliňe bir altyn teňňe bereýin. Ýöne sen meniň öýüme, maşgalama meniň halymdan habar ber. Ýöne baran wagtyň hiç wagt gapyny kakmagyn. Eliňe üç sany daş alyp gitgin. Sen ol daşyň birini tamyň üstüne zyň, ikinjisini gapa ur, ondan soňra üçünji daşy hem penjireden içeri okla. Başga artyk söz sözleme, bar git — diýip tabşyrdy.

Zyndançy altyny alyp, ýerine başga birini goýup, salgy berlen öýe tarap gitdi. Ol salgy berlen öýi tapyp, guýumçynyň aýdyşy ýaly eline üç sany daşy aldy. Olaryň birini tamyň üstüne zyňdy. Ol aýal uklaman, gulagyny daşary tutup otyrdy. Tamyň

üstüne bir daşyň düşendigini eşidip, äri tarapyndan bir habaryň gelendigini bildi. Onsoň tizlik bilen ýerinden turdy. Onuň bir kenizegi bardy. Ol ony ýanyna çagyryp:

— Eý, gyz, tiz ýeriňden tur. Ependimizi tutupdyrlar — diýdi.

Onýança zyndançy daşyň ýene birini gapa urdy. Ony eşiden aýal:

— Tiz bol, eý gyz, ependimizi zyndana atypdyrlar — diýdi.

Zyndançy iň soňky galan daşy hem penjireden içeri oklady-da, gaýry hiç bir söz diýmedi-de, yzyna tarap gitdi. Ol aýal bolsa muny görüp kenizine:

— Eý gyz, ependimizi zyndanda, bir guýynyň düýbüne oklapdyrlar — diýip, bu habary oňa ýetirdi. Özi bolsa tiz geýnip, guşanyp, bürenjegini başyna büräp, gijäniň içinde ýalňyz özi ýola düşdi. Ol zyndanyň ýanyna gelip, zyndança:

— Bir är bilen tutulan bir aýaly getirdiňizmi? — diýip sorady.

Zyndançy:

— Hawa getirdiler — diýip, jogap berdi.

Onda aýal:

— Şol adam meniň ärimdir. Men her zaman, hemişe oňa: «Sagyn, ol aýal bilen gürleşme, bir gün seni basyp tutarlar» diýip, kän aýdardym. Emma, ol hiç wagt meniň sözüme gulak asmady, asla diňlemek hem islemedi. Ine, men saňa bir altyn bereýin. Sen olary daşary-ha çykarmarsyň, ýöne meni aşak, olaryň ýanyna sallap düşüp. Aşak düşüp, ikisi bir ýerdekä ýüzlerine bir tüýküreýin. Ondan soň öýe gitjek — diýdi.

Zyndançy altyny alyp, ol aýalyň biline bir ýüp daňyp, ony guýa sallady. Aýal guýynyň düýbüne ýeten badyna, tiz bularyň üstlerinden daňylgy duran ýüpi çözüp, ol aýaly ýorgandan çykardy. Soňra özi çykarynyp, eneden dogma ýalaňaç boldy. Ähli egin-eşiklerini we lybaslaryny beýleki aýala geýdirip, özi çyplak äriniň goýnuna-gujagyna girdi we goluny-goluna dolap saralyşyp-çyrmaşyp ýatdy. Soňra guýumçynyň-zergäriň aýaly beýleki «ady belli» aýala:

— Tiz bol, durma, bizi urgana mäkäm sarap, meniň ähli lybaslarymy geý-de, meniň sallanyp düşen urganymy biliňe baglap, gygyr. Zyndançy seni ýokary çekip çykarsyn. Ýöne hiç bir söz sözleme, yzyňa bakma, bar öýüňe git — diýdi.

Ol aýal: «Pursat ganymatdyr» diýip, sallanyp duran urgany biline mäkäm baglap, soňra bolsa beýleki urgan bilen olary biri-birine mäkäm edip sarady. Ondan

soň bolsa zyndança guýynyň agzynda duran ýerinden urgany çek diýip gygyrdy we urgany bir ýola silkedi. Muny gören zyndançy guýynyň agzynda duran ýerinden ol aýaly urgan bilen çekip daşary çykardy. Ol aýal söz-sözlemezden daşyna çykdy-da öýüne baka gitdi. Öýüniň gapysyny açyp, içeri girip, arkaýyn-asuda ýagdaýda, rahat oturdy.

Daň atdy. Jelalat ertir namazyny okap, ymamy we beýleki adamlary jemläp, murtlaryny palta kesmez topar bilen gelip, guýumçyny aýaly bilen bile saralgy görnüşde zyndandan çykaryp aldylar. Soň bolsa ýorgany we düşegi bilen bile zemmeriň[10] üstüne berkidip, hormatly kazynyň huzuryna getirdiler. Ymam öňe çykyp, kaza garap:

— Eý, kazy ependi, biziň mähellämizde bir «meşhur» aýal bar. Biz onuň elinden ejiz we biçäre bolup galdyk. Ençeme gezek göz astyna aldyk. Ol her gün diýen ýaly öýüne ýaş ýigitleri getirýär. Biz ony tutmakçy bolup, şu jemagat bilen gapysyna baryp, işigini açdyryp içeri girdigimiz ol ýat kişi ýom-ýok bolaýýar. Biz ony nirä gaçyrýandygyny ýa-da nirede gizleýändigini bilmezdik. Bu gije bolsa bu adam gelip içeri girdi. Onsoň biz: «Eger häzir biz eglenmezden baryp içeri girmesek ol ony ýene-de gaçyryp bir ýerde gizläp, onsoň biz ony tapyp bilmeris. Biz gidenimizden soňra bolsa ol oýnaşyny çykaryp ýene-de aýşy-eşrete meşgul bolar. Gowusy biz muňa şeýle mekirlik bilen çäre göreli. Edil şu wagt biz oňa biraz päsgel bermäliň. Goý, olar doly iýir-içsinler. Haçan-da ýatanlaryndan soňra diwardan aşyp girip, çyrmaşyp ýatyrkalar hiç hili gymyldatman örtükleri bilen bile sarap, zemmere berkidip, zyndana salalyň. Daňdan hem hormatly kazynyň huzuryna eltip, şol ýerde çözüp, ikisini hem eneden dogma edip çykararys diýen karara geldik. Hakykatdan hem diýşimiz ýaly edip häzir siziň huzuryňyza getirdik — diýdi. Muny eşiden kazy:

— Çözüň onda, bulary görüp olaryň haklaryndan çykalyň — diýdi. Şonda kethudalaryň biri hemmeden öňe çykyp, olaryň üstündäki urganlary çözdi hem-de üstlerindäki ýorgany serpdi. Şol wagt guýumçy aýaly bilen bile düşekden galkyp turdylar. Aýaly şol wagt derrew ýorgany üstüne alyp, bürenip, kazynyň öňüne gelip, perýat we pygan edip başlady. Guýumçy hem bir ýanyndan gykylyklap:

[10] Zemmer - nosylka

— Eý, hormatly kazy, eýsem hiç bir kişi dost öýüne barmasynmy. Düýn halalym, ýagny, aýalym bilen myhmançylyga barypdyk. Agşama çenli iýdik-içdik. Agşam bolanda hem bizi göýbermediler. Onsoň şolarda ýatdyk. Agşam hem bu jellatlar diwardan aşyp gelip, aýalym bilen bile ýatyrkam tutup alyp siziň ýanyňyza getirdiler. Biz hiç zat duýmadyk. Diňe üstümize gelenlerinde bilip galdyk. Bularyň näme sebäpden beýle edendiklerini bilmedik. Olar ikimizi düşegimiz bilen bilelikde berk urgan bilen baglap alyp gaýtdylar. Soňra hem zyndanyň düýbündäki guýa salladylar. Daňa çenli bagly bentli ýatdyk. Ine, häzir hem siziň huzuryňyza getirdiler. Indi siz Resulyň namazlygynyň üstünde (pygamber ornunda) otyrsyňyz. Bu gün biziň hakymyzy bulardan alyp berip, adyllyk we adalatlylyk ediň — diýip, aýaly bilen bilelikde perýat we pygan edip uly gykylyk turuzdylar.

Onsoň kazy hem bu jellada gaharlandy. Ilki ymam ependi, soňra azançy, ondan soň kethuda jerime çekdiler. Galan jemagat hem ýagdaýyň üýtgändigini aňdylar. Olar hem jerime çekdiler. Galan-gaçanlaryny gözlediler, emma tapyp bilmediler. Ondan soňra olar guýumça we onuň aýalyna egin-eşik getirip, geýdirdiler. Onsoň guýumçy:

— Eý, hormatly kazy! Allatagala sizden razy we hoşnut bolsun. Bulardan biziň arymyzy alyp berdiňiz — diýip, minnetdarlyk dogalaryny okadylar.

Soňra guýumçy aýaly bilen yzyna gaýdyp öýlerine geldiler. Öýüne gelenlerinden soň guýumçy egilip, aýalynyň elini öprüp oňa çäksiz minnetdarlyk bildirdi. Soňra olar birnäçe ýyllar biri-biri bilen agzybirlikde ýaşap, zowhy-sapalar sürdüler.

Aýallarda bular ýaly hem mekirlikler bolupdyr. Kyssadan akyl eýelerine beriljek maslahat, olaryň her bir işde pähim-paýhas eýlemekleriniň gerekdigini aýtmakdyr.

## ŞEMGUNYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Rowaýatçylar şeýle rowaýat edipdirler:

Gadym zamanlarda beni Ysraýylyň döwründe bir abyt we zahyt bar eken. Ol şeýle bir abyt (takwa) eken welin, gündizi saýyl (agzy bekli) we gijesi kaýyl (ýatman ybadat etmeklik) eken.

Bu abyt özüniň tutuş ömrüni namaz, oraza we ybadat bilen geçiripdir. Şeýle hem, ol ömrüniň köp bölegini gazawat edip, ýagny kapyrlar bilen söweş edip geçiripdir. Şeýdip ol Allatagalanyň ýolunda yhlas-tagalla baryny edip ýaşar ekeni.

Onuň bir düýe çekisi[11] bar eken. Ol elmydam oňa daýanardy. Heran-haçan ol abydyň garny ajygsa, şol düýe çekisini agzyna salardy welin şol düýe çekisinden dürli-dümen jennet tagamlary agzyna girerdi we doýardy. Suwsan wagtynda hem şol düýe çekisini agzyna salardy welin dişleriniň arasyndan abyhaýat mysaly suwlar akyp, ganýança içerdi. Ol şol görnüşde birnäçe aý kapyrlar bilen söweşip, jeň ederdi. Her gün kapyrlardan birnäçesini gyrardy. Asla şu wagta çenli kapyrlar bir gezek hem ondan üstün çykyp bilmändiler. Gaýtam onuň elinden ejiz we biçäre bolup, zar-u zebun çekerdiler. Ol döwletli, takwa we danadaryň mübärek adyna Şemgun diýerdiler. Şemgun Päk we Belent Allanyň doga-dilegi kabul bolýan bir bendesidi. Kapyrlar Şemgunyň elinden ýaňa dermansyz derde sataşyp gan aglardylar. Söweşdir jeň bilen oňa garşy durup bilmezdiler. Onsoň kapyrlar başga bir hile gurmagyň pikirini edip başladylar. Olar munuň ýolundan nädip üstün çykyp bolar diýip, birküç gün maslahat edip oturdylar. Ahyrynda bolsa şeýle netijä geldiler.

Şemgunyň bir görmegeý aýaly bardy. Ol husn-u jemalda Züleýha bilen bäsleşerdi. Şemgun aýalyny örän gowy görýärdi. Asla onuň bir sözüni iki aýtdyrmazdy. Kapyrlar bu ýagdaýy bilip özaralarynda dil birikdirip: «Biz baryp Şemgunyň aýalyna kör mal we baýlyk bereli. Goý ol gije ýatyrka ärini tutup baglap bize habar bersin. Onsoň biz ony başga ýere eltip öldüreris we şeýdip onuň elinden gutularys» diýen netijä geldiler. Şeýdip bäş-on sany kapyr bir ýere jemlenip, şol aýalyň ýanyna bardylar we oňa:

— Eý, hatyn, biz seniň ýanyňa näme üçin geldik, bilýärmiň? – diýip soradylar.

Ol aýal:

---

[11] Bu ýerde hasa, taýak, tokmak çokmak manysynda gelýän bolsa gerek.

— Ýok, bilemok! Aýdyň, näme üçin geldiňiz? — diýdi. Onda kapyrlar:

— Biz saňa köp mal-pul we göwherler getirdik. Sen bulary al-da bize öz adamyňy tutup, onuň el-aýagyny baglap ber. Onsoň sen bu baýlyklary alarsyň we edil patyşanyň aýaly ýaly bolup, uly döwlete eýe bolarsyň — diýdiler.

Bu söze ol aýalyň göwni gidip:

— Siz gaýgy etmäň. Men ony tutup baglap, size habar ederin. Onsoň näme ederin diýseňiz özüňiz bilýärsiňiz — diýdi.

Kapyrlar bu habary eşidip mes bolup, yzlaryna gaýtdylar. Şemgun hem gazawatdan gaýdyp geldi we ýadaw halda öýüne girdi. Ol şol wagt hem uka galyp bolup ýatyp galdy. Bu melgun hatyn şol wagt uklap ýatan äriniň elini-aýagyny mäkäm baglady. Biraz wagtdan soňra Şemgun oýandy. Görse, eli-aýagy mäkäm baglanypdyr, ýanynda bolsa, aýalyndan başga hiç kim ýok. Onsoň ol aýalyna garap:

— Eý, hatyn, meniň el-aýagymy kim baglady — diýip sorady.

Aýaly:

— Seniň güýç-kuwwatyňy barlamak üçin men bagladym — diýdi.

Şol wagty Şemgun: «Ýa Alla» diýip, bir gezek gygyrdy welin, bentleriň hemmesi gyrlyp taşlandy. Birküç günden soňra ol takwa kişi ýene-de kapyrlar bilen gazawat etmäge gitdi we olar bilen söweşip ýene-de birnäçesini gyrdy. Ol ýene-de gazawatdan ýadaw halda gaýdyp geldi-de uka gitdi. Şol wagt ýaňky melgun aýal ýene-de onuň elini aýagyny zynjyr bilen mäkäm edip baglady. Zynjyry bolsa başga bir zada berkidip goýdy. Şemgun oýanyp görse, eli-aýagy zynjyra mäkäm baglanypdyr. Ol hem başga bir zada berkidilipdir. Onsoň ol aýalyna:

— Meni kim zynjyr bilen baglap goýdy — diýip sorady.

Ol melgun hatyn:

— Bu gezek hem seniň güýç-kuwwatyňy barlamak üçin men bagladym, hany göreýin, demir zynjyry hem gyryp bilermikäň — diýdi.

Şonda Şemgun aýalyna garap:

— Eý, akmak heleý meni dünýäde hiç bir zat bilen baglap saklap bolmaz. Diňe başymdaky saçym bilen baglansa saklap bolar — diýdi.

Ol aýal bu sözi eşidip hiç zat diýmän ümsüm boldy. Soňra Şemgun ýene-de bir gezek «Ýa Alla» diýip, ol demir zynjyry hem gyryp taşlady. Aradan birküç gün geçenden soňra Şemgun ýene-de kapyrlar bilen gazawat etdi we gazawatdan ýadaw halda öýüne gelip, ýatyp galdy. Ol melgun hatyn bolsa onuň saçyndan bir mukdaryny gyrkyp alyp, Şemgunyň el-aýagyny mäkäm baglap, bent edip goýdy. Birnäçe wagtdan soňra Şemgun oýanyp görse, eli-aýagy mäkäm baglanypdyr. Onsoň aýalyna:

— Eý, hatyn, menin el-aýagymy kim baglady — diýip sorady.

Ol melgun hatyn bolsa:

— Seniň güýç-kuwwatyňy barlap görmek üçin men bagladym. Hany göreýin, saçyňy-da gyryp bilermikäň — diýdi.

Onda Şemgun:

— Muny gyryp taşlamak elimden gelmez — diýip, birnäçe gezek zor salyp gördi.

Emma ol saçyň bir taryny hem üzüp bilmedi. Melgun hatyn hem bu ýagdaýy gören badyna şol wagt daşary çykdy. Çünki ol bu töwerekde birnäçe kapyry bukuda ýygşyryp goýupdy. Biwera hatyn derrew şolaryň ýanyna baryp, ol kapyrlara bu ýagdaýy habar berdi. Kapyrlar hem şol wagt ylgaşyp gelip, Şemgunyň öýüne girdiler. Ony bentli ýagdaýda gören batlaryna ony çekeläp, süýrekläp, patyşalarynyň ýanyna getirdiler. Ol melgun bolsa Şemgunyň burnuny we gulagyny kesmekligi buýrdy. Soňra bolsa onuň mübärek gözlerini oýup çykardylar. Ahyrynda bolsa olar kapyrlar bilen jeň edip, kapyrlary gyran ellerini we aýaklaryny gazawada äkidip, kesip para-para etdiler. Ol asly haram bolan melgun we haýyn hatyn bolsa, äriniň bu hala düşenini görse-de, oňa merhemet we şepagat etmedi. Gaýtam oňa tomaşa bilen bakyp durdy.

Şol wagt asmandan: «Eý, meniň wepaly gulum! Menden näme dilegiň bar bolsa dile. Men seniň dilegiňi rowa ederin» diýen owaz geldi. Ol bende mätäçlik bilen: «Eý, Rebbim, meniň dilegim şeýle! Maňa kuwwat ber, men şu kapyrlary heläk edeýin» diýdi. Şol bada ol takwanyň ähli kesilen agzalary ýene-de öňküsi ýaly sag we sagat bolup, ýerli-ýerine geldi. Güýç-kuwwaty hem öňküsi ýaly bolup gaýdyp geldi.

Bu kapyrlaryň üýşüp oturan ýeri bir öýüň içidi. Bu öýüň ortasynda bir mäkäm duran direg bardy. Şemgun derrew öýüň ortasynda duran direge el urup «Ýa Alla» diýip, ony çekip sogurdy. Şol bada hem bu öý, içinde oturan kapyrlaryň üstlerine ýykyldy. Kapyrlaryň ählisi heläk boldy. Ol melgun hatyn hem şolar bilen bile oturdy. Ol hem heläk bolup, eden erbet işi öz başyndan indi.

Hawa, eý, jan-jigerim, mähribanlarym! Gördüňmi, hatynlar gör nähili merhemetsiz we şeragatsyz bolupdyrlar. Ol hatyn bu takwa adamsy bilen ýetmiş ýyl ömür sürüpdir. Onuň näçe nan-u nygmatyny iýipdir. Emma ahyrynda onuň duz-çöregini basgylap ärini ne hala salypdyr. Oňa merhemet we şeragat etmegiň deregine, gaýtam, ony para-para edipdir. Ýöne özi hem öz eden işine duçar bolupdyr. Diýmek, hatyn jynsynda wepa ýokdur. Oňa bu hekaýat hem şaýatdyr. Asla wepaly bolmaklyk göz öňüne hem tutulan däldir. Howa, mähribanlarym! Jahanda üç zatda wepa ýokdur: biri aýal, biri gylyç, ýene biri hem atdyr. Oňatja pähim ediň, şonda bu zatlaryň hemmesine düşünersiňiz. Ine, bu hekaýat hem şu ýerde tamam boldy.

## MÄLIK DENAN ŞANYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Rowaýatçylar şeýle rowaýat we şeýle hekaýat edipdirler:

Hindistanda we Çyn-maçyn ülkelerinde bir atly patyşa, ýagny dünýä meşhur şa bar eken. Onuň adyna Şähriýar diýer ekeni.

Ol öz hökümini tutuş ýurdunda ýöreder eken. Şähriýaryň iki sany ogly bar eken. Biriniň ady Mälik Jepbardy, beýlekisiniň ady bolsa, Mälik Denandy. Uly dogany Mälik Jepbar Hindistana we Çyn-maçyn ülkelerine hökümdarlyk ederdi, kiçi dogany Mälik Denan bolsa Samarkant welaýatyna höküm ederdi. Bu iki şazadanyň at owazasy bütin äleme ýaýrady. Bular beýleki patyşalardan paç we hyraç alardylar. Daş-töweregindäki patyşalar her ýyl bulara sowgat-serpaýlar we peşgeşler ibererdiler. Dünýälik babatda bularyň asla hiç bir zada mätäçlikleri ýokdy. Ähli etrapdyr obalar olaryň mal-hazynasyndan dos-doludy.

Rowaýatçylaryň aýtmaklaryna görä günlerde bir gün Mälik Jepbaryň kalbyna kiçi gardaşy mälik Denanyň muhabbeti düşüp, onuň bilen didarlaşmagyň arzuwyny

edip ugrady. Ahyrynda artyk sabyr-takat edip bilmän, tizden-tiz wezirleriniň birine Mälik Denana bolan muhabbetini beýan edip bir nama ýazmagy emr etdi. Onuň permanyna laýyklykda wezirler bir nama ýazdylar-da ony Mälik Jepbaryň eline berdiler. Ol namany okap bolandan soň aşagyna möhür basyp, ony bir weziriň eline berdi we oňa:

— Eý, gardaş! Tizden-tiz Samarkanda bar we bu muhabbetden doly namany eziz doganym mälik Denanyň hut öz eline ber. Dilden hem oňa saglyk-salamymyzy we doga-dileglerimizi ýetip. Şeýle-de oňa bolan doganlyk muhabbetimiziň we görmek hyjuwymyzyň soňky derejä ýetendigini aýan et. Goý, ol tizden-tiz öz ýerine birini oruntutar-naýyp bellär, özi göwnüniň we kalbynyň isleýän, ýüreginiň küýseýän, adamlaryny alyp Hindistana gelsin. Bu ötegçi dünýäde hut onuň özi bilen birküç gün aýyş-eşret, zowky-söhbet, aýdym-saz, şagalaň we şadyýanlyk edip keýpi-sapa süreliň. Çünki bu şatlykly durmuş baky, juwanlyk ömür bolsa hemişelik däldir — diýip, dil bilen aýtmaly sözlerini hem tamam etdi.

Ertesi bu wezir kyrk-elli töweregi adam bilen Hindistandan çykyp, göçe-gona, iýe-içe sähradyr, düzlükleri söküp, niredesiň Samarkant diýip, ýola rowana boldular.

Ahyry günlerde bir gün Samarkant serhedine gadam basyp, Samarkant şäherine gelip ýetdi. Ol baş weziriň köşgüni sorap gelip, onuň köşgünde düşledi. Soňra baş wezir bilen görşüp, oňa özüniň Hindistanyň patyşasy Mälik Jepbaryň ýanyndan gelendigini we näme üçin gelendigini beýan etdi. Olar bir-birlerinden hal-ahwal soraşdylar. Soňra baş wezir öz patyşasy Mälik Denana Hindistanyň patyşasy Mälik Jepbaryň ýakyn (aýratyn) weziriniň gelendigini mälim etdi. Mälik Denan şa hem ol weziri ýanyna getirmeklerini emr etdi. Baş wezir Hindistanyň patyşasynyň weziriniň öňüne düşüp, patyşanyň adamlary kabul edýän diwanyna getirdi. Wezir patyşanyň huzuryna girip, patyşalara laýyk eder-kadalary berjaý edip, üç ýerde baş egip, egilip salam berdi. Ondan soňra tagtyň ýanyna gelip, tagty edep lebi bilen ogşap şol ýerde durdy. Haçan-da Denan patyşa gürlemäge rugsat berenden soň bolsa, Mälik Jepbaryň dil bilen tabşyran zatlaryny başdan-aýak beýan etdi. Soňra hem:

— Galan sözler şu namanyň içindedir — diýip, namany uzadyp dymyp durdy. Şol wagt Mälik Denan şol haty okamaga emr etdi. Ondan soň diwanbaşy ol namany

eline alyp, okamaga başlady. Nama okalyp bolandan soň namanyň mazmuny patyşa hem-de beýleki ähli wezirlerdir diwan emeldarlarynyň ählisine mälim boldy.

Ondan soň ählisi weziriň näme üçin gelendigini bildiler. Soňra wezir Mälik Jepbaryň inisine iberen sowgat-serpaýlaryny orta getirdi we olary Denan şa gowşurdy. Denan şa ol sowgatlary hormat bilen kabul edip aldy-da, Hindistandan gelen wezire wezirleriň hatarynda oturmaga ýer görkezdi. Ol geçir oturandan soň diwanyň içindäki adamlar saçak ýazyp, tagam çekip başladylar. Haçan-da nahar iýlip bolandan soň, baş wezir Hindistanyň patyşasy Mälik Jepbaryň iberen wezirini ýanyna alyp, öz köşgüne geldi.

Samarkandyň şasy Denan şa hem agasy mälik Jepbary görmäge örän meýillidi. Ondan soň şanyň emri bilen şäherden daşarda uzakda bir sähralygyň içinde, onuň çadyrlaryny we bargählerini gurdurdy. Ol öz ýerine baş weziri oruntutar-naýyp belläp, welaýaty bolmalysy ýaly dolandyrmagy oňa tabşyrdy. Soňra bolsa Denan şa aýal, oglan-uşaklary we ýakyn hossarlary bilen hoşlaşyp, sähetli gün mübärek sagatda Samarkant şäherinden çykyp, niredesiň Hindistan diýip, ýola rowana boldular. Olar ol gün bir menzil ýol ýöräp, ahyrynda bir mynasyp ýerde düşlediler we dem-dynç alyp rahatlykda oturdylar.

Şirin dilli rowaýatçylaryň rowaýat etmeklerine görä, Mälik Denan şa ol menzilde rahatlykda otyrka birden bir heser başyna inip, hatyny ýadyna düşdi we biygtyýar aglap başlady. Aglar-aglar aýalynyň muhabbet ody bilen ýüregini daglady. Ol biraz öz-özi bilen söhbetdeş bolup oturdy. Ahyrynda pikir edip: «Gel, gowusy men bu gije yzyma gaýdyp baryp, aýalym bilen söhbet edip, ýene bir gezek onuň mährem ýüzüni göreýin. Çünki ol hem agam (kakamyň doganynyň) gyzydyr, şeýle hem gözümi açyp görenimdir. Mundan başga-da meniň ondan alty sany perzendim dünýä indi. Men ony on bäş ýyllap goýun-goltugymda sakladym. Şonuň üçin onuň maňa köp-köp muhabbeti bardyr. Bilýärin, häzir onuň mensiz ýüregi gysýandyr, meniň derdi-pyrakymdan gözlerine uky hem gelýän däldir. Meniň gidip barýan ýerim bolsa gaty uzakdyr. Bäri-bäri ýerde Hindistanyň ülkesi ýokdur. Ol ýerden näwagt gaýdyp geljegimi diňe Allatagalanyň özi bilýändir. Gowusy, ýene bir gezek hatynymyň ýanyna baraýyn we onuň gül jemalyny göreýin» diýip, agşamyň

garaňkysy gowy düşen hem bolsa, mundan artyk sabyr-takat edip bilmän şol bada bir çapgyr ata münüp, niredesiň köşk diýip, ýola rowana boldy.

Gijäniň ýarymynda gelip köşgünde düşledi. Atyndan düşüp, hiç hili habar-hatyr edip durman, bilinmezden özüniň aýratyn bolýan haremhanasyna girdi. Ol gös-göni hatynynyň bolýan otagynyň gapysyny gyssanmaçlyk bilen açyp, otaga seretdi. Şol wagt ol öz otagynda nämeleriň bolup geçýändigini görüp, haýran galdy.

Rowaýatçylaryň habar bermegine görä, ol otagyna girip görse, muhabbet bilen ýakyp-ýandyrýan agasynyň gyzy bir aşçy oglan bilen patyşanyň hut özüniň aýratyn saklanylýan ýorgan-düşeginiň içinde köýnekçe halda biri-birine saralyp ýatyrlar. Emma, ol aşçy oglan şeýle bir ýigrenji, myrdar ekeni welin, onuň ýüzüne bir gezek sereden kişiniň ömür boýy işi rowaç bolmaz eken.

Mälik Denan patyşa hatynyny bu halda göreninden soň ilkibada näme etjegini bilmän biraz säginip, yza çekilip durdy. Ol az-kem pikir edip oýlandy we: «Be, Allajanlarym! Men şeýle gözel patyşadyryn. Şäheriň bütin erkegi-aýaly meniň husny-jemalyma aşykdyr. Haktagala ýaradyş gudraty bilen maňa şeýle derejede gözellik bagş edipdir. Özümem ýaňy ýigrimi bäş, ýigrimi alty ýaşymda. Mundan başga-da şeýle ýokary derejede döwletdir soltanlyga eýe bolup otyryn. Şeýle ýagdaýda hem men heniz şäherden bütinleý aýrylyp gitmänkäm meniň jan-u köňülden muhabbet bilen söýen maşgalam, hatynym beýle işler edýär» diýip, pikire batdy. Ol şeýle oý-pikirler bilen gümra bolup, biraz wagt sabyr edip durdy. Emma hatyny bilen ol aşçy ýigidiň Denan şanyň gelenliginden habarlary ýokdy. Şol wagt ol çirkin-hapysa ýigit ol hatynyň ýanyna has golaý baryp ýakynlyk edeninden soň, hatyna garap:

— Eý, meniň jan-jigerim! Sen meni güýçli söýýärmiň ýa-da gojaň-adamyňy Denan şany güýçli söýýärmiň? — diýip sorady.

Hatyn:

— Men seni üç ýyl bäri söýüp gelýärin. Şirin janym sen ependiniň ýoluna gurban bolsun. Men seni şeýle bir söýýärin welin, hatda men seni müň sany Denan patyşa hem deňemerin. Dünýäde seniň ýaly gözel ýigit heýbir barmydyr?! Sen meniň öz ependimsiň, heran-haçan sen meniň bilen ýakynlyk kylan ýagdaýyňda her gezek on iki, on bäş gezek ýakynlaşýarsyň, patyşa bolsa bäş-alty gezek ýakynlaşýardy.

Şondan soň uka giderdi hem-de daň atýança uklardy. Daň atandan soň bolsa çaltlyk bilen ýerinden turup öz işi bilen gümra bolardy. Howa, meniň jan-jigerim, meniň seni söýelim bäri patyşa menden bir gezegem lezzet tapan däldir. Her gezek ýakynlaşan ýagdaýynda hem men oňa dürli mekir-hilelikler bilen jepa baryny görkezerdim. Akylym-pikirim hemişe diňe seniň ýanyňdady — diýdi.

Şondan soň hatyn ýene-de:

— Wah, meniň ependim! Gojam ─ ärim mälik Denan belki giden ýerinden sag-salamat gelmesindä hernä. Inşalla, belki onuň öldi habary gelsindä. Eger, şeýle habar geläýse men hökman sen ependime bararyn.

Emma birdenkä patyşa ölmän, sag-salamat geläýse, onda men ony zäherläp öldürerin we sen ependime bararyn. Onuň ýaly müň patyşany men seniň ýoluňda gurban ederin — diýdi. Emma şol wagt bu ýigit ynsap edip, hatyna garap:

– Eý, meniň janym-jigerim! Seniň gojaň ─ äriň Mälik Denan ýaly görmekli, owadan kişi entek dünýä gelen hem däldir. Ol göýä ikinji Ýusupdyr[12]. Men onuň barmagyna-da meňzeýän we degýän hem däldirin. Men bir kirli aşçy oglandyryn. Men özümi gowy bilýärin. Men örän ýigrenjidirin, çirkin-hapysadyryn. Seniň ýaly owadan gözele bolsa, diňe patyşa aýal bolmak ýaraşýar. Meniň ýaly betnyşanyň seniň kibi soltana laýyk bolmaga hetdi ýokdur. Täk Allatagala seni patyşamyza ýazypdyr, patyşamyzy bolsa saňa baglapdyr — diýdi.

Soňra ýene-de olar biri-birine çyrmaşyp, uka galyp boldular. Bu gürrüňleri diňläp duran Mälik Denan mundan artyk sabyr edip durup bilmän, gaýrata galyp, bilindäki gylyjyny gynyndan çykaryp, uky düşeginde ýatan bu iki haýasyzy şolbada gylyçdan geçirdi. Soňra ýene gijäniň içinde haremhanasyndan çykyp, sapara barýan ýolundaky otagyna gelip girdi. Ol gije daň atýança uklap bilmedi. Daň atandan soň bolsa Mälik Denan patyşa düşlän menzilinden göç edip, niredesiň Hindistan diýip, ýola rowana boldy.

[12] IkinjÝusup – Ýakup pygamberiň ogly Ýusubyň owadanlygy baradaky kyssalardyr rowaýatlaryň başlangyjy Gurhandan gaýdýar. Ondan bäri Ýusup baradaky rowaýatlar birnäçe eserlere siňip, birtopar çeper eserler döredilipdir. Olardan Hüseýin Käşifiniň ”Şehitleriň bossany”, Alynyň “Ýusup”, Rabguzynyň “Kysasy Rabguzy”kyssalaryny we Andalybyň “Ýusup Züleýha” we ş.m. eserleri görüek bolýar.

Olar göçe-gona ençeme menziller söküp, ýollar aşyp ahyry günlerde bir gün Hindistan serhedine gadam basdylar. Hindistanyň patyşasynyň bolýan şäherine dört-bäş menzil ýol galanda Mälik Jepbaryň weziri Denan şanyň öňünden çykyp baş egip, ýer örüp, onuň öňünden gitmäge rugsat aldy we Mälik Jepbara habar bermek üçin ugrady. Şähere gelip, dogry Mälik Jepbaryň köşgüne baryp, atdan düşdi. Soňra göni Mälik Jepbaryň huzuryna baryp, ýer örüp, oňa dogany Denan şanyň gelendigini aýdyp, buşluk habaryny berdi. Mälik Jepbar hem bu wezire agyr halatlar geýdirip, oňa bir welaýaty mülk edip berdi. Soňra patyşanyň buýrugyna görä, şäheriň öňünde bir giňişlik ýerde otaglar gurdular, çadyrlar dikdiler. Soňra Mälik Jepbar şa ähli wezir-wekilleri we döwlet sütünleri bilen atly-atyna münüp, bir menzile çenli öňe sürüp dogany Mälik Denan şany garşylamaga çykdylar. Denan şa hem Mälik Jepbara golaýlaşan badyna özüni atyndan aşak salyp, pyýada ýöräp ugrady. Mälik Jepbar hem atyndan düşüp, pyýada ýöräp ugrady. Iki sany hesretdeş (göwündeş) dogan biri-biri bilen gujaklaşyp görüşdiler. Soňra ýene-de iki sany beýik patyşa atlaryna münüp, at başyny deňäp, ortada durdular. Onsoň ähli wezir-wekiller bolsa olaryň garşysynda durdular. Soň ähli wezir-wekiller we döwlet sütünleri ýeke-ýekeden salama gelip, Mälik Denan şa bilen salamlaşmaga durdular. Iki tarapdan salamlaşyk we hal-ahwal soraşmaklyk başlandy. Salamlaşyk tamamlanandan soňra iki dogan atlaryny deňine sürüp çadyrlara gelip ornaşdylar. Iki dogan bir çadyrda we bir tagtyň üstünde oturyp ýene-de hal-ahwal soraşyp başladylar. Onýança saçak ýazylyp dürli-dümen nazy-nygmatlar getirilip ortada goýuldy. Olar iýip-içip özara söhbet edip oturdylar. Hoşboý ysly tütünler tütedildi we her dürli şirin-şerbetler içildi. Soňra olar ýene-de atlaryna atlanyp, şähere, ýagny Mälik Jepbaryň köşgüne tarap ugradylar. Gelip köşkde düşlediler we ol ýerde mäkäm ornaşyp, oňat dem-dynç aldylar.

Şu görnüşde bir-iki aý geçdi. Mälik Jepbar gardaşy Denan şaha uly-uly zyýaratlar edip, myhmanparazlyk görkezdi. Käte-käteler sähralarda awa-şikara giderdiler. Käte bolsa köşkde aýşy-eşret we zowky-söhbet edip, wagtlaryny şadyýanlykda geçirerdiler. Emma Mälik Denan ne işdäli iýerdi, ne-de işdäli içerdi. Mydama gam-gussa we oý-pikirler içinde gezerdi. Mälik Jepbar inisi Mälik Denanyň bu ahwalyny görüp öz ýanyndan: «Munuň gamlanmagynyň sebäbi nämekä? Eýsem munuň gam-

gussasy näme bolup biler?! Näme diýseňem, bu bir mysapyr (saparda ýören) kişidir, belkem men onuň sebäbini sorasam onuň göwnüne degerin» diýip, känbir sorap hem durmady. Emma onuň gamlanmagy gün-günden artýardy. Ahyry günlerde bir gün olar özara ýekelikde söhbet edip otyrkalar, Mälik Jepbar dogany Denan şaha garap:

– Eý, meniň jan-u jigerim! Mähriban doganym, eziz gardaşym, senden bir zat sorasam bolarmyka?! Men şu wagta çenli doganymyň mübärek göwnüne degerin diýip, kän bir sorap hem bilmedim – diýdi.

Onda Mälik Denan:

– Aýdyberiň, näme sowalyň bolsa-da jogap bererin — diýdi.

Şol wagt Mälik Jepbar:

– Eý, meniň mähriban doganym! Eý, meniň janym-jigerim, sen biziň şäherimize gelip, biziň bilen görüşeliň bäri, biziň bilen näçe söhbet we aýşy-eşret etseň-de, mydama gam-gussadan açylaňok. Eý, meniň eziz doganym! Seniň bu gam-gussaň we gaýgy-aladaň nämedip?! Sen meni-de şol gam-gussa salýan syrlaryňdan habardar et. Iň bolmanda, men hem seniň bilen bile gam-gussa çekeýin. Seni beýle gam-gussada görelim bäri, meniň hem ne gijäm gijedip, ne gündizim gündizdir. Ýa-da sen öz welaýatyňdan we memleketiňden aýra düşeniňe gam-gussa çekýärmiň?! Çünki sen gün-günden saralyp-solup barýarsyň. Eý, janymdan eziz byradarym, aýt derdiňi, elimden geldigiçe alaç-çäre edeýin. Näme üçin derdiňi söýlemeýärsiň. Ýöne sakgalyňy dyrmap otyrsyň. Sen ne günlere duçar bolduň. Ýagdaýyňy maňa mälim et — diýdi.

Onda Denan şa:

– Eý, janym agam! Soranyň üçin sag bol. Meniň ýagdaýlarym ýagşydyr. Meniň hiç bir gaýgy-aladam ýokdur — diýip, başga hiç zat aýtmady.

Bu wakadan birküç gün geçenden soň, bir gün Mälik Jepbar bir tarapa, düze gidip, aw-şikar edip, dynç almak isledi. Onsoň ol Denan şaga garap:

– Eý, mähriban doganym, buýruň, bu gün biziň bilen bileje çöl-sähra gezelenje gideliň. Ol ýerde aw-şikar ederis. Şeýdip hem dem-dynç alarys. Belki siziň göwnüňiz açylyp, biziň şatlyk-şagalaňlarymyza goşularsyňyz — diýdi.

Onda Denan şa:

– Eý, eziz doganym, aw-şikara siziň özüňiz gidiberiň. Bu gün meniň keýpim ýok. Gezelenje gitmäge ýagdaýym ýok, halym gowşapdyr — diýip, bahana etdi.

Şeýdip, Mälik Denan şa dogany bilen gezelenje gitmekden boýun gaçyrdy. Emma Mälik Jepbar wezir-wekilleri bilen awa-şikara gitdi.

Mälik Denan şanyň oturan otagynyň bir penjiresi bardy. Ol penjire bagy-bossanlyga tarap açylýardy. Denan şa hem penjireden bagy-bossanlyga tarap seredip, tomaşa edip otyrdy. Birdenkä bagy-bakjanyň gapysyndan ýigrimi töweregi garaýagyz arap kenizekleri girip geldi. Olaryň yzyndan bolsa ýene-de ýigrimi töweregi akýagyz kenizekler girdi. Olaryň arasynda Mälik Jepbar şanyň aýaly hem bardy. Olar içeri girip, bir howzuň kenaryna baryp, eşiklerini çykardylar. Soňra Mälik Jepbaryň hatyny soltan deý geçip, belent tagtyň üstünde ornaşdy. Onsoň mejlis taýýar edilip, iýilip-içilip, aýşy-eşrete we zowky-sapa meşgul bolup başladylar. Emma ol garaýagyz arap kenizekleriň ählisi erkek kişi ekeni. Şol wagt «soltan» hatyn yşarat etdi welin, ol garaýagyz arap kenizekleri hasaplanylýan erkek kişiler, akýagyz kenizekleriň ellerinden tutup, hersi bir kenizek bilen bir çete çykdylar. Olar bu ak kenizekler bilen aýşy-eşrete meşgul bolup, zyna etmäge başladylar.

Emma eý, meniň jany-jigerim, hekaýatyň yzyny diňläň. Ondan soň ýaňky «soltan» hatyn howzuň başynda ýeke-ýalňyz galdy. Şondan soň ol bir gezek «Eý, Mesgut» diýip, gygyrdy welin, şolbada bir ýerden bir gap-gara we betnyşan ýüzli bir arap peýda boldy. Ol hem gele-gelmäne howzuň kenarynda duran tagtyň üstüne çykdy. Ol «soltanyň» ýakynyna golaýjak baryp, onuň bilen aýşy-eşretde bolup, zyna etmäge başlady. Biraz wagtdan araplaryň ählisi işlerini tamam edip, ol howza girip, suwa düşünip başladylar. Ondan soň bolsa garaýagyzlar öňki geýimlerini geýnip ýene-de şol giren gapylaryndan ýeke-ýekeden çykyp, yzlaryna zym-zyýat boldular. Mälik Denan şa bu ahwaly görenden soň, onuň synyk köňli biraz aram tapdy, gam-gussasy egsildi. Ol bir zaman pikirlenip oturandan soň öz-özüne: «Eý, waý, weýran bolan düýbi çüýrük dünýe, megerem, durmuşyň hökümi, ýol-ýörelgesi şeýledir. Ähtimal, dünýä beýle ýagdaýdan hemişe boş däldir. Agam Mälik Jepbar menden hem beter betbagtlykda ýaşaýan ekeni. Şeýle hem hatyn jynsynda wepa ýok ekeni. Mundan başga hem aýal jynsy döwlete ýa-da at-abraýa bakmaz ekeni. Eger jynsy

gatnaşyk ýok ediläýmese, walla, islendik pursatda olar şunuň ýaly gatnaşygy etmäge taýýarmykan diýýärin» diýdi.

Mälik Jepbar agşama ýakyn aw-şikardan dolanyp geldi. Ol ýene-de dogany Mälik Denan bilen ýürekden söhbet etdi. Emma, bu gezek Mälik Denan öňküleri ýaly şeýle bir gam-gussa batyp oturanok. Ýüz-gözünde şadyýanlyk alamatlary peýda bolupdyr. Ol muňa haýran galdy. Emma hiç zat diýip soramady. Olar birküç günlär şu ýagdaýda şatlyk-şagalaň, saz-söhbet bilen gün geçirdiler. Şondan soňra Mälik Jepbar dogany Mälik Denan şada asla bir zerre hem gam-gussa görmedi. Ol bu ýagdaýa haýran galyp birnäçe gün garaşdy. Ahyry günleriň bir güni Mälik Jepbar Mälik Denana garap sowal berdi:

– Eý, janym-jigerim, mähriban doganym! Sen öňler beýle şadyýan däldiň, elmydama gam-gussa batyp oturardyň. Eý, gardaşym, indi görýän welin, göwnüň-göwsüň açylyp, gül meňziň öz katdyna gelipdir. Asla gam-gussaň we gaýgy-aladaň ýok. Eý, doganym, eger mümkin bolsa meni bu ahwaldan habardar et — diýip, haýyş edip, ýalbaryp başlady.

Emma Mälik Denan hiçzat diýmedi. Ol ýene-de ýalbaryp başlady. Ahyrynda Mälik Denan Mälik Jepbar şanyň haýyşdyr ýalbarmalaryna dözmän, öz aýaly, ýagny agasynyň (kakasynyň doganynyň) gyzy bilen aşkez oglanyň aralarynda bolup geçen wakalary, özüniň bolsa sabyr-takat edip bilmän, ikisini hem öldürip, Hindistana gelendigini, umuman ähli başyndan geçirenlerini boýdan-başa birin-birin gürrüň berdi. Soňra hem ýene-de:

— Hawa, meniň mähriban gardaşym! Men hernäçe siziň bilen gürleşip, aýşy-eşret we zowky-söhbet etsem-de, şol melgun arwatyň eden hyýanaty asla meniň hatarymdan gitmän, hemişe meniň gam-gussa içinde ýörmegime sebäp bolupdy. Emma, eý, jandan eziz gardaşym, siz birnäçe gün mundan öň bagtyýarlyk bilen awa-şikara gideniňizde, men siziň yzyňyzda köşkde galypdym. Şonda penjireden bagy-bossanlyga tarap bakyp, olara tomaşa edip otyrdym. Görsem, ýigrimi töweregi garaýagyz arap kenizekleri bagy-bakjanyň garysyndan gelip girdiler. Olaryň yzyndan hem ýigrimi töweregi ak bedenli kenizekler gelip girdiler — diýip, olaryň aralarynda

bolup geçen bozuk işleriň we ahwalatlaryň hemmesini bolşy ýaly birin-birin gürrüň berdi. Soňra hem:

– Hawa, eý, meniň eziz gardaşym. Eger sen maňa ynanmaýan bolsaň, ertir ýene-de awa-şikara gidip, keşbiňi özgerdip, bildirmän, ýalňyz-ýeke özüň gaýdyp gel. Soňra hem şu penjireden tomaşa eýle, synla, gör bak, saňa duçar bolan ryswalyk maňa duçar bolan wakadan hem müň esse erbet ekeni — diýip, dymyp oturdy. Haçan-da Mälik Jepbar doganyndan bu aýylganç habary eşideninde, birnäçe wagtlap oý-pikire batyp oturdy. Ol bu bolup geçen wakalaryň gaty aýylganç dygyna erbet gynandy.

Soňra olar ýene-de aýşy-eşrete meşgul bolan bolup, söhbet edip oturdylar. Ol gije geçip, daň atanda Mälik Jepbar: «Men aw-şikara gitjek» diýip, aw-şikar esbarlaryny taýýar edip, nepis atlara münüp, şäherden daşary çykdy. Şondan soň Mälik Jepbar derrew egin-eşigini özgertdi. Wezir-wekilleriniň ählisi ýanynyň esgerleri bilen sähra tarap gitdiler. Mälik Jepbar bolsa, keşbini özgerdip, yzyna gaýdyp gelip, dogany Mälik Denanyň oturan penjiresiniň öňünde ornaşyp oturdy. Ol şol bagy-bossanlyga tarap bakyp, olara tomaşa edip otyrdy. Birdenkä görse, edil inisiniň aýdyp berşi ýaly görnüşde ýigrimi töweregi arap kenizekleri bagy-bakjanyň gapysyndan girdiler. Olaryň yzyndan bolsa ýene-de ýigrimi töweregi ak bedenli kenizler girip geldiler. Ol kenizleriň ortasynda «soltan» hatyn hem bardy. Olar howzuň kenaryna baryp, lybaslaryny tamam çykardylar. «Soltan» hatyn hem müň näz we kereşme bilen gelip, ol näzeninleriň hataryna goşulyp, tagt üstünde ornaşdy. Soňra onuň emri bilen mejlis taýýar edildi. Ol näzenin kenizler birküç bulgur gyrmyzy reňk badany dolduryp, «soltan» hatyna berdiler. «Soltan» hatyn hem yşk söwdasyndan ýaňa mes bolup, müň näz-kereşme bilen bulgury alyp başyna çekip, şolbada noş etdi. Şeýlelikde, ählisi birnäçe bulgur badany noş edip, badanyň keýpi başlaryna çykdy. Ondan soň «soltan» hatyn betşekil we myrtar araplaryň hersine akýagyz kenizekleriň birini ýanyna alyp, bir çete çekilmeklerine ygtyýar berip yşarat etdi. Araplar hem hersi bir akýagyz kenizegiň elinden tutup, bir bukuja ýere baryp, olar bilen zyna işini etmäge meşgul boldular. Mälik Jepbar bulary görüp durka, «soltan» hatyn ýalňyz galypdy. Ol hem oturan ýerinden «Eý, Mesgut» diýip, gygyrdy. Şol wagt bir tarapdan bir gara meňiz,

ýigrenji we betşekilli bir arap peýda boldy. Ol gele-gelmäne göni tagtyň üstüne çykyp, mejlis başyna geçdi. Ondan soň bolsa «soltan» hatynyň dyzyna golaý oturdy. Soltan hatyn hem hut öz eli bilen ol betnyşan araba birküç bulgur gyrmyzy şerap guýup berdi. Arap hem şol wagt ony noş etdi. Arabyň keýpi kellesine çykandan soňra, derrew «soltan» hatyny gujagyna alyp, keýpi-sapalylyk bilen aýşy-eşrete meşgul boldy. Şeýdip, ol nejis arap Mälik Jepbaryň gözüniň alnynda onuň bozuk hatyny bilen zyna işini edip başlady. Işini tamam edip bolandan soň, bolsa howza girip suwa düşünip başlady. Şol wagt beýlekiler hem gelip howza girip suwa düşdüler. Soňra bolsa hemmesi lybaslaryny geýip, gelen yzlaryna tarap gidiberdiler. Şondan soň «soltan» hatyn hem kenizleri bilen haremhana tarap gaýtdy. Mälik Jepbar bu ahwalaty öz gözi bilen görenden soň, namysdan ýaňa tas ölürdi. Ol şol wagt sabyr-takatyny ýitirip, dogry haremhanasyna baryp, ol melgun kenizekleri, araplary we hatynyny tutuşlygyna gylyçdan geçirdi. Soňra doganynyň ýanyna gelip:

— Eý, gardaşym, menden äht bolsun, mundan buýana hiç wagt hatyn almaryn — diýip, kasam etdi.

Soňra inisi Mälik Denan bilen birnäçe wagt söhbet edip oturdy. Söhbetdeşlik wagtynda Mälik Jepbar inisi Denan şaha garap:

– Gel, eý doganym, ikimiz eşiklerimizi çalşyryp, keşbimizi özgerdip, ençeme wagtlar şu älemi keşt we seýran edeli. Göreli, durmuş bize ýene-de özüniň nähili ýüzüni görkezerkä?! Bu dünýäde biziň duçar bolan betbagtlygymyz ýaly betbagtçylyga başga kişi duçar boldumyka?! – diýdi.

Onsoň aga-ini ikisi-de eşiklerini çalşyp, keşplerini özgerdip, ýola düşdüler-de gidiberdiler. Şu görnüşde ýigrimi-otuz gün ýol ýörediler.

Hawa, meniň jan-jigerim, yzyny diňle. Olar birnäçe gün ýol ýöräp, günlerde bir gün bir derýanyň kenaryna baryp ýetdiler. Ol ýerde bir agajyň saýasynda oturyp, biraz wagt dynç alyp eglendiler. Birdenkä görseler, bir tarapdan bir güýçli ses peýda boldy. Iki gardaş biri-birlerine bakyp: «Gaty geň zat, bu gürrüldi nämekä?» diýişdiler. Olar uly howsala düşüp, tizden-tiz ol agajyň üstüne çykyp, ýapraklaryň arasynda gizlendiler-de, seredip oturyberdiler. Görseler, derýadan bir aýylganç we gorkunç bir döw çykdy. Onuň deresinde bolsa bir sandyk bardy. Döw agajyň

düýbüne gelip, sandygy başyndan aşak düşürip, ýerde goýdy. Soňra sandygyň gapagyny açyp, içinden bir gözel we görmekli gyzy çykardy. Ol biraz wagtlar ol gyzy öpüp, guçur we gujaklap oturdy. Soň bolsa, ol gyzyň dyzyna başyny goýup, süýji uka gitdi. Emma bu gyz döwüň başyny ýerde goýup, o ýana, bu ýana nazar aýlap başlady. Şol mahal birden ol gyzyň lowurdap duran gözi agajyň üstünde oturan Jepbar şa bilen Mälik Denana düşdi. Ol şol bada bulara garap:

– Tiz boluň, hany aşaga düşüň. Ýogsam döwi oýararyn welin, ol siziň işiňizi görer — diýdi.

Şol wagt bu iki dertment patyşalaryň gorkudan ýaňa meňizlerinde gan-pet galman, derrew agaçdan aşaga düşdüler-de, gelip gyzyň ýanynda durdular. Gyz olara garap:

– Hany tiz boluň, siz meniň bilen aýşy-eşret işine meşgul boluň. Ýogsam işiňiz kyn bolar — diýdi.

Bu iki dogan bialaç bolup, bu gyz bilen aýşy-eşret işine meşgul boldular. Olar gyzyň myrady hasyl bolýança bu iş bilen meşgullandylar. Ondan soň ol gyz:

— Indi bolsa barmaklaryňyzdaky ýüzükleriňizi çykaryp maňa beriň — diýdi.

Bular gorkularyndan ýaňa bialaç bolup, barmaklaryndaky ýüzüklerini çykaryp onuň eline berdiler. Ol gyz bulary bir käsäniň içine oklap goýberdi. Soňra bulara garap:

– Bu ýüzükler indi togsan dokuz boldy. Heran-haçan bu döw meni şunuň ýaly bir ýere çykaran wagtynda, men şol wagt kimdir bir adamy taryp, onuň bilen şunuň ýaly işleri edýärin. Soňra bolsa olaryň barmaklaryndan altyn-göwher ýüzüklerini alyp galýaryn. Emma bu döw bolsa meni: «Hiç wagt hiç kim bilen ne adam, ne-de döw bilen görüşmesin» diýip, hemişe sandyga salyp, depesinde göterýär — diýdi. Ol ýene sözüni dowam edip:

— Hawa, meniň mähribanlarym, meniň özüm hem bir patyşanyň ýeke gyzydyryn. Bu döw meni zor bilen alyp gaýdyp, gulp astynda saklap, şeýle gezdirýär. Emma bu akmak bilenok, dünýäde hergiz aýallaryň öňüne çykyp bolmaz. Olaryň mekirliklerine aň we akyl ýetirip bolmaz — diýdi.

Soňra bu iki dogan ol ýerden gaýdyp, Mälik Jepbaryň ülkesi bolan Hindistana gaýdyp geldiler. Bu iki dogan: «Ol döwüň betbagtçylygy biziň betbagtçylygymyzdan

hem has artyk eken» diýip, özlerine az-kem teselli berdiler. Şondan soň, Mälik Denan birküç gün Mälik Jepbar bilen söhbetdeş bolup oturdy. Bir gün hem Mälik Denan:

– Eý, dogan! «Gezmek eradat, gitmek ejazat» diýipdirler — diýip, gaýtmaga rugsat sorady. Mälik Jepbar hem doganyna yzyna gaýtmaga rugsat berdi.

Mälik Denan derrew ýol şaýyny tutup, Hindistandan gaýdyp, öz ýurduna tarap ýola düşdi. Mälik Jepbar hem inisi Denan şany üç menzile çenli wezir-wekilleri bilen ugradyp, ýola saldy. Şol ýerde biri-birleri bilen gujaklaşyp, hoşlaşyp, bir zaman aglaşyp durdular. Soňra hersi öz ýoluna tarap rowana boldylar. Mälik Jepbar özüniň paýtagtyna gelip ornaşdy. Mälik Denan hem Samarkanta tarap rowana boldy.

Hawa, eý, meniň ruhy-rowanym, yzyny diňle. Mälik Denan hem menziller aşyp, birnäçe wagtdan soň özüniň tagtyna gaýdyp geldi. Gelmeginiň şükranasyna gurbanlar kesir, pakyr-pukaralara sadakalar berdi. Şondan soňra ne Mälik Jepbar, ne-de Denan şa öýlendi, asla olaryň ikisem hatyn almak barada pikir hem etmediler.

Eý, meniň jan-u jigerim, diňle. Bu kyssadan myrat bolan akyl we nesihatlar şeýledir: Asla, hergiz hatynlar taýpasyna ynanmaň, olarda wepa ýokdur. Arwat taýpasy hergiz gözel diýmez, betgelşik diýmez, şeýle-de bolar diýmez, bolmaz hem diýmez, eline pursat düşen badyna gaýrylar bilen sözleşip, goşulyşyberer. Şonuň üçin eliňe aýal düşende, gözüňi giňräk aç, bek sakla, arwata hiç hili pursat berme.

Eý, meniň janym! Munuň şeýledigini biljek bolsaňyz, gözüňizi giňden açyp, arwaty örän zyýada göz öňünde sakla we pähim et. Çünki «Suwa daýanma, arwata ynanma» diýipdirler. Ine, şeýdip bu hekaýat hem şu ýerde tamam boldy.

## ÖLÜP DIRELEN HATYNYŇ BAŞDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Rowaýatçylar şeýle rowaýaty hekaýat edipdirler:

Hezreti Isa pygamberiň zamanynda Beni Ysraýyl kowumynda bir ýigit bardy. Ol örän takwa we dindar kişidi. Ol gije-gündiz Allatagala tagat we ybadat ederdi. Dünýäde bar işi-pişesi takwalyk we tagat-ybadatdy. Bu ýigidiň bir doganoglan gyzy (kakasynyň doganynyň gyzy) bardy. Ol gyz hem şerigat kadasyny dürs tutup saklardy. Ol şeýle bir derejede takwa boldy welin, asla bir kişä hem art etegini görkezmändi. Hawa, eý, meniň ruhy-rowanym we janym-jigerim, diňle we eşit, ol gyzyň takwalygy, dindarlygy we zahytlygy tutuş äleme meşhur boldy.

Takdyryň ýazgydy bilen günlerde bir gün ol ýigidiň gözi, bu gyzyň gül dek jemalyna duş boldy. Ol ýigit ol gyzyň jemalyny gören badyna ygtyýar jylawyny elinden giderip, jan-u köňlünden ol gyza aşyky-şeýda bolup, gül yşgynda saýraýan zaryn bilbile öwrüldi. Ýigit ol gyzyň ugrunda sabyr-takatyny ýele sowrup, akyl-pikirini tutuşlygyna tary-map eýledi. Ygtyýaryny elden giderip, näme etjegini bilmedi. Ahyrynda sawçylar ugradyp, agasyndan (kakasynyň doganyndan) gyzyny özüne gelinlik bermekligi soratdy. Agasy nähili we näçe galyň islese baryny berip, onuň gyzyny özüne gelinlik edinip aldy. Emma ol gyz gije bu ýigide boýun bolmady. Ýigit gyzdan onuň sebäbini sorady we:

– Eý, agamyň gyzy! Sen näme üçin maňa boýun bolmaýarsyň?! Ýa-da seniň başga bir aşygyň barmy, ýogsam hem menden bir islegiň-islegiň barmy?! Sözle, eý, soltanym, aýt, göreli — diýdi.

Onda ol gyz:

– Meniň senden başga aşygym ýokdur. Ýöne meniň isleg-myradym şeýledir. Sen meniň bilen ähtleş. Eger men senden öň dünýäden ötsem, sen meniň deregime gaýry birini almagyn. Şeýle-de ýene-de äht etgin, ýagny gaýry beýleki arwatlary getirmeli dälsiňiz. Allatagala görkezmesin welin, birden eger sen menden öň şeýle ýagdaýa duçar bolaýsaň, ýagny dünýäden ötäýseň, men hem şeýle şerti berjaý ederin — diýdi.

Onda bu näzenin ýigit ol gyzdan munuň ýaly sözleri eşidip ony özüne uly mertebe bilip, ak ýürekden şert edip, äht baglaşdy. Şondan soň ol gyz ýigide boýun boldy.

Eý, meniň jan-u jigerim, yzyny diňle. Bularyň ähtlerinden soň aradan birnäçe aýlap we ýyllar geçdi. Bir gün ol gyz Allatagalanyň rehmetine gowşup, merhum boldy. Ol gyzyň jesedini ýuwur-tämizläp, jaýlaýyş där-dessurlarynyň ählisini berjaý

edip, ony mazarystanlykda jaýladylar. Emma bu ýigit her gün mazarystanlyga baryp, onuň gabrynyň başyna geçip, haý-waý edip, eden ähtine wepaly boljak bolup çalyşýardy. Ol onuň mazaryny guçup, zar-zar aglap iki ýylyny geçirdi. Ol gözlerinden ajy ýaşlaryny döküp, gije-gündiz onuň mazarynyň başynda oturyp aglaýardy we: «Bu pany dünýäde meniň hatynym ýaly hiç bir hakykat eýesi tapylmaz» diýýärdi. Ahyrynda bu ýagdaýa gynanyp, onuň ýakyn dogan-garyndaşlarynyň hemmesi bir ýere jemlenip, oňa birnäçe maslahatlar we nesihatlar berdiler. Emme olar näçe maslahat we nesihat berseler-de oňa hiç-hili täsir etmedi. Ol mydama günlerini agy bilen geçirerdi.

Günbe-günden ol ýigidiň gam-gussasy artýardy. Hatda ol ölüm derejesine baryp ýetdi. Ol ýigidiň kowum-garyndaşlary oňa pendi-nesihat etmekden ejiz geldiler.

Günlerde bir gün hezreti Isa alaýhyssalamyň ýoly şol mazarystanlygyň üstünden düşdi. Görse, bir ýerden ahy-perýat eşidilýär. Hezreti Isa nazar salyp görse, bir ýigit bir mazary guçur, sanawaçlar sanap aglap otyr. Ahy-perýady bolsa al-asmana göterilýär. Muny gören hezreti Isa onuň ýanyna gelip, ol ýigide salam berip, ondan hal-ahwal sorady. Ol ýigit hem salamyny alyp, pelekden şikaýat edip aglady hem-de başdan geçiren ahwallaryny birin-birin beýan etdi. Hezreti Isa alaýhyssalam:

– Gel, eý, ýigit, bu söwdadan el çek. Çünki, bularda, ýagny arwatlarda wepa bolmaz — diýdi.

Emma ol ýigit bu sözi kabul etmedi. Onda Isa alaýhyssalam oňa garap:

— Eý, ýigit, gel, indi men Päk Allatagalanyň gudratyny kämil derejede aýan edip: «Ony diri eýlesin» diýip, seniň üçin doga-dileg edeýin. Sen hem: «Ämin» diý — diýdi.

Bu ýigide ol sözler makul göründi. Şeýdip, Isa alaýhyssalam ol hatynyň direlmegi barada doga-dileg etdi, ol kalby ýaraly ýigit hem «Ämin» diýdi. Doga tamam bolandan soň ellerini ýüzlerine syldylar. Şonda Isa alaýhyssalam: «Allatagalanyň izni-rugsady bilen ýeriňden gor» diýdi. Şol bada gabryň içinde ýatan hatyn Allatagalanyň rugsady bilen gabyrdan çykyp geldi. Ol ýigit bu ýagdaýa örän şatlandy we hatynyna garap:

– Eý, meniň jan-u jigerim, sen bu wagt ýalaňaçsyň-çyrlaňsyň. Seni bu ýagdaýda öýe eltip bilmerin. Eý, meniň mähribanym, men öýe baryp, öýden seniň üçin egin-eşik getireýin. Onsoň geýnip öýe gideris —– diýdi-de, öýüne tarap ylgady.

Ol aýal bolsa şol mazarystanlykda ýalaňaçlygyna duruberdi. Hezreti Isa alaýhyssalam hem ol ýigit egin-eşik getirýänçä mazarystanlykda bir mazaryň başynda Injil okamaga meşgul bolup, ol ýigide garaşyp oturdy.

Emma ussat rowaýatçylaryň aýtmaklaryna görä, ol zamanda Beni Ysraýyl kabylasynda bir nowjuwan ýigit bardy. Ol gözellikde görmeklilerden paç alardy. Onuň ady Hüseýindi. Birdenkä ol nowjuwan ýigidiň ýoly şol mazarystanlygyň üstünden düşdi. Ol seredip görse, gabrystanda bir mazaryň başynda bir älemiň mahbubasy çuw-ýalaňaç bolup, başyny aşak salyp dur eken. Bu gözel şeýle bir owadanmyşyn welin, bu döwüp gözeliniň dünýäde deňi-taýy ýokmuşyn. Älemleriň eýesi ony gözelligiň eýesi edip ýaradypdyr. Ol ýigit bu gözeli gören badyna müň jany-u dil bilen oňa aşyky-bikarar boldy. Bir zaman demi tutulyr, haýran-serasyma bolup, gözele bakyp galdy. Emma beýleki tarapdan ol hatyn hem bu ýigidi görüp, aşyky-şeýda bolup, gözlerini ondan aýryp bilmän saklanyp durdy. Onsoň ol ýigit, oňa golaý baryp, ol hatyna salam berip, ondan sowal sorady we:

– Eý, gözelleriň soltany! Bäriňe seret, seni kim beýle ýalaňaç ýagdaýda bu mazarystanlygyň içinde ýalňyz goýup gitdi?! Ah, soltanym, seniň kibi hüýr-perini beýle ýagdaýda ýeke-ýalňyz goýup gitmek neneňsi merhemetsizlikdir, neneňsi zalymlykdyr. Ol Allatagaladan gorkmadymyka?! Indi bolsa, buýruň, biminnet biziň öýümize gideliň. Men Taňrynyň emri bilen seni özüme nikalap hatyn edip alaýyn — diýdi.

Ol arwat hem derrew ol ýigide mylaýymlyk görkezdi. Ýigit hem ol aýalyň meýillidigini görüp, örän begendi. Şol wagt ol aýal hem:

– Men hem seniň bilen bile gitmäge razy. Her emr buýrsaň hem sen meniň ependimsiň, soltanymsyň. Men seniň emriňe taýyndyryn. Ýöne men bu ýalaňaç ýagdaýymda neneň seniň bilen bile gideýin. Meniň ähli uýat ýerlerim äşgär bolup görnür dur ahyry. Maňa bir lybas getir. Onsoň ikimiz bileje gideris. Ondan soň eý, meniň ependim, jan-u jigerim, sen meniňki, men hem seniňki bolaryn — diýdi.

Ol ýigit bu sözleri eşidip we ol arwatda bu syrlary we ahwallary görüp, örän şatlandy. Aşa şatlygyndan ýaňa begenip, derrew üstünden bir donuny çykaryp, ony oňa geýdirdi. Şol bada hem bu hatyny alyp ýöräberdi. Birden garşysyndan ol hatynyň öňki äri gabat geldi. Ol hatynyny bu ýagdaýda görüp, oňa garşy ýöräp, hatynyna:

– Eý, agam gyzy, saňa näme boldy?! Maňa bir pursat hem garaşyp bilmediňmi. Derrew gaýry bir ýat kişi bilen goşulyşyp gaýdyberdiňmi. Sen onuň donuny egniňe geýip meniň derdimiň üstüne ýene-de agyr dert goşduň. Eý, meniň şirin janym, hany seniň meniň bilen eden aşnalygyň, dildarlygyň?! Hany seniň meniň bilen eden ähdi-peýmanyň?! Oňa näme boldy?! Eý, meniň janymdan eziz görýän mähribanym, görk-görmeklim! Ýa-da eýýäm meni unutdyňmy, ýa-da ölüm gorkusyndan akylyň perişan bolup, huşuň dargadymy?! Hany maňa beýan et — diýdi.

Onda ol gyz:

— Eý, janymyň jany! Eý, agam ogly, men seniň bilen, «biri-birimizden ölýänçäk aýra düşmäliň» diýip ähdi-peýman edipdim. Şol ähdimde-de durdum. Emma men häzir ölüp, gaýtadan direldim. Mundan soňra ähti-peýman galmady. Häzir gözüm bu ýigide sataşdy we jan-u jigerim bilen ony söýdüm. Köňlüm häzir oňa meýil edýär. Meniň özüm hem häzir ony isleýärin — diýdi.

Onda ol misgin ýigit:

– Eý, agam gyzy (kakamyň doganynyň gyzy), iki ýyldan bäri men seniň yşgyňdan daş düşüp, däli-diwana bolup, topragy ýassyk edip ýassanyp ýatdym. Seniň ýasdyr matamyňy tutdum. Beýle edip meni ýabana atmak dürsmi? — diýip, zar-zar aglap ýalbardy.

Emma ol hatyn asla diňlemek hem islemedi. Gaýtam, ýanyndaky ýigide garap:

– Eý, meniň janym-jigerim! Ýöre, gideli bu ýerden — diýdi.

Hezreti Isa alaýhyssalam hem şol wagtlar bir mazaryň başynda oturyp, Injil okap otyrdy. Ol ýigit onuň gaşyna gelip, zar-zar aglap:

– Eý, Allanyň pygamberi! Meniň bu perişan halym öňküden hem beter agyrlaşdy. Gör-ä, agam gyzy maňa el bermän, menden gaýry kişä meýil edip, meni terk edip gidip barýar. Senden pena-kömek isleýärin. Ýene doga-dileg et, goý, Haktagala onuň ruhuny ikilenç gabyz edip alsyn. Ol indi maňa gerekmez — diýdi.

Onda hezreti Isa alaýhyssalam el göterir, doga-dileg etdi. Şol demde hem Hudaýtagalanyň emri bilen hezreti Isanyň dogasy kabul bolup, ol gyz ýaňadan iman edip, ruhuny tabşyrdy. Ondan soň ol ýigit hem onuň jesedini göterir, öňki gabrynda derin etdi. Şondan soňra ol ýigit arwatlarda hakykatyň ýokdugyna çynlakaý göz ýetirdi we olarda wepa bolmajakdygyna düşündi, aň ýetirdi. Ondan soň bolsa Hak ýoluna düşüp, dünýäniň gowgasyndan el çekip, halkdan bir çete çekilip, bir çüňkde tagat-ybadata meşgul boldy.

Hawa, eý meniň janlarym, diňle. Ondan soň ol ýigit dogan-garyndaşlaryna gowşur, ählisiniň pendi-nesihatlaryny jan-dil bilen kabul etdi. Hemişe tenhalykda tagat-ybadata meşgul boldy.

Hawa, bu hekaýatdan Allatagalany bilýänler ençeme ybrat-sapak alarlar we dünýä aşa meýil etmezler. Çünki dünýä hem hut şol arwata meňzeýändir. Kişiniň hatyn jynsyna ynam etmezligi lazymdyr. Çünki, olar örän mekirdirler. Gör, näçe-näçe garyl kişiler hatyna ynam-ygtykat edendikleri sebäpli, başdyr janlaryny terk edendirler. Umuman, gepiň gysgasy hatyna ynam ýokdur. Ine, bu hekaýat hem şu ýerde şunuň bilen tamam boldy.

## ÜÇ DILEGIŇ PUÇ BOLMAGY HAKYNDA HEKAÝAT

Habarlary rowaýat edijiler, eserleri gürrüň berijiler we durmuş wakalaryny beýan edijiler şeýle hekaýat we şeýle rowaýat edipdirler.

Beni Ysraýyl zamanynda bir salyh-ýagşyzada kişi bar eken. Ol kişi günlerde bir gün düýşünde: «Eý, gulum, näme myradyň, islegiň bar bolsa dile» diýen owaz eşidipdir. Onuň düýşünde bu owaz birküç gezek gaýtalanypdyr. Ol salyh kişi özüniň bu düýşüni hatynyna aýdyp beripdir. Onuň hatyny bu gürrüňi eşiden badyna gojasyna─ärine ýalbaryp:

– Eý, janymyň jany! Seniň doga-dilegiň kabul ediljekdir. Doga eýle, goý, ujydyň uly bolsun — diýdi.

Ol adam hem şeýle diýip doga edipdir. Şeýdir onuň ujydy ulalyp gidipdir. Onsoň ol hatyn ýene-de derrew adamsyna ýalbarypdyr we:

– Eý, janym gojam─ärim, ýene doga et, goý, ol birazrak kiçelsin — diýipdir.

Bu bende bolsa ýene-de hatynynyň sözüne gulak salyp, doga eýlär, ujydyny biraz kiçeldipdir. Emma eýýäm, doganyň ikisi gidipdi. Hatyn bu gezek hem lezzet tapman ýene-de:

– Eý, janym gojam─ärim, doga eýle, goý, ujydyň ýene-de öňküsi ýaly ullakan bolsun — diýipdir.

Şeýdip, ol doganyň üçüsi-de tamam bolupdyr. Emma ähli eden dogasynyň ýekejesi-de bir ýagşy zada ýaramandyr. Eý, meniň janym, diňle, gör, bak, görseň hatyn jynsynyň akyly kemdir. Arwatlaryň sözüne uýan kişileriň gör näçesi bela-beterlere uçrandyrlar. Indi munuň şeýledigini bileniňden soň berk sagyn, ägä bol, hatyn sözüne uýmaly däldir. Berk pähim etgin. Ine, şeýdip bu geň-taň hekaýat hem şu ýerde tamam boldy.

## SALYH KIŞINIŇ DOGA-DILEGINIŇ BOZULMAGYNYŇ WAKASYNYŇ BEÝANY

Habarlary rowaýat edijiler, eserleri gürrüň berijiler we durmuş hadysalaryny beýan edijiler şeýle rowaýat edipdirler:

Hezreti Dawut pygamberiň zamanasynda bir salyh kişi bardy. Günlerde bir gün ol salyh kişi gaýyp äleminden: «Eý, meniň salyh gulum! Dünýäde seniň üç sany doga-dilegiňi kabul eýledim. Menden näme dilegiň bolsa dilegin» diýen owaz eşidipdir. Ol kişi hem bu sözi hatynyna gürrüň beripdir. Hatyny hem ol kişiden ýalbaryp we haýyş edip:

– Eý, janymyň jany, soltanym, gojam─ärim! Sen doga-dileg et, goý, men dünýäde şeýle bir gözel, şeýle bir görmekli bolaýyn welin, goý, meniň dünýäde deňim-taýym bolmasyn — diýipdir.

Ol kişi doga-dileg edeninden soň, ol hatyn şeýle bir gözel boldy welin, göýä ikinji Züleýhady we ikinji Bylkysdy. Ol döwürde ondan gözel, ondan owadan we zyba hatyn tapylmady. Bir gün ol hatyn eline aýna alyp, aýna bakyp, keşbine guwanyp: «Beý, janymyň jany, men beýle gözel we beýle görmekli bolanymdan soň, men bu

kişiniň laýygy däldirin. Men patyşa mynasypdyryn» diýdi. Hatyn şeýdip öz keşbine guwanyp, dönüp, Salyh ärine garap:

– Men seni islemeýärin. Sen maňa laýyk we mynasyp dälsiň — diýip, şolbada ärini gapydan çykaryp kowdy.

Bu hatynyň owadanlygynyň dabarasy dag aşyp baryp patyşanyň gulagyna ýetdi. Patyşa hem şol wagt ol hatyny ärinden boşadyp, özüne nikalap hatyn edip aldy. Birküç gün geçenden soň ol salyh kişi ýagdaýyň beýle halda üýtgändigini görüp, gaýtadan doga-dileg edip: «Ýa Rebbim, senden dilegim şeýle. Sen ol hatyny şeýle bir betşekil, şeýle bir myrtar et, goý, şu dünýäde ondan çirkin-betgelşik, ondan myrtar, hatyn bolmasyn» diýdi. Ol salyh kişi şeýle diýip, Allatagala ýalbaryp, doga-dileg eden badyna ol kişiniň dilegi kabul bolup, ol hatyn şeýle bir çirkin-görmeksiz boldy welin, asla beýan ederden zyýada boldy. Bu tarapda patyşa hem bu aýalyň beýle çirkin-betgelşikdigini görüp, ony özünden daşlaşdyryp kowdy. Ondan soň ol hatyn özüniň eden bu işine puşman edip ökündi. Şeýdip il-günden çetde, bir bujakda ölüp-ýitip gitdi. Bu bagyş edilen dogadan hem hiç bir peýda bolmady. Hawa, eý, meniň ezizlerim, hatyn sözüne uýan kişi şeýle zyýanlara we ýitgilere duçar bolýandyr. Ine, bu hekaýat hem şu ýerde tamam boldy.

## ÜÇ ŞERTIŇ BOZULMAGY HAKYNDA HEKAÝAT

Habarlary rowaýat edijiler, eserleri gürrüň berijiler we durmuş hadysalaryny beýan edijiler şeýle hekaýat edipdirler:

Günlerde bir gün bir hatyn bir ýigidi söýüpdir. Ol oňa guwanyp:

– Eý, ýigit, men seni tüýs ýürekden söýýärin. Meniň şirin janym saňa gurban bolsun. Men saňa Allatagalanyň emrine laýyklykda nika bilen bararyn. Emma meniň üç sany şertim bar. Eger sen olary kabul etseň, men saňa bararyn — diýipdir.

Ol ýigit hem:

– Hany aýt, göreýin, ol üç şertiň nämedip? — diýdi.

Ol hatyn:

– Birinji şertim hiç haçan kofe içmeli dälsiň, ikinji şertim hiç wagt garpyz iýmeli dälsiň, üçünji şertim hem mermer daşyň üstünde oturmaly dälsiň — diýipdir.

Bu ýigit hem bu üç şerti kabul edip, ol hatyny nika bilen özüne hatynlyga kabul edip alypdyr. Birküç ýyllar ýigit bu hatyn bilen ýagşy durmuşda aýşy-eşret we zowky-sapa bilen ýaşady. Biri-birlerine muhabbet bilen ysnyşdylar. Günlerde bir gün ol ýigit öz-özi bilen pikirlenip: «Hany şol şertleri bozur göreýin, şonda näme bolarka» diýip, bir gün bir mermer daşyň üstünde bir sagat töweregi oturyp, garpyz iýdi we bir käse kofe hem içdi. Şondan soňra ýerinden syçrap turup, öýe geldi. Agşam düşüp, ýorgan-düşegine girip, aýalyna ýakynlaşmak isledi. Ol ýigit ýaňy aýalyna golaýlaşan badyna ol aýal ony birnäçe sapar urup, öz düşeginden daşary oklap goýberdy. Dertment ýigit ol betkäriň öz eden işini bilendigini ýa-da aňlandygyny bildi hem-de eden işine ökünip, puşman etdi. Emma ökünçden ne peýda, boljak iş boldy. Indi elinden näme iş gelsin. Onsoň baryp bir çüňkde ýygrylyp ýatdy. Emma pikir-aladalardan ýaňa asla gözlerine uky gelmedi. Daň atan badyna ol hatyn ýerinden turup, başyna çadyryny örtülnip, lybaslaryny geýip, ol ýigit bilen kazyhana bardy we kazy Ependiniň huzuryna girdi. Ol hatyn kaza garap:

— Şerigat emrine laýyklykda men bu ýigide üç şert bilen durmuşa çykdym. Bu ýigit hem ol üç şerti kabul etdi. Birküç ýyl ol şertleri berjaý edip özüni saklady. Häzir hem şol şertleri bozdy. Şu günden şeýläk men bu adama hatyn boljak däl. Meni siziň huzuryňyzda özünden boşatsyn — diýende, kazy ol şertleri sorady.

Şonda hatyn ol şertleri birin-birin sanap berdi. Soňra bolsa:

— Düýnki gün hem daş üstünde oturyp, hem garpyz iýdi, hem kofe içdi — diýende, ýaňky ýigit kalbynda oýlanyp:

— Meniň bu zatlardan habarym ýokdur. Men beýle işler etmedim — diýip, ony inkär etdi.

Adamsynyň öz sözlerini inkär edendigini gören ol hatyn:

— Eý, ependi, men bilýärin, ol ählisini edendir — diýdi.

Onda kazy ependi:

— Sen nireden bilýärsiň? — diýip, ol hatyndan sorady.

Onda ol hatyn:

— Erkek kişi gilýan-suwçilim çekende şeýle bolýar, aýaklaryny sowuk suwa sokanda beýle bolýar, mermer daşyň üstünde oturanda şeýle bolýar, kofe içende beýle bolýar — diýip, ähli ýagdaýlary aýdyp berende, kazy ependi haýran galyp:

— Dogrusyny aýtsam, eý, hatyn sen örän mekir ekeniň — diýdi.

Bu söz hatynyň örän hoşuna geldi. Daş-töwerekde duran ependiler we beýleki kişiler hem onuň adamsyna merhemet edip, hatyna töwella etdiler. Onda hatyn:

— Bolýar, ýöne indi ýeke gezek hem munuň ýaly iş etmesin — diýdi.

Şeýdir, hatyny adamsy bilen barlaşdyrdylar.

Emma kazy ependiniň munça halkyň arasynda özüne beýle sözler aýdandygy hatynyň köňlünde yz goýdy. Onsoň ol kazy ependä garap:

— Eý, kazy ependi! Size bir sowalym bar, maňa jogap beriň — diýdi.

Onda kazy ependi:

— Aýdyberiň — diýende, ol hatyn:

— Eý, kazy ependi! Etmidir, siňipmidir, gemikmidir (süňkmüdir) — diýdi.

Kazy ependi hiç wagt beýle sözleri eşidip görmändi. Onsoň ol sakgalyna elini ýetirip, oý-pikire batdy. Soňra hatyna garap:

– Häzir bu meseläniň jogaby hatyrymda ýokdur. Agşam öýe baryp, kitaplaryma seredeýin. Ertir daňdan gel, şonda saňa jogabyny bererin — diýdi.

Onda ol hatyn:

— Örän ýagşy — diýip, öýüne gaýtdy.

Kazy ependi öýüne baryp, öňüne tagam aldy. Emma tagam bilen hiç hili höwesi ýokdy. Kazy ependiniň bar pikiri hälki hatynyň özüne beren sowalyndady. Kazy ependä bu sowal örän agyr göründi. Göwünli-göwünsiz nahar iýip başlady. Nahar

iýip otyrka hem öz-özüne: «Indi haýsy kitaplara bakarkam, haýsy kitaplarda bu meseläniň jogaby barka. Bäh, siňipmidir, gemikmidir, etmidir bu diýdigi nämekä» diýip, pikire batyp oturdy. Bu kazynyň on alty-on ýedi ýaşlarynda bir gyzy bardy. Ol gyz kakasynyň oýa batyp, eli bilen sakgalyny sypalap, pikir edip oturandygyny gördi. Ol:

— Janym babam, näme beýle pikire çümüp otyrsyň — diýip sorady.

Onda kazy ependi:

— Eý, gyzym, bar git, sen meni öz günüme goý — diýdi.

Onda gyz ýene-de:

— Janym babam (kakam) aýt, seni gaýgy-alada batyrýan zat nämedip — diýip, aýak diräp durdy.

Onsoň kazy ependi ýaňky hatynyň soran sowalyny birin-birin aýdyp berdi. Ol gyz ony eşiden badyna güldi-de:

– Eý, baba jan, näme boldy beýle oý-pikire batar ýaly. Bu ýerde bilmez ýaly zat ýog-a. Gemikmlidir diýdigi otuz ýaşly diýdigidir. Çünki gemikmli diýdigi adam on ýaşyndan otuz ýaşyna çenli gemikli bolýandyr. Otuz ýaşyndan altmyş ýaşyna barýança siňirdir, altmyş ýaşyndan soňra bolsa etdip diýdigidir — diýdi.

Bu sözi eşiden ependi, ol sözüň düýp manysyny bilip, şat bolup, «Haçan daň atar, haçan ol aýalyň jogabyny bererin» diýip, gyssanyp garaşyberdi. Daň atan badyna kazy ependi çaltlyk bilen ýerinden turup, kazyhanasyna geldi. Bir zamandan soňra bolsa ol hatyn hem ýetip geldi. Ol gelip kaza salam berdi-de:

— Eý, kazy ependi, sowalyma jogap tapdyňmy — diýende, kazy ependi:

— Hawa, tapdym. Gemikmidir diýdigiň, adam on ýaşyndan otuz ýaşyna barýança gemik bolýarmyşyn. Otuz ýaşyndan altmyş ýaşyna çenli bolsa siňip bolýarmyşyn. Altmyşdan soňra bolsa et bolýarmyşyn — diýende, ol hatyn: «Bu ependimiň gyzy örän akylly we sowatly eken» diýdi. Ol bu gyzyň beýle «akyllydygyny» bilýärdi. Onuň maksady hem şuldy. Hatyn bu soraglaryň jogaplaryny kazynyň gyzynyň aýdyp bependigini bildi. Onsoň kaza garap:

– Aperin, eý ependi kazy! Bu jogaplary beren mahbuba gyza aperinler bolsun. Diýmek bu gyz eýýäm bulary bilýän bolsa, onda onuň gezmedik ýeri, görmedik zady ýokdur — diýdi.

Hatyn şeýle diýensoň, kazy ependi ähli halkyň öňünde masgara bolup, utanja galdy.

Hatyn ol ýerden öýüne gaýdyp geldi. Ondan soň bu hatyn Muhammet şa bilen galan ömürlerini zowky-sapada geçirdiler.

Şeýdip hekaýat hem tamam boldy.

## SÖZSOŇY

Kökleri müňýyllyklara uzap gidýän baý taryhymyza we milli, medeni baýlyklarymyzy öz içine alýan ruhy gymmatlyklarymyza näçe çuňňur aralaşdygymyzça-da, ata-babalarymyzdan ýadygär galan baý ruhy we medeni mirasymyzyň bardygyna göz ýetirmek bolýar. Şol milli mirasymyz bolsa asyrlardan asyrlara aşyp biziň şu günki günlerimize çenli gelip ýetipdir. Ata-babalarymyzyň akyl paýhasyndan eýlenip çykan şol milli-medeni mirasymyz bolsa heniz-henizler hem özleriniň röwşen şöhlesi bilen halkymyzyň aňyny nurlandyryp dur. Çünki olarda pähim-paýhas, akyl-terbiýe ummanyndan susulyp alnan parasatly pikirler ýatyr. Ata-babalymyz bolsa şol parasatly pikirleri halkyň hakydasyna ýetirmek we ündemek üçin durmuşyň dürli ugurlary boýunça birnäçe ajaýyp kyssalardyr hekaýaatlary döredip, olary asyrlardan asyrlara ýetiripdirler.

Biziňň häzirki Garaşsyzlyk zamanamyzda bolsa şol ruhy gymmatlyklary öwrenmäge we halka ýetirmäge giň mümkinçilikler bar. Hut Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Mukaddes Ruhnama kitabynda: “Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklarymyzy tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr”[13] diýipdi. Bu pentdir nesihatlar bolsa ata-babalarymyzyň bize miras goýup giden ruhy gymmatlyklaryny hemmetaraplaýyn öwrenmeklige borçly edýär.

Geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyz gelin-gyzlaryň ahlak päkligi, görüm-göreldesi, edep-terbiýesi barada ençeme ajaýyp kyssalardyr, desanlary döredipdirler. Şol kyssalardyr dessanlarda bolsa türkmen gelin-gyzlarynyň ahlak arassalygy, päk söýgüsi, görüm-göreldesi, öý ojagyna wepasy baradaky gürrüňler özüniň çeper beýanyny tapypdyr. Olardan Hüseýin Käşifiniň “Şehitleriňň bossany” eserindäki hezreti Patmanyň, Nasreddin Rabguzynynyň “Kysasy Rabguzy” eseriniň hezreti Eýup kyssasyndaky Rahymanyň, Gorkut ata şadessanyndaky Burla hatynyň, Görogly şadessanyndaky Agaýunus periniň, Şasenem Garyp dessanyndaky Şasenemiň, Zöhre Tahyr dessanyndaky Zöhräniň keşplerinden hem görmek bolýar. Edil şonuň ýaly-da geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyz döwür

[13] Saparmyrat Trrkmenbaşy. Mukaddes Ruhnama,1-nji kitap, 98sah

bilen aýakdaş gadam uran käbir gelin-gyzlaryň mekirlikleri we ahlaksyzlyklary barada hem gyzykly kyssalaradyr, hekaýatlary ýazyp miras galdyrypdyrlar. Çünki ata-babalarymyz bu kyssalaryň üsti bilen şol döwürdäki ýüze çykan käbir nogsanlyklaryň geljekki nesillerimize nusga we sapak bolmagyny isläpdirler.

Ine şeýle eserleriň biri hem biziň gürrüňini etmekçi bolýan "Mekir hatyn" (Hatyn mekirlikleri) atly eserimizdir. Ol Fansiýanyň Fransua Mitteran adyndaky milli kitaphanasyndan getirildi. Eser 138 sahypadan ybarat bolup, haty arap, dili köne türkmen dilinde. Eseriň ýazary belli däl. Şeýle hem bolsa bu eseriň biziň günlerimize çenli gelip ýetmeginde ýazuwly edebiýatyň roly uly bolupdyr. Çünki bu eser kätipler tarapyndan göçürilip ýörite kitap görnüşine getirilipdir. Şeýdip hem asyrlardan asyrlara geçip, biziň şu günki günlerimize çenli gelip ýetipdir.

Bu kyssa birnäçe hekaýatlary öz içine almak bilen onda durmuşy wakalar suratlandyrylypdyr. Kysanyň ilkinji wakasy Müsür şäherinde bolup geçýär. Ýagny Müsür şäheriniň garawulbaşysy her gün şäheriň köçelerine aýlanyp gezer eken. Ol bir gün howanyň yssylygyndan ýadap, dynç almak üçin bir agaçjyň asdynda duran daş sypada uka galyp bolýar. Ukuda ýatan garawulbaşynyň üstüne bir tyllaly haltažjyk oklanýar. Bu waka birki gezek gaýtalanýar. Şonuň üçin garawulbaşy muny bilmek maksady bilen oýalykda uklan kişi bolup ýatýar. Şeýdip hem ol bu haltajyklary öz üstünden taşlaýanyň Müsürde iň owadan we baý aýaldygyny bilýär. Kyssanyň esasy wakalary hem şondan soň başlanýar. Ýagny garawulbaşy onuň owadanlygyna we baýlygyna aldanyp birtopar kynçylyklara duçar bolup, ölüme höküm edilýär. Ahyrynda hem ýene-de şol aýalyň kömegi bilen ölümden halas bolýar. Emma ol aýal ony ýene-de aldap gaçyp gidýär. Şunuň üsti bilen hem garawulbaşynyň nadan we ynanjaň keşbi açylyp görkezilýär.

Kyssada ýetimleriň puluny aldap alýan kazy ependiniň hem öz eden etmişi üçin agyr ýagdaýa duçar bolandygy baradaky gürrüňler hem gyzykly wakalaryň üsti bilen beýan edilýär. Şeýlelik bilen bu hekaýatyň üsti bilen birinjiden, kazy ependiniň açgözliligi açylyp görkezilse, ikinjiden mekir we hilegär aýallaryň keşbi açylyp görkezilýär.

Kyssanyň başga bir hekaýatynda bolsa durmuşda duş gelýän nadan, ahlaksyz we azgyn hatynlar barada gürrüň edilip, olaryň öz ýanýoldaşlaryny nähili ýagdaýda aldap azgynçylykly hereketler edýändikleri barada giňişleýin maglumatlar berilýär. Elbetde, munuň ýaly hadysalar her bir döwürde hem bolupdyr. Emma olar Hak tarapyndanam, halk tarapyndanam ýazgarylypdyr.

Bu hekaýatdaky waka Nyşapur şäherinde bolup geçýär. Ýagny şol şäherde ýaşaýan bir mekir we hilegär hatynyň iki sany oýnaşy bolup, ol olaryň ikisini hem aldap gezýär. Ol öz oýnaşlary bilen duşuşmak üçin herhili mekirliklere ýüz urýar. Eserde bu barada giňişleýin maglumatlar berilýär. Elbetde aýal-gyzlaryň mekirlikleri, hilegärlikleri we azgynçylyklary baradaky maglumatlar irki döwürlerden bäri biziň ýazuwly edebiýatymyzda öz mynasyp ornuny tapandyr. Geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyz hem şeýle keşpleriň üsti bilen özleriniň olara bolan ýigrenji garaýyşyny we näletini mälim edipdirler. Şonuň üçinem şunuň ýaly keşpleri çeper eserlere girizipdirler. Olardan “Müň bir gije”, ”Bilim bahary”, ”Sindbadnama” we ş.m. eserleri görmek bolýar. Şonuň ýaly-da nadan, ahlaksyz we azgyn gelin-gyzlaryň keşbi biziň nusgawy edebiýatymyzda hem öz mynasyp ornuny tapypdyr. Mysal üçin Magtymguly Pyragy özüniň “Diýdi: “Habar ýok sizden” atly goşgusynda:

Diýdim: “Kimde ýok uýat”. Diýdi: “Juwanda-gyzda”[14]

Ýa-da :

Zenanlardan haýalat gider,
Zamana ahyr bolanda[15]

diýmek bilen şol döwürlerde hem ahlaksyz, utanç-haýasyz gelin gyzlaryň bolandygyny ýazgaryp, olar ýaly gelin-gyzlaryň köpelmegini bolsa ahyrzamananyň golaý gelmegi bilen baglaşdyrypdyr. Şonuň üçinem beýik akyldar şahyrymyz özüniň başga bir goşgusynda:

---

[14] Magtymguly. Şygyrlar. Aşgabat “Türkmenistan”, 1994, tom 2, 85 s.
[15] Şol ýerde. 92 s.

Ýagşy ogul, ýagşy aýal, gyz, gardaş,

Bu döwlet her kimiň eline degmez[16]

diýýär. Ol ýagşy ogluň, ýagşy aýalyň we ýagşy gyzyň bolmagyny uly döwletlilik hasaplapdyr.

Bu kyssadaky hekaýatlaryň haýsy biri hakynda gürrüň edilende hem olaryň içindäki wakalar durmuşy wakalar bolup, olar täsirli we ynandyryjylykly beýan edilipdir. Şeýle hem käbir hekaýatlarda baş gahrymanyň dilinden berilýän gürrüňler dessançylyk usulynda beýan edilipdir. Bu bolsa eseriň çeperçiligini artdyrypdyr. Mysal üçin kyssanyňň birinji hekaýatynda garawulbaşy bu mekir we hilegär hatyny ilkinji gören badyna oňa aşyk bolup:" Eý, janymyň janany, haýsy bagyň güli sen, haýsy bossanyň sünbüli sen, haýsy bakjanyň bilbili sen" diýip ýülenýär.[17] Şonuň ýaly-da ikinji hekaýatda esasy keşp hökmünde uly rol oýnaýan mekir hatynyň öz oýnaşy bilen duşuşmak üçin garry kempiriň kömeginden peýdalanmagy, ýa-da aşyk ýigidiň öz magşugy bilen duşuşmagy üçin garry kempire ýalbaryp ony razy etmegi we onuň ugurtapyjylygy bilen olaryň biri-biri bilen duşurmagy biziň "Şasenem Garyp", "Zöhre Tahyr", "Saýatly Hemra" ýaly dessanlarymyzy ýadyňa salýar.

Umuman bu kyssanyň adyndan belli bolşy ýaly hekaýatlaryň haýsy biri barada gürrüň edilende hem hemmesinde-de ärine biwepalyk eden aýallar barada gürrüň berilýär. Şeýle hekaýatlaryň ýene biri hem Beni Ysraýylda ýaşaýan namazhon adamyň başyndan geçiren wakalarydyr. Bu namazhon kişi elmidama dyn üçin kapyrlar bilen söweşip, olary ýeňer eken. Kapyrlara ony ýeňmek asla mümkin bolmandyr. Şonuň üçin hem kaprylar bu merdi merdana kişini ýeňmek üçin aýalynyň ýardamyndan peýdalanýarlar we aýalynyň üsti bilen hem ony duzaga düşürip para-para edeýärler.

Emma Haktagalanyň ýardamy bilen ol ýene-de öňki kaddyna gelip

[16] Şol ýerde. 118 s.

[17] Mekir hatyn. Fransiýanyň Fransua Mitteran adyndaky milli kitaphanasyndan getirilem golyazmanyň surat nusgasy, sah.2.

duşmanlaryndan hem aýalyndan hem aryny alýar. Bu ýerde hakykatyň dabarlanmagy üçin esasan Hakyň güjünden peýdalanylýar.

Eseriň käbir hekaýatlarynda ünsüňi özüne çekýän esasy zat hem eseriň gyzyklylygyny artyrmak üçin fantazyýanyň real hakykat bilen garyşdyrylyp berilmegidir. Şeýle häsiýet Isa pigamberiň zamanasynda bolup geçeýän waka bilen baglanyşykly hekaýatda has hem täsirli beýan edilipdir. Şonuň üçinem bu hekaýatda bolup geçeýän wakalar beýlekilerden biraz tapawutlydyr. Ýagny bu hekaýatda bir hatyn bilen är ikisi tä ömürleriniň ahyryna çenli biri-birine wepaly bolup ýaşamak barada kasam edýärler. Emma tötänden bir sebäp bilen hatyny agyr hassa hala düşüp ýogalýar. Adamsy hem wagtynyň köpüsini onuň mazarynyň ýanynda geçirýär. Bir gün oňa Isa pygamber duşup onuň aýalyny direldip berýär. Emma ol hatyn öz ärine göwni ýetmän başga birine barýar. Ahyrynda bolsa äriniň haýyşy bilen Isa pygamber bu hatyny ýene-de öňki ýerine mazaryna dolaýar.

Bu ýerde durmuşy hadysalar bilen hyýaly-fantazyýanyň garyşdyryp berilmeginiň esasy sebäbi, eserdäki öňe sürüljek bolýan pikiri has delillendirmek we täsirlendirmek üçin berilipdyr. Çünki Isa pygamberiň bu ýaş ýigideň ölen hatynyny direldip bermegi we onuň öz ärine boýun bolman başga birine barmagy, onuň ikinji gezek ölümine sebäp bolýar. Bu bolsa kanagatsyz adamyň ahyrky derejesiniň nähili boljakdygyny görkezýär. Şeýlelikde real durmuş wakasynyň hakyky beýanyny suratlandyrmakda fantastiki tärleriň ualnylmagyň özi öňde goýlan maksada ýetmek üçin goldaw bolup durýar.

Şonuň ýaly-da aýallaryň mekirlikleri baradaky maglumatlar diňe bir aşaky gatlaklaryň arasynda bolman, eýsem ýokarky gatlaklaryň ýagny şalaryň, patryşalaryň köşklerinde, olaryň maşgala gatnaşyklarynda hem bolup geçýändigi barada gyzykly maglumatlar berilýär. Mysal üçin bu kyssanyň bäşinji hekaýatynda Çynmaçynda ýaşaýan bir patyşanyň iki oglunyň bardygy, olaryň biriniň Samarkantda, beýlekisiniň bolsa Hindistanda şalyk edeýändikleri, emma olaryň sapara giden wagtynda yzynda galan hatynlarynyň nähili azgynçylykly hereketler edeýändikleri barada gyzykly gürrüňler berilýär. Munuň özi aýallaryň arasyndaky

azgynçylykly hereketleriň jemgyýetiň dürli döwürlerinde, dürli gatlaklarynyň arasynda bolandygyny görkezýär.

Şeýle hem eserdäki wakalaryň çeper beýan edilmeginde meňzetmeleriň, metaforalaryň we deňeşdirmeleriň hem uly täsiri bolupdyr. Çünki deňeşdirmeler, meňzetmeler we metaforalar gadymy döwürlerden bäri hem eseriň çeperçiligini artdyrmakda giňden peýdalanylypdyr. Bu barada belli türkolog alym L.W. Stebleowa şeýle diýýär: ”Tekstlerde deňeşdirmeleriň, metaforalaryň epitetleriň bolmagy türkmen, türki halklarynyň folklaryna maksus alamatlaryň biridir”[18]. Dogrudan hem meňzetmelerdir metaforalaryň çeper eserlerde giňden ulanylmagy eseriň çeperçiligine özüniň oňaýly täsirini ýetiripdir. Mysal üçin bu eseriň birinji hekaýatyndaky garawulbaşynyň ol mekir hatynyň owadanlygyny görüp haýran galmagy bu eserde şeýle teswirlenýär: ”Görse ol bu zamananyň şeýle bir ajap gözelidir, döwrüň perizadydyr, mahbubasydyr. Göýäki Haktagala ony gözellik galybyna guýup ýaradan ýalydy”.[19] Ýa-da ýene-de şol hekaýatda: “Goşunbaşy garjal[20] sakally, garawulbaşy bolsa gara sakallydy”. Ene-de şol hekaýatyň başga bir ýerinde bolsa garawulbaşynyň mekir hatyny eli tyllaly haltajyk bilen tutan wagtynda: «Eli edil pamygyň içine gömlen ýaly boldy” diýen ýaly meňzetmeleridir deňeşdirmeleri hem eseriň çeperçiligini öňküden-de artdyrmaga ýardam beripdir.

Eseriň çeperçiligini artdyrmak üçin eserde atalar sözüdir nakyllar hem ýerlikli peýdalanylypdyr. Olardan “Gurt bir mertebe dolanan ýerine dokuz mertebe dolanar” ýa-da “Suwa daýanma, arwata ynanma” diýen ýaly nakyllary görmek bolýar.

Şeýle hem bu kyssadaky hekaýatlaryň esasy aýratynlyklarynyň biri hem bir hekaýat gutaran badyna aýdyjy tarapyndan: «Eý, jan-jigerim! Meniň bu kyssadan maksat-myradym şu hekaýatyň üsti bilen size ybrat-sapak bermekdir” diýen sözleri bilen gutarmagydyr. Munuň her hekaýatyň soňunda gaýtalanyp gelmekliginiň özi

---

[18] Steblýowa L. W.Poýeziýa týurkow.VI- VIII W. M,1961.
[19] [19] Mekir hatyn. Fransiýanyň Fransua Mitteran adyndaky milli kitaphanasyndan getirilem golyazmanyň surat nusgasy, sah.2.
[20] Garjal – çal

hem şu eseriň diňe bir öz döwri üçin nusga, sapak bolman eýsem, özünden soňky nesillere-de sapak, nusga bolmagy üçin ýazylandagyny subut edýär.

Diýmek geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyz şunuň ýaly mekirlikler, hilelikler we ahlaksyzlyklar baradaky kyssalardyr hekaýatlary asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçirmek bilen şu kyssalardyr hekaýatlaryň geljek nesiller üçin görelde sapak bolmagyny isläpdirler.

Umuman, bu kyssadaky hekaýatlaryň her birindäki görkezilýän nogsanlyklar, olaryň üsti bilen aýdyljak bolunýan pikirler we öňe sürülýän taglymlar halkyň erbet işlerden gaça durmaklyk baradaky isleg arzuwlarydyr.

**G. Guzuçyýewa.**
**Mill medeniýet “Miras” merkezi**

# M A Z M U N Y

**1.** Garawulbaşynyň başdan geçiren wakalarynyň beýany ............................ 2

**2.** Iki oýnaşly hatynyň başdan geçiren wakalarynyň beýany ..........................17

**3.** Guýumçy ussanyň başdan geçiren wakalarynyň beýany.............................33

**4.** Şemgunyň başdan geçiren wakalarynyň beýany.........................................43

**5.** Mälik Denan şanyň başdan geçiren wakalarynyň beýany............................46

**6.** Ölüp direlen hatynyň başdan geçiren wakalarynyň beýany..........................59

**7.** Üç dilegiň puç bolmagy hakynda hekaýat.....................................................63

**8.** Salyh kişiniň doga-dileginiň bozulmagynyň wakasynyň beýany................64

**9.** Üç şertiň bozulmagy hakynda hekaýat.......................................................66

**10.** Sözsoňy..........................................................................................................70